**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**M. Hudaýýarow**

# Geografiýanyň barlag usullary

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Aşgabat - 2010**

**OUT 01.08/00-09**

M.Hudaýýarow

Geografiýanyň barlag usullary. Okuw gollanmasy.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

*Syn ýazanlar:* geografiýa ylymlarynyň kandidaty, A.Magtymow; geografiýa ylymlarynyň kandidaty T.Babaýewa

2010-njy ýyl. 126 sah.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi.

Ylmy redaktor: geografiýa ylymlarynyň kandidaty,
A.Magtymow

## Giriş.

Geografiýanyň barlag u[illegible] dersi okadylanda talyplaryň esasy ünsi meýdan barlaglaryn[illegible]meklige gönükdirilýär. Meýdan barlaglary umumy ylmy, belli bir meselä, ýa-da köptaraplaýyn geografiki barlaglara we amaly häsiýete eýe bolup biler. Soňky ýyllarda, döwletimiz özbaşdaklygyny gazanan ýyllarynda, tebigy şertleriň we ätiýaçlyklaryň hojalykda giň gerim bilen ulanylýan döwründe geografiki meýdan barlaglaryň ähmiýeti has hem artýar. Täze ekerançylyk ýerleriň, öri meýdanlaryň, tebigy baýlyklaryň özleşdirilmegi bilen baglanşykly döwletimiziň çäginde demir we awtomobil ýollaryň gurluşygy giň gerime eýe bolýar. Şol sebäpli meýdan barlaglaryň zerurlygyna bolan isleg köpelýär. Şonuň üçin dersiň esasy maksady şu günki talyplara, ertirki ylmy işgärlere, mugallymlara meýdan barlaglaryny ylmy esasda, durmuşyň talabyna laýyklykda öwretmekden we geçirtmekden ybaratdyr. Meýdan barlaglaryň teoretiki esaslary durmuş talaplaryna laýyk geçirilende tebigata hiç hili zyýan ýetirilmeýär. Şu nukdaý nazardan ugur alsaň meýdan barlaglary esasynda gelnen netije hojalyk üçin has ähmiýetli bolýar. Ol özüniň gowy netijesini berýär.

Meýdan barlaglaryny geçireňde geografyň öwrenýän zady «Tebigy ýerli toplum», „Ýerli önümçilik toplum“ hasaplanýar. Tebigy ýerli toplum tebigatda hiç bir zada garaşsyz öz kanunalaýygy boýunça ýaşaýar, hereket edýar. Şonuň üçin tebigy ýerli toplum meýdan şertlerinde öwrenilende wagt içinde we giňişlik boýunça olaryň üýtgeýşine, ösüşine uly üns berilýär. Olaryň tebigy arabaglanyşygyna barlagçy uly baha bermeli bolýar.

Ykdysady-durmuş geografiýanyň barlag usullary talyplaryň bu dersler boýunça alan taglymat düşünjeleri, bilimleri bilen tejribe

endikleriň arasyny baglanyşdyryjy bolup hyzmat edýär. Sapagyň esasy meselesi talyplaryň alan bilimleriniň esasynda, olaryň kartografiýadan we geografiýadan özbaşdak ylmy barlag işleri geçirip bilmegini gazanmakdan ybaratdyr.

Bu dersiň esasy meseleleriniň ýene biri talyplara meýdan barlaglaryny dogry guramagy we birnäçe usullary ulanyp umumy kartografiki, geografiki barlaglary abraýly geçirmegi öwretmekden ybaratdyr. Meýdan barlaglary döwletimiziň hojalygyny ösdürmek maksady bilen geçirilýär. Kartografiýanyň hünärmenleri dürli taslamalary(proýektleri) taýýarlamak maksady bilen geografiki barlaglary geçirýärler. Kartografiki barlaglar geçirilende dürli kartografiki priborlar ulanylýar. Meselem, haýsydyr bir etrapda boz ýerler özleşdiriljek bolnanda şol meýdanlarda irrigasion, ýol, elektrik, suw we gaz geçiriji, kanalizasiýa ulgamlary geçirmekligiň taslamasyny taýýarlamak üçin meýdan barlaglary geçirmek zerur bolup durýar. Özleşdiriljek meýdanda zawod-fabrik, işçiler we daýhanlar ýaşar ýaly ýaşaýyş jaýlary gurmak maksady bilen hem barlaglary geçirmek zerurdyr. Geljekki hojalyk taslamalary düzlende tebigata zyýan bermän, onuň öňki gözelligini saklamak hakda kartograf oýlanmalydyr. Dürli ylymlar bilen ýakyndan arabaglanşyk saklap, olaryň gazanan üstünliklerini, netijelerini meýdan barlaglaryny geçirende we ýygnan maglumatlaryny jemläp hasabat taýýarlanda giňden peýdalanýar.

Geografiki, kartografiki barlag usullary geçirilende fiziki geografiýanyň, landşaftlary öwrenmegiň, ykdysady we durmuş geografiýasynyň ýörelgelerini, kanunalaýyklaryny, barlaglaryň usulyýet esaslaryny giňden ulanmaly bolýar.

## 1. Geografiki barlag usullary, maksady, wezipeleri.

Kursuň maksady we wezipeleri. Ylmy barlaglaryň usulyýetleri we usullary.Tebigaty öwrenmekligiň umumy ylmy, umumy geografiki, köptaraplaýyn fiziki geografiki barlaglaryň arabaglanşygy. Häzirki zaman fiziki geografiýanyň habar (iformasion) merkezi.

**Dersiň maksady we wezipeleri.**

Geografiki barlaglar ir döwürlerden bäri adamzat durmuşynda serur problemelaryň biri bolupdyr. Adamzat döräli bäri dürli maksatly barlaglar amala aşyrylypdyr. Adamzat biologiki görnüş hökmünde emele gelenden soňra geografiki açyşlar iýmit we ýaşamak üçin mesgen gözlemek bilen baglanyşykly bolupdyr. Ilkidurmuş adamlary iýmit gözlemek we güzeran gözlemek maksatlary bilen goňşy meýdan-çäkleri öwrenmeli bolupdyrlar. Olar köplenç ýagdaýlarda derýa we dag jülgelerinde, ýagny ýabany miweli agaçlaryň bar ýerlerinde oňňyt etmeli bolupdyrlar. Miweli agaçlaryň miweleri gutarandan soň, olar derýalardan balyk tutmaga mejbur bolupdyrlar. Adamzat köpçüligi urug, maşgala emele getirenden soňra ýabany haýwanlara aw etmekligi köpçülikleýin amala aşyrypdyrlar. Adamlaryň ýuwaş-ýuwaşdan sanynyň artmagy bilen aw awlamak meselesi hem kynlaşypdyr. Şol döwürlerde geografiki açyşlar aw awlamak bilen baglanyşykly bolupdyr. Käbir alymlaryň pikirlerine görä häzirki amarikan indeýsleri biziň eýýamymyzdan 40 müň ýyl öň aw awlamak bilen meşgullanyp Amerika materigine aralaşypdyr diýen pikirler hem bar.

Aw awlamak, iýmit gözlemek meselesi kynlaşandan söňra adamlar oturymly hojalyga geçmeli bolupdyrlar. Şeýlelikde ekerançylygyň, maldarçylygyň ilkinji pudaklary emele gelipdir. Seýlelik-de ilatyň arasynda zähmet bölünişigi başlanýar.Adamlaryň arasynda zähmet bölünişigi emele gelenden soň synpy jemgyýet döreýär. Synpy jemgyýetiň döremegi döwletiň döremegine getirýär. Ilkinji döwletler gul eýeçilik zamanasynda emele gelipdirler. Olar biziň eýýamymyzdan 4-3 müňýyllyklarda Gadymy Müsürde, Gadymy Hytaýda, Iki derýa (Häzirki Yragyň çäginde), soňra

Gadymy Gresiýa, Gadymy Rim, Merkezi Aziýa döwletleri döräpdir. Dünýäniň syýasy kartasynda döwletleriň döremegi bile geografiki açyşlar başlanýar. Emele gelen her bir döwlet meýdan-çägini giňeltmek, beýleki halklary tabyn etmek, ekspluatasiýa etmek, olaryň tebigy, maddy baýlyklaryna eýelemek maksady bilen geografiki açyşlary amala aşyrypdyrlar. Basyp alan giňişlikleriniň kartalaryny düzüpdirler.

Geografiki barlaglar bilen köp barlagçylar, syýahatçylar, geograflar ir döwürlerden bäri gyzyklanyp, dünýäniň materikleriniň, ummanlarynyň, deňizleriniň, adalarynyň, daglarynyň, derýalarynyň açylmagyna we ýuwaş-ýuwaş öwrenilmegine getiripdir. Her bir taryhy döwürde geografiki barlaglaryň öňünde dürli maksatlar goýlupdyr. Size belli bolşy ýaly XIX asyra çenli Ýer şarynyň hemme ýeri öwrenildi. Ähli geografiki obýektleriň kartasy düzüldi. Emma biziň günlerimizde hem geografiki barlaglar dowam edýär. Käbir hünärmenleriň pikirine görä «Ýer togalagy doly öwrenilenden coň geografiki barlaglaryň häme zerurlygy bar» diýen düşünde emele gelýär. Emma bu beýle däl. Geografiki barlaglaryň öňünde öz döwrüniň talaplaryna görä dürli problemalar goýulýar.

Umuman, geografiki barlaglar umumy düşünje beriş, hojalyga peýda getiriş we ylmy ähmiýete ýedir. Biziň döwletimiz garaşsyzlygyny gazanany bäri, onuň ykdysadiýetiniň bazar gatnaşyklaryna geçýän döwründe geografiki barlaglar has uly ähmiýete eýe bolýar. Tebigy şertleri, baýlyklary öwrenmek, olary hasaba almak, olaryň hojalyga hyzmat ediş aýratynlyklaryny öwrenmek hiç haçan hem öz ähmiýetini ýitirmeýär. Döwletleriň bazar ykdysadyýetine geçýän döwründe tebigy şertleri we baýlyklary rejeli peýdalanmaklygyň ýollaryny, usullaryny öwrenmek, olary halkyň, şol sanda döwletiň ykdysady kuwwatyny artdyrmak maksatlary üçin ulanmak döwrüň esasy meselesidir.

Döwletiň çäginde oba hojalygy(ekerançylygy, maldarçylygy) ösdürmek ekerançylyga ýaramly ýerleriň topragyny, olaryň

mehaniki, fiziki, himiki düzümlerini öwrenmek zerurdyr. Şol ýerleri hojalyk aýlanşygyna girizmek üçin geograf hünärmenleriň-barlagçylaryň öňünde uly meseleler durýar. Olar tebigy baýlyklary öwrenmek, olary özleşdirmek, adamyň hojalyk işleriniň tebigy toplumlara edýän täsirini, tebigy toplumlaryň özleşdirilişi bilen baglanyşykly tebigy kanunlary, kanunalaýyklary öwrenmek, adamzadyň hojalyk işiniň şol tebigy kanunlara, kanunalaýyklyklara garşy goýulmazlygyny gazanmak, ekologiki we geografiki çaklamalary işläp düzýärler. Umuman geografiki barlaglar üç topara bölünýärler: fiziki-geografiki, ykdysady geografiki we kartografiki. Olaryň her biriniň öňünde durýan maksatlary we wezipeleri bar.

Bu dersiň esasy maksady talyplara geografiýadan we kartografiýadan meýdan barlaglary geçirmekligiň usullaryny öwretmekden ybaratdyr. Meýdan barlaglaryň öňünde dürli problemalar goýulmagy mümkin. Ylmy işgäriň, geografiýadan hünärmeniň öňünde meýdan barlaglaryny geçirmek üçin dürli problemalar goýulmagy mümkin. Ol problemalar umumy ylmy, belli bir meselä (problema), ýa-da köptaraplaýyn fiziki geografiki, durmuş we ykdysady geografiki we amaly kartografiki häsiýete eýe bolup biler. Öň belleýşimiz ýaly soňky ýyllarda, döwletimiziň özbaşdaklygyny gazanan ýyllarynda, tebigy şertleriň we baýlyklaryň hojalykda giň gerim bilen ulanylýan döwründe, fiziki geografiki, ykdysady geografiki meýdan barlaglaryň ähmiýeti has hem artýar. Täze ekerançylyk ýerleriň, öri meýdanlaryň, tebigy baýlyklaryň özleşdirilmegi bilen baglanyşykly döwletimiziň çäginde demir we gara ýollaryň, turba geçirijileriň, senagat we durmuş kärhanalarynyň gurluşygy giň gerime eýe boldy. Şol sebäpli meýdan barlaglaryň zerurlygyna bolan isleg köpelýär. Şonuň üçin dersiň esasy maksady şu günki talyplara, ertirki ylmy işgärlere, mugallymlara durmuşyň talabyna laýyklykda meýdan barlaglaryny ylmy esasda geçirmekligi öwretmekden ybaratdyr. Meýdan barlaglary geçirmezden öňürti barlagçynyň öňünde goýulýan problemanyň teoretiki esaslaryny

öwrenmek zerurdyr. Goýulýan problemanyň teoretiki esaslary çuňňur öwrenilenden soň meýdan barlaglaryny geçirmek barlagça ýeňil düşýär. Barlagçynyň öňünde goýulýan problema bilen baglanyşykly tebigy ýerli yoplumlaryň(TÝT) ösüş aýratynlyklaryny öwrenmek zerur bolup durýar. Bu ýerde esasy mesele hojalyk ulgamynyň talaplaryny öwrenip, olar, ýagny guruljak hojalyk obýektleri tebigy ýerli toplumlara zyýansyz, olar bilen sazlaşykly işlände, tebigata hiç hili zyýan ýetirilmeýär. Şu nukdaý nazardan ugur alsaň meýdan barlaglary esasynda gelinen netije hojalyk üçin has ähmiýetli bolýar. Ol özüniň gowy netijesini berýär. Döredilen hojalyk kärhanalary ýerli tebigy toplumlara zyýan ýetirmeýän bolsa olar uzak ýyllar önümçiligini dowam etdirip bilerler.

Meýdan barlaglaryny geçirende, ýokarda belleýşimiz ýaly, fiziki geografiýanyň esasy öwrenýän zady tebigy ýerli toplum hasaplanýar. Tebigy ýerli toplum tebigatda hiç bir zada garaşsyz öz kanunalaýyklygy bilen ýaşaýar, hereket edýär. Şonuň üçin tebigy ýerli toplum meýdan şertlerinde öwrenilende wagt içinde we giňişlik boýunça olaryň üýtgeýşine, ösüşine uly üns berilýär. Olaryň tebigy arabaglanyşygyna barlagçy uly baha bermeli bolýar.

Bu dersiň esasy wezipelerinden ýene biri talyplara meýdan barlaglaryny dogry guramagy we birnäçe usullary ulanyp umumy fiziki-ykdysady geografiki barlaglary abraýly geçirmegi öwretmekden ybaratdyr. Meýdan barlaglaryň netijesini döwletimiziň hojalygyny ösdürmekde we tebigata zyýan bermän onuň öňki gözelligini saklamak üçin ulanmakdan ybaratdyr.

Geografiki barlaglaryň öňünde şu aşakdaky **maksatlar we wezipeler** durýarlar:

—Her bir döwletiň tebigy şertlerini, baýlyklaryny we ilat gorlaryny, adamzat baýlyklaryny hojalygy ösdürmekde rejeli ulanmak esasy problema bolup durýar. Şol maksat bilen döwletiň meýdan-çäklerini geografiki taýdan çuňňur öwrenýärler. Sebitiň

tebigy şertlerini we baýlyklaryny doly öwrenip, olary ulanmaklygyň tärlerini hojalyk kärhanalaryna maslahat berýärler.

—Bazar ykdysadiýetine geçilýän döwürde tebigy şertlerden, baýlyklardan rejeli peýdalanmak örän zerur hasaplanýar. Akademik I.P.Gerasimowyň belleýşi ýaly tebigy baýlyklary hojalykda peýdalanmakda kyn we çylşyrymly meseleleri geografiýa ylymynyň wekilleri çözüp biler. Sebäbi, bu mesele bilen ir döwürlerden bäri geografiýa ylmy meşgullanýar.

—Tebigy şertler oba hojalyk kärhanalary ýerleşdirmek we ösdürmek üçin zerurdyr. Oba hojalygyň ähli kärhanalaryny ýerleşdirmek üçin amatly tebigy (ýer üstüniň gurluşy, klimaty, toprak we ekologik aýratynlyklary) şertler göz öňüne tutulýar. Oba hojalyk ekinlerini kemala getirmek üçin wegetasion döwrüň dowamlylygy, amatly temperatura, atmosfera ygallarynyň möçberi, topragyň mehaniki, fiziki we himiki düzümi geografiki barlaglarda ünsden düşürilmeli däldir.

—Hojalygy ösdürmek üçin iň zerur baýlyklaryň biri ýer-suw baýlyklarydyr. Bu baýlyklary öwrenmezden hiç bir hojalyk pudagyny ösdürmek mümkin däl.

—Hojalygyň maldarçylyk pudagyny ösdürmek üçin klimat şertleri, öri meýdanlaryň ot-iým, suw ätiýaçlyklaryny öwrenmek zerurdyr. Öri meýdanlar öwrenilende ýer üstüniň beýikligine-pesligine, pasyllar boýunça wegetasiýasy dowam edýän ösümlikleri, olaryň hasyllylygyny, ýerasty suwlaryň hilini, möçberini bilmek zerurdyr.

—Döwletiň çäginde öndüriji güýçleri tygşytly peýdalanmak maksady bilen ilaty we onuň görkezijilerini takyk öwrenmek zerur. Ilat islendik döwletde esasy öndüriji güýç hasaplanýar. Onuň ýyllar boýunça artyşyny, kemelişini, göçüp-gonuş hereketini, sowatlylyk, işe ýaramlylyk derejesini, şäher we oba ilatynyň ýagdaýyny, ýaş aýratynlygyny, jynsyny öwrenmek has zerur

hasaplanýar. Ilatyň ösüşine görä önümçilik we durmuş hyzmaty kärhanalaryny gurmaklyk meýilnamalaşdyrylýar.

—Geografiki barlaglar geçirilende döwletiň çäklerinde hojalyk pudaklaryny endigan ýerleşdirmek esasy problemalaryň biridir. Eger şeýle edilmese ilaty iş ýerleri bilen üpjin etmek meselesi kyn bolýar. Ilat käbir ýerlerde diňe oba hojalyk, ýa-da senagat kärhanalaryň işlerinde meşgul bolmaly bolýarlar. Şonuň üçin sebitiň hemme ýerinde senagat, obasenagat, durmuş hyzmaty kärhanalary deňeçerräk ornaşdyrmaklyk maksada laýykdyr.

—Döwletiň içindäki we goňşy döwletlerdäki zähmet bölünişigini bilmekligiň uly ylmy ähmiýeti bar. Zähmet bölünişigi boýunça senagatyň, oba hojalygyň, ulaglaryň, hyzmat ediş gullugyň ýörüteleşişini kesgitläp bolýar. Täze kärhanalary gurmak üçin hünärmenleriň ýeterlik bolmagy zerur. Eger işçi güýji ýetmese olary ýurduň çäginden we goňşy döwletlerden çagyrmak zerurlygy ýüze çykýar. Bu ýagdaý hojalykda özboluşly kynçylyklary emele getirýär.

—Döwletiň ykdysadiýetini ýokarlandyrmak maksady bilen aýratyn, ýa-da toplumlaýyn alnan senagat pudaklaryny, onuň kärhanasyny öwrenmek senagaty ösdürmeklige ýardam edýär. Senagat kärhanasy öwrenilende hökmany ýagdaýda oňa baryp tanyşmaly bolýar. Onuň çig-mal, energiýa, işçi güýji, hünärmenler bilen üpjünçiligi, öndürilýän önümiň hili we özüne düşýän gymmaty bilen gyzyklanýarlar. Senagat kärhanada tehnologik ulgamlar täze oturdylan bolsa, hünärmenler we işçi güýji, gerekli çig-mal ýeterlik ýagdaýynda, öndürilýän önümiň hili hem gowulanýar. Beýle ýagdaýda kärhana gowy netijeler gazanýar. Senagat kärhanalaryň pudaklaryny, olaryň önümçilik gatnaşyklaryny öwrenmeklik zerurlygy döreýär. Olary ösdürmeklik üçin teklipleri, çäreleri işläp düzmeklik hünärmeniň borjy hasaplanýar.

—Ykdysady we durmuş geografiýanyň oba hojalygyň geografiýasy pudagy bar. Ol ugurdan işleýän hünärmenler tarapyndan oba hojalyk kärhanasynyň ýerleşişi, ýer-sub, işçi güýji,

zähmet gurallar, mehanizmler we dökün bilen üpjünçiligi, ulag ýagdaýy, ekilýän ýerleriň toprak-melioratiw şertleri, ekin dolanyşygy, bagbançylygyň ýagdaýy öwrenilýär. Hojalykda saklanylýan mallaryň baş sany, önümliligi, öndürilýän önümiň işlenilişi, maldarçylygyň we umuman oba hojalygyň düşewüntliligi bilen hem gyzyklanýarlar.

—Etrabyň, welaýatyň çäginde ýerleşen ulag kärhanalary geografiýanyň hünärmenleri tarapyndan köp ýyllaryň dowamynda öwrenilip gelinýär. Ulag ulgamlary önüm öndürmeklige uly kömek edýärler. Kärhanalara çig-mallary, taýýar önümleri gowşurýarlar. Ýük we ýolagçy gatnatmakda olaryň deňi-taýy ýokdur. Olar hojalykda bosagadan-bosaga çenli hyzmat edýärler. Ýurduň çäginde ýerleşen kärhanalary, olaryň işleýşini ulagsyz göz öňüne getirmek mümkin däl. Şonuň üçin her bir döwletde ulaglar ulgamyny öwrenmeklige döwlet derejesinde uly üns berilýär.

—Döwletiň çäginde—etraplarda, welaýatlarda ýerleşen, ilata durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalar ykdysady geografiýanyň wekilleriniň öwrenýän esasy obýektleri hasaplanýar. Ýurduň meýdan-çäginde önümçiligiň ösüşi durmuş hyzmaty kärhanalaryň ýerleşişine we olaryň ilata hyzmat ediş derejesine bagly bolýar. Şol sebäpli ilata hyzmat edilşini çuňňur öwrenmek zerurlygy döreýär. Sebäbi döwletde zähmet baýlyklary rejeli peýdalanmakda durmuş hyzmaty kärhanalaryň örän uly ähmiýeti bar. Bu pudagyň kärhanalarynda ykdysady taýdan ösen döwletlerde işe ýarawly adamlaryň esasy bölegi zähmet çekýär. Bu kärhanalar döwlete we hususy eýelerine uly girdeji getirýärler. Şonuň üçin ilata hyzmat ediş gullugy giň gerim bilen ösdürmeklige döwlet we hususy kärhanalar, hünärmenler uly üns berýärler.

—Döwletiň çäklerinde ýerleşýän şäherleri we şäherçeleri Ykdysady we durmuş geografik taýdan çuňňur ösdürmek üçin onuň ösüş aýratynlyklaryny köptaraplaýyn öwrenmek zerurlygy ýüze çykýar. Şäherleriň we şäherçeleriň çäklerinde ýerleşýän senagat,

durmuş hyzmaty kärhanalary giňeltmek, döwrüň talabyna laýyk gelýän harytlary öndürer ýaly, täze tehnologik ulgamlary ornaşdyrmak zerurlygyny barlaglar esasynda anyklanylýar. Olarda ýerleşen senagat kärhanalaryň çig-mal mümkünçiliklerini hem öwrenmeli bolýar. Beýleki şäherler we şäherçeler bilen bolan ykdysady we durmuş, önümçilik gatnaşyklaryna uly üns berilýär.

—Döwletiň çäklerindäki durmuş-ykdysady sebitleri (raýonlary) öwrenmek we olaryň hakykatda bardygyny ylmy taýdan esaslandyrmak meselesi ýüze çykýar. Döwletiň çäginde senagat we oba senagat kärhanalary belli-belli önümleri öndürmek boýunça ýörüteleşýärler. Öndürilen önüm sebitiň çägindäki ýaşaýan ilatyň islegini kanagatlandyrýar. Onuň ýokary hilli we artykmaç öndürilen harytlary döwletiň beýleki sebitlerine we daşary döwletlere çykarylýar. Dünýäniň köp döwletlerinde hojalyk pudaklarynyň ösüşi ykdysady sebitler boýunça amala aşyrylýar. Hojalygyň ösüşiniň 3-5-10 ýyllyk maksatnamalary Ykdysady we durmuş sebitler boýunça göz öňünde tutulýar.

—Döwletiň ykdysadiýetini ösdürmekligiň maksatnamasyny (1-5 ýyllyk) düzmeklige dünýäniň köp döwletlerinde Ykdysady we durmuş geografiýa bilen meşgullanýan hünärmenler işeňňir gatnaşýarlar. Ýakyn geljege (10-15 ýyllyk) tebigy baýlyklary ulanmaklygyň, öndüriji güýçleri ösdürmekligiň çaklamasyny (prognoz) taýýarlamaklyk - geografiki çaklama - hünärmenleriň ünsüni özüne çekýär.

—Ýerleriň meliorativ ýagdaýyny, rekreasion baýlyklary öwrenip olary rejeli peýdalanmak boýunça degişli guramalara teklipler taýýarlanylýar, kartalary düzülýär. Döwletiň çäginde, suwarymly ekerançylyk alnyp barylýan ýerlerinde, suwdan tygşytly peýdalanylmasa ýerleriň şorlaşmagy bolup geçýär. Ýerleri haşal otlar basýar. Suwly ýaplaryň, howdanlaryň suwlaryny tygşytly peýdalanmak, olaryň boýlarynda, ekerançylyk alnyp barylýan

ýerlerde tokaý agaçlary ekip, ýerli halkyň dynç almak mümkinçiligini döretmek barada teklipler işläp taýýarlanylýar.

—Döwletiň çäginde taryhy we tebigy ýadygärlikleri öwrenip, syýahatçylygy (turizmi) ösdürmek barada öz ylmy garaýyşlaryňy degişli guramalara hödürlemek Ykdysady we durmuş geografiýadan işleýän hünärmeniň borjy bolup durýar.

—Ykdysady we durmuş geografiýanyň esasy şahalarynyň biri "Syýasy geografiýa" hasaplanýar. Dünýäniň köp döwletlerinde ylmy-barlag institutlarda, ýokary okuw mekdeplerde syýasy geografiýa uly üns berilýär. Islendik döwletiň ykdysadiýetiniň ösüşi şol döwletiň syýasaty esasynda amala aşyrylýar. Syýasat ykdysadiýetiň ösmeginde uly ähmiýete eýedir.

—Her bir döwletde goňşy döwletler bilen ykdysady gatnaşyklary ýola goýmak, ony ösdürmek barada uly alada edýärler. Sebäbi, döwlet näçe ösen hem bolsa olar bir-birinden üzňe ýaşap bilmeýärler. Döwletleriň, hemmesi üçin ykdysady, syýasy, medeni, ylmy gatnaşyklar örän zerur hasaplanýar. Şol sebäpli Ykdysady we durmuş geografiýadan işleýän hünärmenler daşary ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklary öwrenýärler we agzalan ugurlar boýunça ylmy iş alyp barýarlar.

—Geografiýa ir döwürlerden bäri bütündünýä meseleleri bilen hem gyzyklanýar. Dünýäniň köp döwletlerinde bütündünýä meseleleri öwrenýän ýörüte ylmy-barlag institutlary bar. Ol meseleleriň arasynda iň esasylaryndan biri dünýäniň ilatynyň parahatçylykly ýaşaşmak meselesidir. Dünýäniň belli-belli sebitlerinde ýaşaýan halklar urşuň nämedigini, onuň halklara nähili betbagtçylyklary getirýändigini bilýärler. Ýer ýüzünde iki ulgamyň (sosialistik we kapitalistik) ýaşaýan döwründe olaryň arasynda "Sowuk uruş" syýasaty iň elhenç ýagdaýlara getiripdi. Olaryň arasynda ýaraglanyşyk meselesi ýokary derejesine ýetipdi. Sosialistik ulgamyň dargamagy sowuk uruş syýasaty aradan aýyrdy. Emma, dünýäniň syýasy kartasynda <gyzgyn nokatlar> entek hem

bar. Ol nokatlar bu ugurdan işleýän hünärmenler tarapyndan öwrenilýär.

—Dünýäniň ilatyny we ylmy işgärlerini biynjalyk edýän bütündünýä meseleleriň biri—ekologiki meselelerdir. Häzirki wagtda ylmyň-tehnikanyň we dünýäniň hojalygynyň ösmegi bilen daşky gurşawa—geografiki sreda hapalanmak howpy abanýar. Dünýäniň köp döwletlerinde gurlan zawodlarda we fabriklerde arassalaýjy desgalar bolmanlygy sebäpli, olardan daşky sreda köp hapalar oklanýar. Zyňylýan hapalar öz gezeginde atmosfera, gidrosfera, litosfera düşüp tebigata we onuň janly organizmlerine uly zyýan ýetirýärler. Şol sebäpli bu meseleler ir wagtlardan bäri geograflar tarapyndan öwrenilýär.

—Bütündünýä köpçüliginiň ünsüni özüne çekýän meseleleriň biri demografik meselelerdir. Dünýäniň ilatynyň artyşy barada alymlaryň arasynda her hili garaýyşlar bar. Olaryň käbirleri Ýer ýüzünde bolýan käbir meseleleri ilatyň artyşy bilen baglanyşdyrýarlar. Ilatyň sanyňyň artmagy bilen emele gelýän meseleler esasan ykdysady taýdan gowşak ösen döwletlerde döreýärler. Olardan: iýmit, ýaşaýyş jaý, çagalar baglary, mekdep, iş orunlary, keselçilik we beýleki meselelerdir. Bu meseleleri çözmek üçin ykdysady ösüşde yza galan döwletlere ösen döwletleriň goldawy gerek. Bularyň tersine ykdysady taýdan ösen döwletlerde zähmet gorlary ýetmezçilik edýärler. Ilat garraýar. Ýaşlaryň sany azalýar. Ilatyň tebigy ösüşi örän pes. Şu meseleleri oňyn çözmeklik ykdysady we durmuş geografiýanyň hünärmenleriniň wezipeleriniň biri hasaplanýar.

—Dünýäniň ykdysady taýdan ösen döwletleriniň köpüsinde ýangyç we mineral çig-mal baýlyklar ýetmezçilik edýärler. Onuň sebäpleriniň biri ýangyç baýlyklaryň dünýäniň döwletleriniň köpüsinde ýoklugydyr. Ykdysady taýdan ösen döwletler ýangyç baýlyklary köp sarp edýärler. Şol sebäpli köp ýyllardan bäri olarda "Energetiki krizis" dowam edýär. Bu ýagdaýy aradan aýyrmak üçin

döwletleriň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygy guramak gerek. Bulardan başga-da birnäçe ykdysady-geografiki meseleler: dünýä ummanlarynyň biologiki we minaral baýlyklaryny tygşytly ulanmak; kosmos giňişligini parahatçylyk maksatlary uçin öwrenmek; ýer ýüzüniň tokaý we haýwanat dünýäsini aýawly saklamak we köpeltmek; dünýäniň döwletleriniň syýasy we geosyýasy ýagdaýyny, dünýäniň ilatynyň jenaýatçylyk, saglyk ýagdaýy bilen baglanyşykly meseleleri hem ykdysady geograflar öwrenýärler.

Bu ders geologiýa, klimatologiýa, oba hojalyk, biologiýa, ykdysadiýet we beýleki ylymlaryň pudaklary bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Şol ylymlar bilen ýakyndan arabaglanyşyk saklap, olaryň gazanan üstünliklerini, netijelerini meýdan barlaglaryny geçirmekde we ýygnan maglumatlaryny jemläp hasabat taýýarlamakda giňden peýdalanýar.

Geografiki barlag usullary fiziki geografiýanyň, landşaftlary, ykdysady we durmuş geografiýasyny öwrenmekligiň başlangyjy hasaplanýar. Şonuň üçin bu ders fiziki, ykdysady we durmuş geografiýa degişli taglymat esaslary öwrenilmänkä aýratyn sapak hökmünde öwrenilýär.

**Ylmy barlaglaryň usulyýetleri we usullary.**

Geografiki barlaglaryň birnäçe usullary bar. Olaryň käbiri diňe geografiýa ylmy üçin häsiýetli. Meselem: ilat bilen baglanyşykly käbir meseleleri anyklamak üçin anketleşdirme geçirmek, umumy fiziki geografiki we landşaft barlaglar. Käbir barlag usullar ylmyň dürli pudaklaryna degişli, mysal üçin fiziki geografiýada geohimiki we geofiziki usullar. Kartografiki, matematiki, distansion usullar. Geografiýa ylmynyň hemmesine hem degişli. Bulardan başga-da geografiýada umumy ylmy usullar: induksiýa we deduksiýa, ulgamlaýyn (sistema), taryky, deňeşdirme we beýlekiler giňden ulanylýarlar.

Geografiki barlag usullary elmydama ösýär we kämilleşýär. Ýlmyň, tejribäniň ösmegi bilen täze usullar peýda bolýar. Meselem,

soňky ýyllarda häzirki zaman barlaglaryň esasynda ýerlerde tebigy we hojalyk, tebigy we antropogen taýdan raýonlaşdyrmyklygyň teoriýasy işlenip düzülýär. Şeýlelikde barlag usullar bir-birlerini baýlaşdyrýarlar, kämilleşdirýärler. Mysal, kartografiki we matematiki usullar birleşdirilip ulanylanda matematiki-kartografiki taýdan modelirläp bolýar.

Tebigaty dürli hünärmenler öwrenýär. Olaryň maglumatlaryny peýdalanyp islendik ýere umumy ylmy we umumy geografiki ýazgy berip bolýar. Emma köptaraplaýyn fiziki geografiki barlaglar geçirilende hökmany ýagdaýda meýdan barlag (ekspedision) usullary ulanmaly bolýar. Meýdan barlaglary geçirilende tebigy ylym pudaklarynyň (geologiýa, biologiýa, gidrologiýa, toprak we ş.m.) maglumatlaryna esaslanmaly. Şeýlelikde bulara bir-birinden üzňelikde seretmek mümkin däl. Olaryň arasynda ýiti arabaglanyşyk bar.

Usullar bilen serişdeleriň nähili tapawudy bar? Usullar «netijäni nähili gazanmaly» diýen soraga jogap bermeli. Barlaglaryň serişdeleri «Nädip netijäni gazanyp bolar»- diýip kesgitleýän bolmaly. Akademik B.M.Kedrowyň pikirine görä - ylmyň usulyýeti - bu barlagyň nirä we näme gönükdirilendigini bilmekligiň umumy ugry, onuň kanunlaryny, kanunalaýyklaryny ýüze çykarmak. Usulyýetleri durmuşa geçirmeklik üçin, pikiriňi bir ýere jemlemek, kartalar boýunça ölçeg serişdeleri, hasaplaýjy serişdeler, kompýuterler şekilini, suratyny almak üçin tehniki serişdeler we ş.m. Usullary durmuşa geçirmekligiň dürli-dürli ýollary bar. Köne ýörelge boýunça geografiki ýazgylar amala aşyrylanda hem elektron serişdeler ulanylyp biliner.

Geografiki barlaglara has öňde baryjy serişdeleriň biri geografiki habar (informasiýa) merkezi, ýa-da ulgamlary (sistemalary-geografiçeskiýe informasionyýe sistemy), kartalary düzmekde, olara gerekli maglumatlary ýygnamaga, olary tertibe salmaga, işlemäge, baha bermäge, täze maglumatlary ýene-de

jemlemäge ukyplydyr. Geografiki, kartografiki habar merkezleri gerekli ýerlerine habarlary gowşurmaga hem ukyplydyrlar. Geografiki maglumatlary slaýd-film, kino we widiofilm, kompýuterlerleriň disketleriniň, internetleriniň üsti bilen berip we alyp bolýar.

**Häzirki zaman fiziki geografiýanyň esasy problemalarynyň biri tebigy ýerli toplumlary (PTK-prir. terr-ý kompleks) giňişliklerde we wagt içinde öwrenmek;**

Häzirki wagtda ähli ylymlaryň şol sanda fiziki, ykdysady we durmuş geografiýanyň öňünde durýan wezipeleriniň biri halk hojalyk pudaklarynyň köptaraplaýyn ösmegi üçin hyzmat etmekden ybaratdyr. Hojalygyň bazar ykdysadiýetine geçilýän döwürde her bir ylmyň pudagy döwlete, hojalyga mümkingadar peýda getirmeli. Geografiki barlag işleri hojalyk kärhanalaryň ylmy-barlag edaralara ýüz tutmagy netijesinde, ýagny hojalyk hasaplaşygy netijesinde ýerine ýetirilmeli bolmagy mümkin. Şol sebäpli ähli meýdan we ylmy barlag işler amaly (prikladnoý harakter) häsiýete eýe bolýar.

Döwletimizde ähli etraplarda, welaýat merkezlerinde gurluşyk işleri alnyp barylýar. Alnyp barylýan gurluşyk işleriniň hemmesine ylmy barlaglar zerur. Islendik gurluşykçy tebigat bilen iş salşanda olar tebigaty, tebigy kanunlary we kanunalaýyklary bilmeýärler. Şol gurluşyklar fiziki geografiki ykdysady we durmuş geografiki barlaglara, olaryň netijelerine mätäçlik çekýärler. Şu mesele boýunça problemalary bilip, gurluşykçylar bilen maslahatlaşyp, ylmy çözgütleri gurnamaklyga girişmek gerek. Şonuň üçin barlagçylar bilen gurluşykçylaryň arasynda ylmy aragatnaşygy gurnamaklygy ýola goýmaly.

Ýer togalagynyň her bir meýdan-çägi-ýeri—tebigy ýerli toplumy emele getirýär. Şonuň bilen bir hatarda geografiki barda millionlarça tebigy ýerli toplumlardan durýar. Şol tebigy ýerli toplumlara ýeriň dürli gatlaklary litosfera, atmosfera, gidrosfera we biosfera öz täsirlerini ýetirýärler. Olar bir-biriniň täsiri netijesinde

emele gelýärler. Geografiki barda bir bütewi toplum diýip hasap edilýär. Onuň dürli ýerleriniň özboluşly emele gelişi bar. Olar üçin yzygiderli ösüş, jisimleriň we energiýanyň alyş-çalyşy häsiýetli. Tebigy ýerli toplumlara adamzat öz hojalyk işleri arkaly dürli derejede täsir edýär. Şeýdip köp ýagdaýlarda tebigy-texniki ulgamlary (sistemalary)emele getirýärler.

Tebigatyň aýratyn alnan komponentleri, hadysalary dürli hünärmenler (geologlar, geomorfologlar, meteorologlar, klimatologlar, gidrologlar, toprakçylar, botanikler, zoologlar we beýlekiler tarapyndan öwrenýärler. Fiziki geograflar meýdan barlaglaryny geçirenlerinde tebigatyň aýratyn ülüşlerini (komponentlerini) öwrenmän, tutuş tebigy ýerli toplumlary, olaryň içki gurluşyny, özara baglanyşygyny, gatnaşygyny, giňişlik we wagt içinde ösüşini öwrenýärler.

Köptaraplaýyn (kompleksleýin) fiziki-geografiki barlaglar adamyň hojalyk işiniň tebigata edýän täsirini, onuň käbir tebigy komponentleri üýtgedişini nazara almak bilen, tebigatyň üýtgemeginiň sebäbini anyklaýarlar we çaklamasyny hem berýärler. Şeýlelikde, köptaraplaýyn fiziki-geografiki barlaglar ähli umumy häsiýete eýe bolýarlar. Beýle diýildigi hususy tebigy barlaglar (geologiki, geomorfologiki, meteorologiki, klimatiki we ş.m.) gerek däl diýildigi däl. Olar aýratyn hünärmenler tarapyndan öwrenilip, ýygnalan maglumatlar fiziki geograflar üçin gollanma bolup hyzmat edýärler. Olary akylly-başly jemleşdirmek we belli bir ylmy netijä gelmek üçin meýdan barlaglary zerur hasap edýärler. Meýdan barlaglary geçirilende ilki esasy üns berilýän zat relýefiň görnüşi. Relýef Ýer şarynyň içki we daşky güçleriniň täsirleri netijesinde ösüşini görkezýär. Ol üýtgese tebigy komponentleriň köpüsi üýtgeýär. Tebigy ýerli toplumlar giňişlikde az we köp ýerleri tutup bilerler. Şonuň üçin olary hem belli-bir ulgama (sistema) salmak zerur hasaplanylýar. Ýönekeý tebigy ýerli toplumy N.A.Solnsew (1949) «fasia», B.B.Polynow (1956) «ýönekeý landşaft» diýip

atlandyrypdyrlar. «Fisiýa» ýer gabygynyň birmeňzeş relýefli kiçeňräk ýeri, onuň birmeňzeş dag jynslaryndan durup, üsti birmeňzeş çyglanýan, ýerasty suwlary bir çuňlukda bolan, birsydyrgyn, birmeňzeş toprakly we şoňa häsiýetli ösümlik, haýwanat dünýäsi bolan ýerine aýdylýar. «Fasiýa» diýilýän söz ilkinji gezek L.G.Ramenskiý (1935), soňra L.S.Berg (1945), N.A.Solnsew (1948) we beýleki alymlar tarapyndan ylmy işlerinde ulanylyp başlanypdyr.

Birmeňzeşräk fasiýa garanda ulyrak ýerleri—giňişlikleri «uroçişe», ýagny birnäçe fasiýany özünde birleşdirýän, ol fasiýalar geologiki, geomorfologiki gurluşy tarapyndan birmeňzeş we bir-biri bilen baglanyşykly mezorelýef formalarydyr.

Umuman tebigy ýerli toplumlar landşaftlary öwrenişde giňden ulanylýar. Ol meýdan-çäkler öwrenilende başlangyç landşaft birlik hasaplanýar. Landşaft taýdan ylmy-barlaglar geçirilende esasy üns berilýän zat tebigy ýerli toplumlary (fasiýa, uroçişe, landşaft we beýleki birlikler) nähili ýagdaýda hojalykda ulanyp boljakdygyny anyklamak meselesi orta çykýar. Şonuň bilen birlikde tebigy ýerli toplumlaryň häzirki ýagdaýyna landşaft-ekologik baha bermek we ösüşiniň geljegine ser salmak(çaklamasyna), seretmek, medeni landşaftlaryň döremek, ösmek mümkinçiligi, olaryň adamyň hojalyk işleriniň täsiri netijesinde sazlaşykly ýaşamak mümkinçilikleri we başga-da birnäçe meseleleri öz içine alýar. Bu meseleler bilen siz «Landşaftlary öwreniş» sapagynda tanyşyp bilersiňiz. Köptaraplaýyn fiziki geografiki, kartografiki barlaglara ylmy taýdan akyl ýetirmak köp zähmedi talap edýär. Onuň üçin köp ylmy-barlag işler bilen tanyş bolmaly. Her bir ylmy-barlagyň öňünde goýulýan meselesi aýdyň bolmaly. Ylmy-barlag işleriň öňünde goýulýan meselä görä iş alyp barmaly. Öň belläp geçişimiz ýaly, hojalyk hasaplaşygy, bazar ykdysadiýeti geçilýän döwürde ylmy-barlag işler gönüden-göni hojalyga hyzmat etmeli. Şu nukdaý nazardan ylmy barlaglar dürli usullar, ugurlar boýunça geçirilmeli bolar. Sebäbi ylmy-barlag işleri

hojalyk, kärhana bilen şertnama esasynda geçirilse, ilki barlag işleri zerur bolan kärhananyň islegini bilmeli. ölar şertnamada nähili problemalary çözmekligi talap etseler şoňa görä hereket etmeli. Öz mümkinçilikleriňi anyklamaly, ediljek ylmy-barlag işler bilen kärhananyň islegini ödäp biljekdigiňe doly göz ýetireniňden soň barlagyň usulyny işläp düzmäge girişmeli. Bu ýagdaýda öňki barlag usullaryň ýerine täze görnüşleri emele gelmegi mümkin. Şu sebäpli ylmy-barlag usullar köp hem bolsa, goýulýan meselä, ýagdaýa görä, olar elmydama üýtgedilip bilner.

**Edebiýat.**


Дьяконов К.Н., Касимов Н.С., Тикунов В.С. Современные методы географиче-ских исследований. Москва, «Просвещение», 1996.

Жучкова Вера Константиновна. Организация и методы комплексных физико-географических исследованиий. М., МГУ, 1977, с.6-19.

Жучкова В.К., Раковская Э.М. Методы комплексных физико-географических исследований. Москва, «Просвещение», 2004.

Современные методы эколого-географических исследований. Ленинград, 1990, с.3-35.


## II. Fiziki geografiýanyň barlag usullarynyň ösüşi we kämilleşişi.

Barlag usullarynyň taryhy döwürlerden bäri kämilleşişi.

Ähmiýetli kabul edilen usullar (deňeşdirme geografiki, taryhy geografiki, kartografiki). XX asyryň 30-50-nji ýyllaryndan fiziki geografiýada ulanylyp başlan usullar (geografiki, geohimiki, aerousullar). 60-80-nji ýyllardan bäri ulanylyp başlan usullar (kosmiki, matematiki, modelirleme, geoinformasiýa we beýlekiler).

**Barlag usullaryň taryhy döwürlerden bäri kämilleşişi.**

Ir wagtlardan bäri geografiýa ylmy bilen meşgullanýan alymlar geografiki barlaglaryň ylmy esaslaryny işläp düzüpdirler. Olar meýdan barlaglarynda birnäçe prinsipler we barlagyň usullaryny ulanypdyrlar. Bu prinsipleriň we barlaglaryň usullarynyň ylmy ösüşiniň özboluşly taryhy bar. Ony Siz «Geografiýa ylmynyň taryhy ösüşiniň metodologiýasy» diýen dersde çuňňur öwrenersiňiz. Şonuň üçin biz bu temada şu meselä ýüzleýräk degip geçeris. XIV-XVII asyrlarda amala aşyrylan geografiki barlaglara nazar aýlasaň, ol wagtlar öwrenilen sebitlere ýönekeýje fiziki geografiki häsiýetnama berilipdir. Geografiki açyş edilen ýerleriň ilatyna, tebigy baýlyklaryna, hojalygyna, öndürilýän önümlere ýazgy bar. Käbir barlaglarda geçirilmeli ykdysady gatnaşyklara hem uly üns berilýär. Käbir geografiki açyşlar gönüden-göni kolonializm bilen baglanyşykly. Dogrudan hem şol döwürlerde ýerine ýetirilen geografiki barlaglar, açyşlar söwda we kolonializm syýasaty bilen bagly. Ilatyň ýaşamaýan ýerleriniň açylmagy, tebigy baýlyklaryny öwrenmek niýeti bilen edilen barlaglar hasaplanýar. Ol açyşlaryň we barlaglaryň geografiýa ylmy üçin örän uly ähmiýeti bar.

XVIII-XIX asyrlarda ähli ýurtlarda geografiýa ylmynyň teoriýasyna degişli maglumatlara, makalalara we ylmy işlere gabat gelip bolýar. Şol döwürlerde ýerine ýetirilen ylmy işlerde umumy fiziki we ykdysady geografiýa degişli ylmy-teoretiki garaýyşlara duş gelmek kyn däl. Şu problemalar bilen birlikde ilatyň geografiýasyna, olaryň hojalygyna, ykdysady ösüşine, tebigaty goramaklyga, ekologiýa bilen baglanyşykly ýerine ýetirilen ylmy işler köp. Soňky ýyllarda ylmy işlerde sebitleri fiziki geografiki, ykdysady geografiki taýdan raýonlaşdyrmaga degişli maglumatlar bar. Bu babatda XX asyrda ýerine ýetirilen ylmy işler bellemäge mynasypdyr. Fiziki geografiki raýonlaşdyrmak meselesiniň

taglymatyny işlän alymlardan W.W. Dokuçaýewi, A.S. Bergi, S.W. Kalesnigi, D.L. Armandy, A.A. Grigorýewi, N.A. Gwozdeskini, F.N. Milkowy, M.P. Petrowy, H.A. Solnsewi, A.Ýe. Fedinany, A.G. Isaçenkony we beýlekileri mysal getirip bolar. Bu alymlar tarapyndan fiziki geografiýa boýunça teoretiki meseleler işlenip düzüldi. Ol barlagçylar ýerleri fiziki geografiki taýdan raýonlaşdyrmakda zonal, azonal, zonal-azonal, genetiki, köptaraplaýyn, kartografiki we başga-da birnäçe prinsipleri we usullary ulanmaklygyň ýollaryny açyp görkezýärler. Şu mesele boýunça biziň ýurdumyzda A.G. Babaýewiň, M.P. Petrowyň, Ç.B. Köpekowyň, O.A. Atahanowyň, H. Töräýewiň, Ç. Hojaýewiň, K.W. Weýsowyň, D. Nurmedowyň, B. Babaýewiň, A. Magtymowyň, M. Hudaýýarowyň we beýlekileriň eden işleri bellemäge mynasypdyrlar.

**Ähmiýetli kabul edilen usullar ( deňeşdirme - geografiki, taryhy geografiki, kartografiki ).**

Fiziki geografiýada barlag usullar köp. Şolaryň içinde geograflar tarapyndan has köpräk ulanylýany deňeşdirme-geografiki usul hasaplanýar. Ol usul şu günler hem öz ähmiýetini ýitirenok. Ol düşnükli, sebäbi, geograf elmydama ýer bilen, ony öwrenmek bilen meşgullanýar. Meýdan barlaglarda onuň esasy üns berýän zady bir ýer beýleki ýerden nähili tapawutlanýar. Ol bir-birinden tebigaty, hojalyk we demografik aýratynlyklary, başga-da köp sypatlary boýunça tapawutlanýarlar. Dünýäniň giňişlikler boýunça dürlüligi geograflar tarapyndan anyklanylýar we deňeşdirme geografiki usulyň kömegi bilen hem öwrenilýär.

1. Deňeşdirme-geografiki usulyň kömegi bilen ýerleri landşaft, fiziki-geografiki we tebigy taýdan raýonlaşdyrmakda morfologik birlikleri: landşaft görnüşlerini, ýerli çäkleri (mestnost), kiçi çäkleri (uruçişeleri) bölmekde giňden ulanylýar. Olary entek meýdan barlaglary geçirilmänkä, kabinetde (iş otagynda) geologiki,

geomorfologiki, litologiki, gidrogeologiki, toprak, ösümlik kartalar we olaryň ýazgylaryny deňeşdirilip ýokardaky görkezilen morfologik birlikler öňünden aýan edilýär. Soňra meýdan barlaglaryň netijelerinde ol birlikleriň araçäkleri anyklanylýar. Deňeşdirme-geografiki usul sebitara landşaft birlikleri: ýurt (strana), prowinsiýa, aşaky prowinsiýya, okrug, landşaft-bölmekde hem giňden ulanylýan usul hasaplanylýar. Sebitara landşaft birlikler bölünende, platformalaryň tektoniki ösüşi, olaryň litologiýasy, makrorelýefi, klimat guşaklyklary we toprak, ösümlik, haýwanat dünýäsiniň aýratynlyklary öwrenilýär. Şu birlikleriň tebigy komponentleri deňeşdirilende şol birlikler öz-özünden aýan edilýär. Umuman aýdanda deňeşdirme-geografiki barlag usullary diňe bir fiziki geografiýada däl, eýsem ykdysady we durmuş geografiýada hem ulanylýar.

2. Taryhy-geografiki usul fiziki geografiýada ir wagtlardan bäri ulanylýan usullaryň biri hasaplanýar. Bu usul fiziki geografiýa garanda ykdysady we syýasy geografiýada has giň we çuňňur öwrenilýär. Bu usul fiziki geografiýada sebitara landşaft birlikleri (ýurt, prowinsiýa, aşaky prowinsiýa, okrug, landşaft) aýyl-saýyl etmekde özüniň ornuny tapýar. Bu landşaft birlikler bölünende öwrenilýän ýerleriň taryhy geologiýasy, tektonikasy öwrenilip geologiki ýaşy boýunça ýerleriň emele gelişine esasy üns berilýär. Şu usul ulanylanda bölünýän landşaft birlikler hakykata laýyk gelýärler.

3. Kartografik usul-bu fiziki, ykdysady we durmuş geografiýanyň iň zerur we esasy usullarynyň biri bolup durýar. Bu usula N.N. Baranskiý oňat häsiýetnama berýär. Ol «Geografiýa ylmy üçin karta hem alfa, hem omega» diýip ýazypdyr. Ol, ýene-de «Geografiýa karta bilen başlanýar we karta bilen hem gutarýar», diýip ýazýar. Islendik fiziki, ykdysady we durmuş geografiki barlaglar geçirilende, ylmy işler edilip, hasabat düzülende, esasy jemleýji zat, ol hem geografiki karta bolýar. Islendik geografiki

barlagyň soňuny geografiki karta jemleýär. Şonuň üçin islendik geografiki barlagda kartografiki usul hökmany suratda ulanylýar.

**XX asyryň 30-50-nji ýyllarynda fiziki geigrafiýada ulanylyp başlan usullar (geofiziki, geohimiki, aerousullar).**

Ylmyň we tehnikanyň ösmegi bilen öňki endik edilen usullardan başga geçen asyryň 30-50 ýyllary aralygynda fiziki geografiýada öň örän seýrek ulanylýan geofiziki, geohimiki usullar we aerousullar ulanylyp başlandy.

1. Geofiziki usul- bu usul esasan geologiýada we fiziki geografiýada ýeriň ýaşyny kesgitlemek üçin ulanylýan usul. Ýeriň ýaşy kesgitlenilende esasan onuň gatlaklaryna, olaryň haýsy jynslaryndan durýandygyna uly üns berilýär. Geofiziki barlag usul bilen ýeriň grawitasion, magnit, elektron, maýşgak yrgyldy, termiki, ýadro şöhlelerini gaýtaryp bilijilik ukybyny, seýsmiki ýagdaýyny bilip bolýar. Bu usul arkaly ýeriň astyndaky grunt suwlaryň ýagdaýyny, gazma baýlyklary anyklamak mümkin. Geofiziki barlag usullary ýeriň üstünde geçirilýän barlag işleriniň köpüsinden döwlete arzan düşýär. Ýeri 2000-5000 m çenli burawlamazdan-geofiziki barlag bilen ol ýeriň magnit meýdanyny, geotermiki, radioaktiw şöhlenenişini we beýleki ýagdaýlaryny bilip bolýar. Geofiziki barlag işlerini islendik ýerlerde we tiz wagtyň içinde geçirmek mümkinçiligi bar. Geofiziki barlaglaryň netijelerini fiziki geografiki barlag işerde giňden ulanmak bolýar. Ol maglumatlary fiziki geografiki barlaglarda giňden ulanmak gerek.

2. Geohimiki barlag usullary. Geohimiki barlag usullary netijesinde barlanylýan ýerleriň himizmi öwrenilýär. Geohimiki barlaglar netijesinde ýeriň üstki gatlaklarynyň emele gelişi, olaryň düzümi, ýagny nähili himiki elementlerinden durýandygy anyklanylýar. Netije-de şol gatlaklaryň, ýa-da çökündileriň nireden getirilendigi, nähili jisimlerden ybaratdygy öwrenilýär. Bu usul esasan hem ýerleri landşaft, fiziki geografiki we geohimiki raýonlaşdyrmakda esas hökmünde ulanýarlar.

3. Aerousullar- bu usul soňky ýyllarda has giň ulanylýar. Öňler meýdana fiziki geografiki barlaga gidilende topografiki kartalary has giňden ulanan bolsalar, soňky ýyllarda uçarlaryň kömegi bilen alnan suratlardan kartalar düzülýär. Aerousullar bilen düzülen kartalar has anyk hasaplanylýar. Bu usul bilen ýerleriň kartasy düzülende ýerüsti usullar bilen düzülen kartalardan ep-esli arzan düşýär. Sähel wagtyň içinde her hili masştabda köp ýeri uçarlaryň kömegi bilen surata alyp bolýar. Soň ol suratlardan üörüte her bir gerekli ugur boýunça kartalary düzýärler.

1961-62-nji ýyllarda kosmos giňişliginiň öwrenip başlanmagy bilen, ýeriň şekilini, üstüni surata almaklyk dowam etdirildi. Uçarlara garanda kosmosdan alynýan suratlar hiliniň gowulygy, aýdyňlygy we giň ýeriň şekilini alýanlygy bilen tapawutlanýardy. Geografiki meýdan barlaglara girişilmezden öň şol suratlary deşifrirlänlerinden soň köpçülikleýin peýdalanyp başladylar. Şol suratlaryň kömegi bilen ýeriň üstüniň görnüşini, geologik gurluşyny, ýerasty suwlaryň ýerleşişini, gazma baýlyklary toprak, ösümlik örtügini, hem anyklap bolýandygyny hünärmenler ýazýardylar. Ýlmy-barlag institutlarda kosmos suratlary bilen işleýän bölümler döredildi. Umuman, kosmosdan alynýan suratlar ähli geografiki barlaglarda giňden ulanylyp başlandy.

Soňky ýyllarda geografiýa ylmy-barlag işlerde matematika köp üns berildi. Bu ugur ýörüte matematiki geografiýa diýilip atlandyryldy. Matematika fiziki geografiýada ähli fiziki hadysalary ýazyp beýan etmekde, ykdysady geografiýada statistiki maglumatlara köpräk esaslanylyp matematiki modelirleme usuly ulanylyp başlandy. Bu usul köplenç ýagdaýda kompýuterlerleriň kömegi bilen amala aşyryldy. Bu usul geografiki barlaglarda özüniň gowy netijesini berýär.

Kompýuterleriň kömegi bilen geoinformasion merkezler döredildi. Internetiň üsti bilen daşary döwletlerden gerekli maglumatlary almak mümkinçiligi üýze çykdy. Eger-de kompýuter

internete çatylgy bolsa islendik daşary döwletden gerekli maglumatlary (kitaplardan, ylmy makalalardan, statistiki maglumatlardan her hili göçürmeleri) almak mümkinçiligi döredi. Bu usul örän gowy usul. Sebäbi, köp halatlarda daşary döwletler hakda maglumat ýazylýan ylmy işleriň, terjime edilen kitaplaryň üsti bilen alnanda ol könelýär, özüniň ähmiýetini belli bir derejede ýitirýär. Internetiň üsti bilen gerekli maglumat alynanda ol has täze maglumat bolýar. Şonuň üçin bu usulyň ähmiýeti has hem uly.

**Edebiýat**

Жучкова В.К. Организация и методы комплексных физико-географических исследований. М., МГУ, 1977, с. 6-19

Исаченко А.Г. Прикладное ландшафтоведение. Л., ЛГУ, 1976, с. 5-17

Марков К.К. и др. Введение в физическую географию. М., «Высшая школа», 1978, с. 21-46

Преображенский В.С. Поиск в географии. М., «Просвещение», 1986, с. 17-52

## 3. Köptaraplaýyn fiziki geografiki barlaglary geçirmekligiň zerurlygy.

Köptaraplaýyn fiziki geografiki barlaglaryň tejribe meýdany— tebigy ýerli toplum, ýa-da geosistema.

Fiziki geografiýanyň esasy öwrenýän dersi-tebigy ýerli toplumyň düzümi (toplumlaryň elementleri, toplumlaryň içki aragatnaşyklary we olaryň arasyndaky arabaglanyşygy).

Tebigy ýerli toplumlaryň ýaşaýşynyň dowam etmegi we üýtgemegi.

### Köptaraplaýyn fiziki geografiki barlaglaryň tejribe meýdany-tebigy ýerli toplum ýa-da geosistema.

Hemmäňiziň bilşiňiz ýaly geografiýa ylmynda geografiki barda diýilýän düşünje bar. Ol bir-biri bilen baglanyşykly,

özarasynda bir-biri bilen aýrylmaz täsir ediji häsiýetli-litosfera, atmosfera, gidrosfera we biosfera gatlaklardan durýar. Ýer togalagynyň her bir ýeri şu gatlaklaryň özara täsirinde bolýar. Şonuň bilen birlikde bütin Ýer togalagy birnäçe milliardlarça tebigy ýerli toplumlardan durýar. Olar özleriniň emele gelişi, ösüş aýratynlyklary boýunça birnäçe toparlara bölünýärler.

Eger-de Ýeriň geografiki bardasyny iň uly we çylşyrymly tebigy ýerli toplum diýip alsak ol umumy, oňa girýär, onuň düzümindäki tebigy ýerli toplumlar, onuň ülüşleri, aýrylmaz bölekleri hasaplanylýar. Şeýlelikde has kiçi tebigy ýerli toplumlar uly, çylşyrymly tebigy ýerli toplumlardan üzňelikde ýaşap bilmezler. Geografiki barda bütewi, ýeke-täk dörän, dürli basganҫakdaky birnäçe ýerli tebigy toplumlardan ybarat. Olar birwagtyň özünde üznüksiz ösüşde, janly tebigat (biota) we «Jansyz tebigat» (gloma), jisimleriň we energiýanyň dyngysyz hereket etmegi, adamzadyň ýylsaýyn tebigy toplumlara edýän täsiriniň artmagy, çylşyrymly tebigy-tehnogen ulgamlary emele getirýär.

Tebigatyň käbir komponentleri, hadysalary bolup geçýän üýtgeşmeleri dürli hünärmenler: geologlar, geomorfologlar, meteorologlar, klimatologlar, gidrologlar, toprakçylar, botanikler, zoologlar we beýlekiler tarapyndan öwrenilär. Fiziki geograf şol hünärmenlerden aýratynlykda aýratyn komponentleri däl-de, eýsem ululy-kiçili tebigy ýerli toplumlary öwrenýärler. Fiziki geograf üçin esasy barlag geçirilýän ýer, obýekt tebigy ýerli toplum hasaplanýar.

**Fiziki geografiýanyň esasy öwrenýän zady tebigy ýerli toplumyň düzümi, toplumlaryň elementleri, toplumlaryň içki aragatnaşyklary we olaryň arasyndaky arabaglanyşygy.**

Öň belläp geçişimiz ýaly tebigy komponentleri hünärmenler aýratynlykda öwrenýärler. Emma fiziki geografiki barlaglar geçirilende tebigy ýerli toplumyň komponentleri, olaryň özboluşly aýratynlyklary bütewilikde köptaraplaýyn öwrenilýär. Şeýlelikde, fiziki geografiki barlaglar, ýöriteleşen pudaklaýyn barlaglar bilen

deňeşdirilende özüniň köptaraplylygy bilen, öwrenilýän ýeri çylşyrymly özara bir-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly obýekt hökmünde seredilmegi bilen tapawutlandyrylýar. Tebigy komponentler köptaraplaýyn fiziki geografiki barlaglar geçirilende tebigy ýerli toplumyň bir düzümi, bölegi hökmünde we bütewilikde seredilýär.

Tebigy ýerli toplumlarda adamzat özüniň hojalyk işerini belli-bir maksada ugrukdyryp ýerine ýetirende bir ýa-da birnäçe tebigy komponentleri: topragy, ýerasty suwlaryň derejesini, topragyň çyglanyş, iýmitleniş, ýagdaýlaryny, ösümlik we haýwanat dünýäsini üýtgedýärler. Şu ýagdaýda olar tebigy komponentleriň özara arabaglanyşygyň üýtgejekdigine, nähili ýagdaýlaryň emele geljekdigine asla-da üns bermeýärler. Köptaraplaýyn fiziki geografiki barlaglar belli bir ýeriň, ýagny tebigy ýerli toplumyň tebigatyny hünärmen öwrenende onuň amaly, hojalyk üçin ähmiýetli, tebigatyň zyýan çekmejek taraplaryna has uly ähmiýet berýär. Şol barlaglarda tebigy ýerli toplumlary hojalykda näme maksatlar üçin ulanylyp boljakdygy hakynda maslahat berilýär. Meselem: özleşdirmek üçin göz öňüne tutulýan ýeriň topragy, onuň mehaniki, fiziki, himiki düzümleri, ýerasty suwuň derejesi, onuň himizmi öwrenilip şoňa görä ol ýeri name maksat üçin ulanyljakdygy seljerilýär. Eger-de ýerasty suw ýeriň üstüne ýakyn ýerleşen bolsa, üstesine-de şorlanyş derejesi ýokary bolsa, ol ýerlerde ilki melioratiw çäreleri geçirmän hojalyk dolanşygyna girizip bolmaýar. Olar ýaly tebigy ýerli toplumda ilkinji nobatda zeýkeş gazmak zerur bolup durýar. Soňra topragyň düzümine üns bermeli. Eger toprak orta derejede şorlaşan bolsa, zeýkeş gazylan ýerlerde, güýz we gyş aýlary ol ýerleri sürüp, soňra ýuwuş işlerini geçirmeli. Ondan soňra ekiş döwri başlananda ol ýerlere topragyň duzlary doly ýuwlar ýaly ot-iýmlik ekinleri(ýorunja, arpa, mekgejöwen) ekmeli. Şor toprakly ýerlerde jaý, dürli ymaratlary gurmak hem howply bolýar. Sebäbi,

topragyň, ýerasty şor suwuň duzlary jaýlaryň diwaryna ýaramaz täsir edýär. Jaýyň diwarlary mydama yzgar bolup durýar.

Köptaraplaýyn fiziki geografiki barlaglar ähliumumy häsiýetli tebigatyň käbir komponentleri hünärmenleriň çuňňur öwrenmegini iňkär etmeýär. Meselem: geolog ýeriň geologiki gurluşyny öwrenýär. Geomorfolog—ýeriň üstki örtüginiň emele geliş aýratynlygyny; gidrogeolog—ýeraty we ýerüsti suwlaryň emele gelişini; toprakçy—topragy hemmetaraplaýyn; geobotanik—ösümlik assosiasiýalary; zoolog—haýwanat dünýäsini öwrenýär. Köptaraplaýyn fiziki-geografiki barlaglar şol maglumatlardan peýdalanyp, ýetmeýän ýerlerini meýdan barlaglar netijesinde anyklap, tebigy ýerli toplum hakda doly maglumat alýarlar. Olaryň edýän işleri köp zatlary anyklamak we tebigy ýerli toplumlaryň tebigy aýratynlyklaryna adamyň hojalyk işiniň yäsirini öwrenmek üçin zerur. Şol hünärmenleriň öwrenen komponentleri şol ýeriň tebigy aýratynlygy hakda, tebigy ýerli toplumyň bütewiligi hakda doly häsiýetnema we maglumat berip bilmezli ähtimal.. Şonuň üçin oňa ýöriteleşen ähli komponentler barada maglumatlary jemläp tebigatyna doly häsiýetnama gerek bolýar. Ony ýerine ýetirmek üçin köptaraplaýyn(landşaft) meýdan barlaglary geçirmek zerur bolýar.

Islendik ýeriň tebigy aýratynlyklaryny, olaryň hojalykda ulanyşyny anyklap, tebigy ýerli toplumlaryň özleşdirilmedik ýerlerde tebigy ösüşini nazara alyp fiziki geograf olara has giňişleýin baha berýär. Her bir tebigy ýerli toplumy öwrenende ony goňşy tebigy ýerli toplumlar bilen deňeşdirip öwrenýär. Käbir tebigy komponentler hakda maglumat ýetmeýän bolsa, ony meýdan barlaglaryň esasynda üstüni ýetirýär.

Ýer togalagynyň iň üönekeý, eýeleýän ýeri boýunça kiçi tebigy ýerli toplum, ol hem «fasiýa», N.A. Solnsewiň (1967) pikiri boýunça «Iň kiçi ýer bölegi bolup onuň çäginde belli-bir meňzeş jynslar, birmeňzeş ýerüstüniň gurluşy, çyglanma, mikroklimat, bir görnüşli toprak örtügi, birmeňzeş «biosenoz» ýaýran bolsa oňa

**fasiýya** diýilýar. Fasiýa hojalykda ulanylmaýan bolsa, onda oňa birmeňzeş fitosenoz we biosenoz häsiýetli bolýar. Fasiýa biziň şertlerimizde Garagum çölünde iki sany ulgam çägäniň aralygy, ýa-da çägeleriň arasynda ýerleşen takyrjagaz. Käbir ýagdaýlarda ulurak we uzyn ulgam çägäniň eňňit ýeri(arka tarapy) hem fasiýany aňladýar. Eger-de, ulgam çägeleriň arasynda toprak örtügi, ösümlik, haýwanat dünýä üýtgese onda ol ýer çylşyrymly tebigy ýerli toplumy emele getirýär. Fasiýa sereden-de tutýan, eýeleýän ýeri boýunça ulurak giňişliklere **uroçişe** diýip atlandyrýarlar. Bu morfologik birlik birnäçe meňzeş fasiýalary özüne birleşdirýär. Uroçişe emele gelişi boýunça birmeňzeş bolan birnäçe fasiýalary özüne birleşdirýän mezorelýefe aýdylýar. Gurluşy boýunça ýönekeý (2-3 fasiýany birleşdirýän) we çylşyrymly (10-larça fasiýalardan durýar) uroçişeler bolýar. Tebigatda uly giden giňişliklerde (Murgap, Tejen, Amyderýa jülgelerinde) birnäçe uroçişeler birigip bir mestnosti döredýärler. Olar geologik gurluşy, klimaty, topragy boýunça birmeňzeş bolýar. Mestnost, uroçişe bölmek ekerançylyk ýerler üçin mahsusdyr. Ol ýerlerde tebigy landşaftdan diňe toprak örtügi bolaýmasa galan komponentler adamyň hojalyk işi netijesinde üýtgedilýär.

Mestnostdan uly birlik landşaft, oňa käbir barlagçylar fiziki geografiki raýon hem diýýärler. Geologik gurluşy, geomorfologiýasy, mezorelýefi boýunça birmeňzeş uly tebigy ýerli toplumlara **landşaft** diýilýär. Mysal üçin Murgap deryasynyň ýokary çetwertikde emele gelen gadymy deltasy özbaşyna bir landşafty emele getirýär. Şular ýaly landşaftlar Tejen, Amyderýa deltalarynda hem bar.

Özüne birnäçe landşaftlary birikdirýän uly tebigy ýerli topluma **okrug** diýip aýtýarlar. Okrug köplenç geologik, tektonik gurluşy, klimat aýratynlygy boýunça bölünýän iri regional landşaft birlik hasaplanýar. Meselem: Murgap we Tejen derýalarynyň delta

okrugy, GO GD Garagum, Merkezi Garagum, Aşak Amyderýa landşaft okruglary.

Okrugdan uly tebigy ýerli toplum **prowinsiýa.** Prowinsiýa tebigy zonanyň uly düzlüklerde we daglyk ýerlerde ýerleşen bölegi. Onuň çäginde birnäçe landşaft okruglary bolýar. Mysal üçin: Peslik Garagum prowinsiýasy, Gyzylgum prowinsiýasy.

Prowinsiýalar birleşip uly landşaft birligi, uly tebigy ýerli toplumy, **ýurdy** emele getirýärler. Meselem: Orta Aziýa düzlük, Orta Aziýa daglyk ýurtlary, Gazak ýygyrtlanma daglyk, GB Sibir ýurtlary.

Umuman alanda Ýer togalagyndaky aýratyn her bir materik we umman özboluşly uly tebigy ýerli toplumy emele getirýärler. Sözüň giň manysynda beýleki planetalar we Älem giňişlikleri bilen deňeşdirseň Ýer togalagy uly bir tebigy ýerli toplumdan durýar.

## Tebigy ýerli toplumlaryň ýaşaýşynyň dowam etmegi we üýtgemegi.

Ýer togalagy häzirki durkuny emele getirmek üçin öz başyndan birnäçe geologiki, tektoniki hadysalary geçirdi. Ol hadysalar entek hem dowam edýär. Öňki gury ýer bölekleriň ýerinde ummanlar, öňki uly suw giňişlikleriň ýerinde gury ýer bölekleri emele geldi. Umuman aýdanda millionlarça ýyllaryň dowamynda ýer togalagynda köp hadysalar bolup geçdi. Ony siz taryhy geologiýany geçen bolsaňyz bilýänsiňiz. Häzirki wagtda ýeriň ýüzünde birnäçe üýtgeşiklikler bolup geçýär. Köp ýerleri suw basýar. Adamzat özüniň hojalyk işi üçin köp ýerleri özleşdirýär. Öňki tebigy ýerli toplumyň ornunda medeni, antropogen tebigy ýerli toplum emele gelýär. Öňki çöllük ýerlerde derýalardan suw eltilip ýerler özleşdirilýär. Batgalyk ýerler guradylýar. Şor ýerleri

ekerançylyga öwürmek üçin adamlar zähmet çekýärler. Netije-de, tebigy ýerli toplumlar tebigy ýagdaý-da, özleşdirilen ýagdaý-da, olar ýaşamagyny dowam etdirýärler. Umuman tebigy ýagdaýda we adamzadyň hojalyk işi üçin ulanylýan ýerlerde tebigatyň üýtgemegi dowam edýär.

## Edebiýat

Гвоздецский Н.А. Основные проблемы физической географии. М., «Высшая школа», 1979, с. 88-111

Жучкова В.К. Организация и методы комплексных физико-географических исследований М., МГУ, 1973 с. 6-19

Федина А.Е. Физико-географическое районирование М., МГУ. 1973, с. 23-27

## 4. Meýdan barlaglary geçirmek.

Tebigy ýerli toplumlaryň taryhy ösüş aýratynlyklaryny öwrenmek.

Tebigy ýerli toplumlaryň düzümini meýdan barlaglary esasynda öwrenmek.

Tebigy ýerli toplumlaryň düzümini işçi kartalar boýunça anyklamak.

Landşaft taýdan kartalaşdyrmak.

Meýdan barlaglary geçirmekligiň we guramaklygyň üç döwri, onuň dowamlylygy we mazmuny.

### Tebigy ýerli toplumlaryň taryhy ösüş aýratynlyklaryny öwrenmek.

Fiziki geografiki barlaglar belli-bir ylmy tema boýunça geçirilýär. Ylmy tema dürli geografiki problemalara bagyşlanan

bolmagy mümkin. Ylmy tema ylmy-barlag institut, önümçilik kärhana, ministrlik, ylmy ýolbaşçy tarapyndan tassyk edilenden soň öwrenilmäge girişilýär. Ylmy iş tassyk edilenden soň ylmy işgär, ýa-da talyp öz ylmy temasy boýunça edebiýatlar bilen tanyşmakdan başlaýar. Öz ýaşaýan ýerindäki kitaphana baryp, ýa-da internet ulgamyna girip, ylmy temasy boýunça kimleriň öň nähili ylmy işler edendiklerini anyklaýar. Ylmy işleri kimleriň ýerine ýetirendigini, ýazarmanlaryň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny ýazyp alýarlar. Soňra ylmy işiň gysgaça mazmuny bilen tanyş bolýarlar. Gerekli ýerlerini özüne ýazyp alýarlar. Ýazyp alanda ylmy işiň adyny, kitabyň adyny, çykan ýylyny, sahypasyny, haýsy çaphananyň çykarandygyny, ylmy işi kimiň ýazandygyny depderinde belleýär. Kitaphanadaky kitabyň inwentar nomerini hem ýazyp görkezýär. Soň birden öwrülip şol makala, ýa-da kitap gerek bolsa täzeden baryp almak ýeňil düşýär.

Ylmy tema boýunça çykarylan ylmy işler bilen tanyşandan soň ediljek ylmy ýa-da diplom işiň meýilnamasy düzülýär. Meýilnama ylmy ýolbaşçy bilen ara alnyp maslahatlaşylýar.

Eger-de ylmy tema haýsydyr bir kärhana tarapyndan şertnama boýunça ýerine ýetirilýän bolsa, onda şol ylmy işi ýerine ýetirmek üçin şertnama iki taraplaýyn gol çekilýär. Şertnamada ýerine ýetirilmeli işler aýdyň görkezilýär. Möhleti bellenilýär. Aýma-aý edilmeli işleriň atlary, çykdajylary görkezilýär.

Ylmy tema belli bir sebite degişli bolsa ilki şol ýeriň hökmany suratda geologiki, paleogeografiki ösüş taryhy hakda maglumat ýygnanylýar. Bu taryhy geologiki maglumat landşaft taýdan, fiziki geografik taýdan baha berilende we sebitlere bölende örän zerur maglumat hasaplanýar. Islendik ýeri landşaft, tebigy taýdan öwreneninde paleogeografiki maglumat gerek bolýar. Galan köp fiziki geografiki şertler, hadysalar sebitiň ösüş taryhy bilen baglanyşykly bolýar.

Meýdan barlaglaryna gidilmänkä ylmy tema degişli ähli edebiýatlar bilen tanyş bolunýar. Öwrenilýän sebitiň paleogeografiýasy, geologik gurluşy, ýeriniň üstüniň emele gelişi, klimat aýratynlyklary, ýerüsti we ýerasty suwlary, toprak we ösümlik örtügi, haýwanat dünýäsi hakda gerekli maglumatlar toplanylýar. Tebigy şertleriniň we aýratynlyklarynyň kartalary hem jemlenilýär. Geografiki barlaglar geçirilende öwrenilýän meýdan-çägiň paleogeografiýasyna uly üns berilýär. Öwrenilýän meýdanyň ýer üstüniň gurluşy, litologiýasy, içerki güýçleri paleogeografiýa bagly bolýar. Mysal üçin Garagum pesligi bilen Köpetdag ulgamynyň arasy golaý hem bolsa, olaryň biriniň çägeli çö, beýlekisiniň dag ulgamy bolmagyna emele gelişi, paleogeografiýasy sebäp bolupdyr. Türkmenistanyň we dünýäniň beýleki döwletlerinde Ýer üstüniň dürli-dürli relýefiniň bolmagy paleogeografiki gurluşyna bagly. Şonuň üçin islendik geografiki barlaglarda şol meýdanyň emele gelişi öwrenilse ýerleri biri-birinden tapawutlandyrmakda, hojalyk, esasan hem gurluşyk işlerde paleogeografik maglumatlaryň ähmiýeti örän ulydyr.Esasan hem paleogeografik maglumatlar landşaft barlaglarda iň zerur maglumatlar hasaplanýar. Paleogeografik maglumatlar bilen öwrenilýän ýeriň tektonikasy hakda maglumatlar gerek bolýar. Ol maglumatlar landşaft taýdan öwrenilende we öwrenilýän ýerlerde gurluşyk işleri alyp barlanda zerur maglumat hasaplanýar.

**Tebigy ýerli toplumlaryň düzümini meýdan barlaglary esasynda öwrenmek.**

Tebigy ýerli toplumlaryň araçäkleri soňkyrak ýyllarda çap edilen topografik kartalarda aýdyň görkezilýär. Topografik kartalaryň şertli belgilerine düşünýän hünärmen cabinet şertlerinde hem tebigy ýerkli toplumlaryň araçäklerini işçi kartada görkezip bilýär. Emma oazisleriň araçäklerine golaý ýerleşen ýerleriň oba hojalyk ekinlerini ekmek üçin ulanylýan bolmagy ähtimal. Şonuň üçin iň amatly warianty aerosuratlar boýunça taýýarlanan kartalar bilen topografik kartalaryň esasynda düzülen kartalary deňeşdirip

görmeli.Deňeşdireniňde hökmany ýagdaýda tapawut bolmagy mümkin. Aerosuratlar boýunça taýýarlanan kartanyň hem ýyly könelişen bolsa garaşylýan netijäni bermez. Diýmek meýdan barlaglaryny geçirmän tebigy ýerli toplumlaryň araçäklerini köphalatlarda anyklap bolmaýar. Şonuň üçin hökmany ýagdaýda meýdan barlaglaryny geçirmeli bolýar.

**Tebigy ýerli toplumlaryň düzümini işçi kartalar boýunça anyklamak.**

Birnäçe fiziki geografik usullaryň kömegi bilen sebitde duş geljek tebigy ýerli toplumlaryň araçäkleri işçi karta geçirilýär. Kartada onyň masştabyna baglylykda landşaft karta düzülýär. Landşaft kartada sebit boýunça we ýerli toplumlaryň araçäkleri, landşaft birlikler meýdan barlaglara gidilmänkä düzülýän kartada görkezilýär. Bölünen landşaft birlikleri landşaft taýdan raýonlaşdyrmaklygyň prinsiplerine we usullaryna gabat getirilip, öňünden ol maglumatlar bilen oňat tanyş bolýarlar. Landşaft taýdan raýonlaşdyrmaklygyň taglymat meselelerinden başy çykýan işgär amala aşyrýar. Öňünden, entek meýdan barlaglara başlanylmanka işçi landşaft kartany taýýar etmek zerur hasaplanylýar.

Meýdan barlaglara taýýarlyk görülýän döwürde işçi landşaft karta taýýar edilýär. Onyň nämä zerurlygy bar? Meýdana gidilmänkä kartada ähli tebigy ýerli toplumlaryň araçägi, içki aýratynlyklary şertli belgiler arkaly kartada görkezilýär.

Kartada bellenilen tebigy ýerli toplumyň tebigy aýratynlyklary, şertli belgiler bilen kartada görkezilse ony okamak aňsat bolýar. Meýdana gidilmänkä öwrenilýän sebite degişli ähli tebigy ýerli toplumlar kartada görkezilýär. Landşaft basgançaklar arkaly olaryň haýsy landşaft sebitara birleşmelere degişlidigi anyklanylýar.

Tebigy ýerli toplumlaryň (fasiýa, uroçişe landşaft, okrug, kiçi oblast, oblast, ýurt) birlikleri ylmy edebiýatlaryň kömegi bilen meýdana barlag işlerine gidilmänkä düzülip taýýar edilýär. Sebitara landşaft (landşaft, okrug, kiçi oblast, oblast, kiçi prowinsiýa,

prowinsiýa, ýurt) bilikleriň araçäkleri paleogeografik, tektonik araçäklere gabat gelýär. Olaryň araçäkleri geologik kartalardan alynýar. Ony taýýarlamak üçin ylmy-taglymat işleri köp okamaly bolýar. Şol öňünden düzlüp goýlan landşaft kartalarda sebitara landşaft birlikler görkezilýär. Içki kartada kiçi landşaft birlikler, olaryň anyk araçäkleri meýdan barlag işleri geçirilende anyklanylýar.

## Landşaft taýdan kartalaşdyrmak.

Landşaft taýdan kartalaşdyrmak üçin haýsyda bolsa bir sebit alynýar. Mysal üçin "Merkezi Garagum" çöli. Merkezi Garagumyň ilki emele gelişi bilen tanyş bolmaly. Onuň üsti kaýnozoý döwrüniň jynslaryndan durýar. Daş töweregi bilen deňeşdirende peslik ýer. Gyzylgum çöli bilen deňeşdireniňde emele gelişi boýunça tapawutlanýar. Garagum çöli Amyderýanyň çökündilerinden, Gyzylgum bolsa Syrderýanyň çökündilerinden ybarat.

Iki çöl bir landşaft ýurdy "Turany" emele getirýär. Landşaft taýdan raýonlaşdyrmak üçin biziň şertlerimizde A.G.Isaçenkonyň (1965) işini ulanmak maksada laýyk bolýar. Onyň bu ylmy işinde Ýer ýüzünde islendik ýer iki hatarly ulgama gulluk edýär. Birinjiden zonallyk hadysa, ikinjiden azonallyk hadysa.

Azonallyk hadysa onuň ýeriň ýüzünde bolanlygy üçin ol ýer ýeriň geologik, paleogeografik gurluşyna bagly. Zonallyk ýagdaý öwrenilýän meýdan-çägiň haýsy geologic döwürde emele gelenine bagly bolman, onuň ýerleşen tebigy zonasyna bagly. Sebäbi ol ýerde, ýagny Ýeriň üstünde zonal hadysalar höküm sürýär.

Şeýlelikde Garagum çöli zonallyk ýagdaýda çöller zonasynda, azonallyk ýagdaýda, ýagny geologiki emele gelşi boýunça pesligi, düzlügi emele getirýär. Diýmek Garagum çöli iki hatarlaýyn raýonlaşdyrmak boýunça Garagum prowinsiýasyna degişli bolýar. Eger-de uly bir giden düzlük bir zonanyň çäginde ýerleşen bolsa, onda ol prowinsiýany emele getirýär. Çöller zonasy

iki sany kiçi zonadan ( demirgazyk we günorta) durýar. Prowinsiýanyň bir bölegi zonanyň kiçi böleginde ýerleşýän bolsa oňa kiçi prowinsiýa (podprowinsiýa) diýilýär. Diýmek Garagum çölüniň çäginde iki sany Demirgazyk we Günorta Garagum kiçi prowinsiýalary ýerleşýärler.

Landşaft taýdan karta düzülende prowinsiýalary, okruglary, landşaftlary we kiçi morfologiki birlikleri bölýärler. Her bir landşaft birligiň bölünişiniň özüniň düzgüni, usuly bar.

Meýdan barlaglary geçirmezden landşaft kartada morfologik birlikleri takyk bölmek mümkin däl. Şonuň üçin hökmany suratda meýdan barlaglary geçirmeli bolýar. Meýdan barlaglara gitmeklik edilýän işiň möçberine bagly. Edilmeli işe talabyň nähilidigine bagly. Eger meýdan işi uly masştabda geçirilmeli bolsa köp wagty talap edýär.

**Meýdan barlaglary geçirmekligiň we guramaklygyň üç döwri, onuň dowamlylygy we mazmuny.**

Meýdan işi amala aşyrmak üçin ony üç sany döwre bölýärler. Birinjisi taýýarlyk döwri. Ol döwürde meýdana äkidiljek adamlaryň, gerekli zatlaryň atlary takyklanylýar. Meýdanda geçiriljek işleriň meýilnamasy düzülýär. Oňa taýýarlanyş döwri diýilýär. Soňra meýdan barlaglar döwri, soňra meýdan barlaglardan soňky döwür, ýagny ýygnalyp getirilen maglumatlary tertibe salmak, olara ýazgy berilýän döwri. Şeýlelikde meýdan barlaglary üç sany döwri öz içine alýar.

## Edebiýat.

Дьяконов К.Н., Касимов Н.С., Тикунов В.С. Современные методы географических исследований. Москва, «Просвещение», 1996.

Жучкова Вера Константиновна. Организация и методы комплексных физико-географических исследованиий. М., МГУ, 1977, с.6-19.
Жучкова В.К., Раковская Э.М. Методы комплексных физико-географических исследований. Москва, «Просвещение», 2004.
Исаченко А.Г. Основы ландшафтоведения и физико-географическое районирование. М., «Высшая школа», 1965
Копеков Ч.Б. Ландшафты Северной Туркмении и их хозяйственная оценка. Ашхабад, «Ылым», 1970, с.68-79
Солнцев Н.А. В чем различие между фацией и биоценозом. «Вестник Моск.ун-та», сер.географ., 1967, № 2, с.144-145

## 5. Taýýarlanyş döwri (meýdana gidilmänkä iş ýerinde edilmeli işler).

Meseläniň goýluşy. Geçirilmeli barlag işleriň masştabyny kesgitlemek. Gidiljek ýeriň öwreniliş derejesini anyklamak. Edilmeli işleriň maksatnamasyny taýýarlamak. Aero, kosmiki suratlary we beýleki kartografik esaslary taýýarlamak. Edebiýat we arhiw maglumatlary öwrenmek we tertip-düzgüne salmak. Meýdana äkitmek we ylmy hasabat bermek üçin gerekli kagyzlaryň şekilini işläp taýýarlamak.

**Meseläniň goýluşy.**

Öňki temada belläp geçişimiz ýaly, barlag işlerini geçirmäge meýdana gidilmänkä, taýýarlyk işlerini amala aşyrmaly. Birinjiden meýdana gidilmänkä näme üçin gidilýändigi belli edilmeli. Ön belläp geçişimiz ýaly ylmy iş fiziki geografiýanyň belli bir ugry boýunça amala aşyrylýar. Ylmy işiň temasy anyklanylýar. Ylmy işiň temasy we geçirilmeli, ýerine ýetirilmeli işiň masştaby öňünden çözülýär. Şondan soňra ylmy işiň meýilnamasy we maksatnamasy düzülýär.

Ylmy işi buýrujy kärhana bilen, ylmy işiň meýilnamasy, maksatnamasy ylalaşylýar we edara ýolbaşçylary, ylmy işi ýerine ýetirijiler gol çekişýärler. Ylmy işiň masatnamasynda ýerine ýetirilmeli möhleti görkezilýär. Ylmy işiň smeta-çykdajylary görkezilýär. Kärhana başlyklary, baş buhgalterleri we ylmy işin başlygy smeta-çykdajylara gol çekýärler. Ylmy işiň maksady çözülenden soň taýýarlyk işlerine girişilýär.

**Geçirilmeli barlag işleriň masştabyny kesgitlemek.**

Geografiýadan we islendik başga bir ylmyň pudagy boýunça ylmy iş ýerine ýetirilmeli bolanda onuň masştabyny anyklamak zerurdyr. Masştabyň uly, orta, kiçi görnüşleri bar. Ylmy tema saýlanyp alnanda, ýa-da edara, kärhana tarapyndan hödürlenende onuň masştabyna aýratyn üns bermeli bolýar. Onuň masştaby temany ýerine ýetirjek adamlaryň sanyna bagly. Ylmy edarada temany köpçülik bolup ýerine ýetirmeli bolanda ylmy temanyň masştaby uly bolanda-da ýerine ýetirip bolar. Beýle ýagdaýda meýdan barlaglaryň işi köp bolmagy mümkin. Bu ýagdaýda ekspedisiýa gitmek üçin maşyn meselesiniň nähili boljakdygyny öňünden çözmeli bolýar. Barlag işleri ýerine ýetirjek adamlaryň sany köp bolanda-da maşyn meselesi çözülmese peýdasy ýok. Şonuň üçin hemme meseläni oýlanyşykly çözmeli.

Ylmy temalar ýerine ýetirilmeli möhleti boýunça dürli-dürli bolup biler. Talybyň diplom işi okuw ýylyň(5-nji ýylyň okuw gutardyş wagtyna) ahyryna 2-3 aý galanda taýýar edilmeli. Sebäbi ýazylan diploma işi ylmy ýolbaşçysy okamaly. Çapa taýýarlamaly. Kafedranyň maslahatynda seredilmeli. Soňra synça syn ýazmaga berilýär. Bu işleriň hemmesi wagt bilen baglanyşykly. Eger-de temanyň masştaby hakda piker edilmän talyba edilmeli işleriň möçberi boýunça uly tema berilse, talyp diploma işi ýazyp ýetişmezligi mümkin. Şonuň üçin diploma işiň temasy berilende ilki

ylmy ýolbaşçy bilen maslahatlaşylýar. Soňra degişli kafedranyň ýygnagynda, maslahatynda temanyň döwrebaplygy, maglumat ýygnamak mümkinçilikleri seredilýär.

Aspiranta ylmy tema berilende hem berilýän möhletde (3 ýylda) ýerine ýetirer ýaly edilmeli. Aspirantyň birinji ýyly köplenç ýagdaýda kandidatlyk minimumlaryny tabşyrmaklyga sarp edilýär. Galan iki ýylynda temasyny ýazmaga ýetişer ýaly bolmaly. Bu ýerde esasy nygtalýan zat, edilmeli işiň masştaby. Berilýän tema çendenaşa giň meýdan-çägi tutmaly däl. Aspirant iki ýylyň dowamynda meýdan barlagyny geçirip, dissertasiýasyny ýazyp ýetişer ýaly, kiçiräk meýdanda tejribe geçirse maksadalaýyk bolar.

**Gidiljek ýeriň öwreniliş derejesini anyklamak.**

Ylmy tema anyklanyp, degişli guramalar tarapyndan tassyk edilenden soňra, gerekli edebiýat, arhiw maglumatlary ýygnamaklyga girişilýär. Ilkibada tema degişli taglymat maglumatlar bilen tanyşylsa, söňra wagt tapyp seljerilse, ylmy işiň düýp mazmunyna barlag geçirýän hünärmen, geljekde ýerine ýetiriljek ylmy işi doly göz öňüne getirip bilýär. Saýlanyp alnan tema boýunça taglymat esaslara degişli maglumatlary internetiň üsti bilen hem almak bolýar. Emma türkmen dilinde ýerine ýetirilen maglumatlar internet ulgamyna girizilmedik bolmagy mümkin. Şonuň üçin Aşgabadyň merkezi kitaphanalaryndan, ylmy-barlag institutlaryň okalgalaryndan, arhiwlerinden ylmy işe degişli gerekli maglumatlary ýygnamak zerurdyr. Çap edilen ylmy işlerden başga-da, geologiýa, geomorfologiýa, gidrogeologiýa degişli ylmy hasabatlary we kartalary ylmy-barlag institutlaryň, degişli ministrlikleriň okalgalaryndan (Arhiwlerinden) ýygnamak mümkin. Ol kärhanalara barylmazyndan öňürti edaralaryň, ylmy-barlag institutlaryň direktorlarynyň adyna işleýän we okaýan ýeriňden hat almaly. Berilen haýyşnama hat bilen maglumat ýygnajak edaraňa barylýar. Şondan soň gerekli maglumatlary almaga rugsat edilýär.

**Edilmeli işleriň maksatnamasyny taýýarlamak.**

Taýýarlyk işlerini ilki edilmeli işleriň maksatnamasyny düzmekden başlamaly. Soňra meýilnamasyny ýazmaly. Ylmy işiň mowzugy 1-3 ýyllyk edilip berilse adam sanyna görä edilmeli işleriň maksatnamasy aýlar, çärýekler, ýarym ýyl we ýyl boýunça düzülýär. Şol soňra meýilnama bolýar. Eger ylmy mowzuk ylmy-barlag institutda ýerine ýetirilýän bolsa, onda işgärleriň ukybyna, ylmy derejesine görä ylmy işiň mazmunyna görä ýazylmaly bölümleriň atlary öňünden maslahatlaşylýar. Her bir işgäre temanyň bölümleri paýlanyp berilenden soň edilmeli işler ara alnyp maslahatlaşylýar.

Ýerine ýetirilýän ylmy tema görä meýdan işleri göz öňüne tutulýar. Ylmy temanyň ýagdaýyna görä haçan meýdana gidilmelidigi hakynda ylalaşylýar. Soňra meýdana gidiljek wagty belli edilenden soň maşyn ýagdaýyny gürleşip goýmaly. Haýsy kärhanadan maşyn alynjak bolsa, öňünden ol edaralaryň başlygyna hat taýýarlap meseläni çözüp goýmaly.

Ylmy tema belli edilenden soňra ony ýerine ýetirmekligiň maksatnamasy we meýilnamasy taýýar edilýär. Maksatnamada ylmy iş tassyk edilen gününden başlap tä hasabat tabşyrylýança edilmeli işler bellenilýär. Meýilnamada bolsa maksatnamadaky işleri kimleriň ýerine ýetirmelidigi we haçana ýetirmelidigi, ýagny möhleti görkezilýär. Soňra meýdan işleri bilen baglanyşykly guramaçylyk işleriň sanawyna seredilýär. Meýdana gidilmänkä taýýar edilmeli zatlar: meýdanda ulanyljak zatlaryň sanawy açyk ýazylmaly. Meýdana äkidiljek zatlary taýýarlamaga girişilýär. Meýdana äkidiljek zatlaryň köpüsi ylmy-barlag institutyň özünde bolýar. Ýok zatlary her kim öýünden almaly. Meýdanda şol zatlara mätarlik çekmeli däl.

**Aero, kosmiki suratlary we beýleki kartografik esaslary taýýarlamak.**

Taýýarlanyş döwründe aero, kosmiki suratlary we beýleki meýdanda gerekli kartografik maglumatlary taýýarlamaga girişmeli. Ýazylmaly hasabatyň meýilnamasy düzlenden soň edebiýat we arhiw maglumatlary ýygnamaly. Öwreniljek ýere degişli çap edilen, ýazylan(çap edilmän arhiwde saklanylýan) ylmy işler bilen tanyş bolup gerekli ýerlerini ýazyp almaly. Ähli maglumatlary ýygnap bolandan soň ylmy temanyň ýolbaşçysy ol maglumatlary okap tanyşýar we öz işgärlerine haýsy birini ulanyp boljakdygy barada maslahat berýär. Meýdana gidilýänçä wagt bolsa tema boýunça ýazyljak hasabatyň käbir bölümlerini ýazmaga girişmeli. Meýdanda ulanyljak işçi kartalary taýýarlamaly. Kartalar 1:100000 ýa-da 1:200 000 – lik masştabda bolmaly. Meýdana gidilmezden öň kartada baryljak ýerler, edilmeli işler öňünden maslahatlaşylýar. Ýerine ýetiriljek bolunýan ylmy işiň käbir bölümleri edebiýatlarda öň edilen bolsa onda ony gaýtalap etmeli we deňeşdirip belli bir netije çykarmak üçin gowy bolýar. Işçi kartada öwreniljek meýdançalary, olarda gazyljak çukurlary (toprak nusgasyny almak üçin), tebigy ýerli toplumlaryň relýefiniň häsiýetli ýerlerinden geçiriljek profilleriň ugruny öňünden belläp goýmaly.

Öwrenilýän ýeriň (sebitiň) çaklama landşaft kartasyny çyzyp taýýarlamaly. Onyň nähili taýýarlanylýandygyny öňki temalarda ýatladypdyk. Öňünden işçi kartada bellenilen nokatlaryň sanyna görä meýdanda ýazgy berer ýaly kagyzlaryň nusgasyny öňünden taýýarlamany ýatdan çykarmaly däl. Nusgada meýdanda öwreniljek nokatlarda näme zatlara ýazgy berilmelidigini şol nusga kagyzlarda bellenilýär. Şeýle edilende meýdanda ediljek işler ýatdan çykmazlygy üçin gowy bolýar.

**Edebiýat we arhiw maglumatlary öwrenmek we tertip-düzgüne salmak.**

Ylmy işiň temasy boýunça çap edilen ylmy işler bar bolsa olary çuňňur öwrenmeli. Edebiýatlardan gerekli ýerlerini kserokopiýa edip almaly. Meýdan barlaglara gidilmänkä olary öwrenip, awtorlaryň

gelen netijelerini meýdan şertlerinde barlap görmeli. Öň ýerine ýetirilen ylmy işlerden bäri 4-5 ýyl geçen bolsa, meýdan şertlerinde şol wagt aralygynda tebigy ýerli toplumlarda nähili özgerişler, üýtgemeler bolandygyny anyklap bolýar. Şu ýagdaýda fiziki we ykdysady geografiýada giňden ulanylýan deňeşdirme usuly ulanylýar. Deňeşdirme usulyny ulanyp öwrenilýän tebigy ýerli toplumlarda tebigy şertleriň nähili özgerendigini aýdyňlaşdyryp bolýar. Meýdan barlaglaryna gidilmänkä ylmy tema degişli ylmy-barlag institutlaryň, degişli ministrlikleriň arhiwleri bilen tanyş bolup, gerekli paleogeografiki, geologiki, geomorfologiki, geobotaniki, statistiki maglumatlary ýygnamak we olary öwrenmek zerurdyr. Eger-de atlary agzalan maglumatlaryň käbirleri ýok bolsa, onda meýdan barlaglary geçirilen döwründe şol ugurdan hünärmenleri alyp gidip barlag işleri geçirmeli bolýar. Edebiýat we arhiw maglumatlarynyň öwrenilýänliginiň sebäbi, ylmy temany ýerine ýetirmek üçin nähili maglumatlaryň bardygy, ýa-da ýokdugy ýüze çykarylýar. Şonuň üçin meýdan barlaglara gidilmänkä ylmy hasabaty taýýarlamak üçin haýsy maglumatlaryň gerekdigi ýüze çykarylýar. Meýdana barlag işleri üçin gidilende ýetmeýän maglumatlar ýygnalýar.

**Meýdana äkitmek we ylmy hasabat bermek üçin gerekli kagyzlaryň şekilini işläp taýýarlamak.**

Meýdan barlaglara gidilmezden öňürti meýdanda ýerine ýetirilmeli ylmy işleriň atlary görkezilip ýörüte blankalar taýýarlanylýar. Meselem: işçi kartada görkezilen daýanç nokatlarda ekspedisiýa gatnaşyjylaryň ýlmy tema boýunça ýerine ýetirmeli işleri bar. Eger-de tema landşaft barlaglara bagyşlanan bolsa, daýanç nokatlardan bellenilen ugur boýunça fiziki—geografik profil geçirmeli bolmagy mümkin. Şeýle ýagdaýda 2-3 adam niwelirli landşaft profil geçirmek üçin meýilleşdirilýär. Bu işe öň niweliriň kömegi bilen profil geçirip gören hünärmen ýolbaşçylyk edýär. Ýolbaşçynyň elinde

ýörüte hasabat ýazýan jurnaly bolýar. Elleri geodeziýa reýkaly kömekçileri oňa kömek berýar.

**Edebiýat.**

Дьяконов К.Н., Касимов Н.С., Тикунов В.С. Современные методы географиче-ских исследований. Москва, «Просвещение», 1996.
Жучкова Вера Константиновна. Организация и методы комплексных физико-географических исследованиий. М., МГУ, 1977, с.6-19.
Жучкова В.К., Раковская Э.М. Методы комплексных физико-географических исследований. Москва, «Просвещение», 2004.
Исаченко А.Г. Основы ландшафтоведения и физико-географическое районирование. М., «Высшая школа», 1965
Копеков Ч.Б. Ландшафты Северной Туркмении и их хозяйственная оценка. Ашхабад, «Ылым», 1970, с.68-79
Солнцев Н.А. В чем различие между фацией и биоценозом. «Вестник Моск.ун-та», сер.географ., 1967, № 2, с.144-145

## 6. Meýdan döwri we daýanç nokatlarda gözegçilik.

Meýdan barlaglarynyň geçiriljek ýerini saýlamak. Edilmeli işleriň maksatnamasyny we hepdeleýin, aýlyk meýilnamasyny anyklamak. Gözegçilik ediljek nokatlaryň gürlügi. Hemme taraplaýyn ýazgy beriljek uroçişeleriň, fasiýalaryň araçäklerini kesgitlemek. Gözegçilik geçirmekligiň gerekli kagyzlaryny taýýarlamak, barlag geçirilýän ýeri kartada kesgitlemek we tapmak, aýratyn tebigy şertlere hemme taraplaýyn häsiýetnama bermek. Adamyň hojalyk işi netijesinde tebigy ýerli toplumlaryň ösüş aýratynlyklaryny ýüze çykarmak.

Meýdan barlaglarynyň geçiriljek ýerini saýlamak işi meýdana gidilmänkä işçi landşaft kartada amala aşyrylýar. Bu meseläni meýdana goýsaň, meýdana öň örän belent bolaýmasaň, ýer örtüginiň nirede, nähiliräk üýtgeýändigini bilip bolmaýar. Şonuň üçin entek meýdana gidilmänkä baryljak ýeriň geologik, geomorfologik gurluşy, toprak, ösümlik örtügi topografik kartalar boýunça gowy öwrenilýär. Şolaryň sasynda meýdan barlaglaryny amatly we ýazgy berilýän ýere häsiýetli nokaolarda geçirilse maksada laýyk bolýar.

Meýdana gidilmänkä meýdana gidýän ylmy işgärleri edilmeeli işleriň iş meýilnamasy bilen tanyş edilýär. Şol iş meýilnamada hepeleýin, aýyň dowamynda edilmeli işleriň tabşyrygyny alýarlar. Meýdana barylandan soň agzybir bolup şol meýilnamada görkezilen meseleler boýunça işlenilip başlanylýar. Meýilnamada, öň belleýşimiz ýaly, her günki, hepde-de, aýda edilmeli işlere ýetişmek üçin jan etmeli. Eger işler gowy ýerine ýetirilse hepde-de bir gün, meýdanda işlän işgärlere dynç güni berilýär. Dynç alynýan güni meýdan barlaglaryň ýolbaşçysy edilen işleri ýerine ýetiren işgärler bilen seljermeelidirler. Eger-de ýatdan çykarylan meseleler bolsa ony öz ýerinde düzedip bolýar.

Gözegçilik ediljek nokatlar dürli-dürli bolar. Sebäbi tebigaty birmeňzeş ýerler bir dürülan ýerde öwrenilýär we ýazgy berilýär. Sebäbi, entek meýdana gidilmänkä işçi kartada tebigy aýratynlyklary dürli bolan ýerlerde barlag işlerini geçirmek maksat edilýär.

Gözegçilik edilýän nokatlarda ylmy mowzugyň maksadyna görä işler edilýär. Meýdan barlaglary geçirilýän ýerde, nokatda ilki öwrenilmeli meseleleriň biri, ýer üstüniň gurluşy. Oňa geografiki ýazgy berilýär. Topografik karta (1:100 000) görä ýer üstüniň gurluşynyň absolýut we otnositel beýikligini kesgitlemek. Çägelik ýerleriň ýatyşynyň görnüşlerini kesgitlemek we işçi kartada olaryň araçäklerini anyklamak zerur. Çägeleriň görnüşleriniň emele geliş aýratynlyklary bar. Olaryň häsiýetli ýerinden, iki-üç görnüşleriniň

üstünden kesip profil geçirmeli. Profiliň geçirilýän ýeriniň iki gapdalyndan 10-20 metr aralygyň ýazgysyny berip bolsa profiliň ugrynyň kartasyny berip bolýar. Kartada landşaft birlikleri görkezmeli. Olary karta geçirmeli. Profil çekilýän ýerinden topragyň üýtgeýän böleklerinde çukur gazyp toprak örtügine häsiýetnama ýazmaly we laboratoriýada barlag ýaly kiçijek haltajyklara salyp toprak alyp gaýtmaly. Toprak çukuryň çuňlugyny 2-2,5 metr etmeli we üýtgeýän gatlaklardan haltajyklara toprak almaly. Topragyň mehaniki düzümini, duzlulyk derejesini meýdanda kesgitläp bolýar. Üns berip meýdanda kesgitlenen toprak laboratoriýanyň berýän maglumatlaryna gabat gelýär. Profil geçirilende ösümliklere ýazgy bermäni unutmaly däl. Bu ýagdaýda ýörite öňünden taýýarlanan kagyzda ösümlikleriň atlary, beýikliginiň, ininiň, şahalarynyň göwrüminiň meýdany, öri meýdanynyň hasyllylygyny hem kesgitleýänbolýar. Ösümlikleriň çep bilen her gektarda näçeräk düýip bardygyny kesgitläp bolsa has gowy. Nätanyş ösümlikler bar bolsa olary kagyzyň arasyna salyp guradyp alyp gaýtmaly. Eger golaýda çopan guşsa guşsa görkezip adyny soramaly. Şol ösümligi mal iýip bilýänini, bilmeýänini anyklamaly.

Dermanlyk häsiýetiniň barlygyny hem soraýmaly. Profil geçirilýänkä haýwanat dünýäsine hem üns bermeli. Çägelik ýerlerde esasan gemriji haýwanlary ýatdan çykarmaly däl. Olaryň näçe hininiň bardygyny 10 inedördül metr ýerde hasaplap gektaryny çykaryp bolýar. Sebäbi olar ösümlik örtüge uly zyýan berýärler.

Meýdanda barlag gidýän wagty, barlagyň başlygy maşyny sürüji bilen birmeňzeş ýerüstli ýerleri (uroçişeleri) karta geçirmek üçin meýdana aýlanyp syn etmeli we olaryň araçäklerini kartada beýan edýär. Eger häsiýetli goşmaça nokatlar ýüze çykarylsa toprak, ösümlik dünýäsi üýtgese ol ýerde hem goşmaça barlag işleri gurnamak zerurdyr.

Meýdanda barlag işleri geçirilýän wagtlary esaasy ünsi barlag geçirilýän ýerleri özleşdirmeklige bermeli. Eger şol ýerler

özleşdirilende tebigatynda nähili üýtgeşmeler boljakdygyny çaklama esasynda göz öňüne getirip ýazgy bermeli.

Profil geçirilýän ugurda relýefe, profiliň ugruna ýazgy berýän ýörüte hünärmen berkidilýär. Ýazgy depderçede daýanç nokadyň adresi görkezilýär. Adres Garagumda haýsy hem bolsa bir guýy, trangulýasion belentlik, ýa-da maldarçylyk obanyň golaýyndan başlanýar. Hünärmen ösümlik örtügine ýazgy berýär. Öňünden taýýarlanan blankada ösümlikleriň ýaruslary, fitosenozlary, assosiasiýalary görkezilýär. Olary ýazmak üçin ýörüte ýer goýulýar. Ylmy işde talap edilişine görä öri meýdanyň ekspedisiýa gidilen pasyly boýunça hasyllylygy kesgitlenilýär. Hasyllylygyny kesgitlemek üçin 10x10 inedördül metr öwrenilýän ýere mahsus meýdança saýlanyp alynýar. Şol ýerde ilkinji gezek birinji ýarusy emele getirýän ösümlikler ýazgy edilýär. Soňra ikinji ýarusyň ösümlikleri öwrenilýär. Olaryň ýeri ýapyp bilijilik ukyby kesgitlenilýär. Ýagny, ösümlikleriň beýikligi, şahalarynyň diametri ölçenilýär. Soňra profiliň geçirilýän ugrunda toprak nusgalaryny almak üçin çukurlar gazylýar. Çukuryň toprak nusgasy alynjak kenary mümkin bolsa günüň ýagtysyna seretmelidir. Topragyň dürli gatlaklaryna ýazgy berilýär. Üýtgeýän toprak gatlaklaryndan toprak laboratoriýasynda onuň mehaniki, himiki düzümini seljerer ýaly nusgalar alynýar. Toprak nusgalary 500 gramdan az bolmaly däl.

Gözegçilik ediljek yeriň töwregini karta geçirmek, bellemek. Gerekli maglumatlary ýygnama girişmek. Landşaft profili geçirmek. Landşaftlara ähli umumy ýazgy bermek. Laboratoriýa barlaglar üçin nusgalar ýygnamak usuly, aýratyn häsiýetli ýer üstüni, ösümlik görnüşini surata almak, gerbariý ýyknamak.

Gözegçilik edilmek üçin meýdana gidilmänkä, barmaly ýerleri nokatlary işçi kartada bellemek zerur hasaplanýar. Işçi kartada ýer üstüniň (relýefiň) häsiýetli ýerleri boýunça barlag işleri geçirmekligiň yzygiderliligi saklanylýar. Meýdanda barlag işleri ýer üstüniň relýefiniň üýtgemegi bilen baglanşykly bolýar. Barlag işleri

relýefiň üýtgän ýerleri onuň hem hemme ýerine häsiýetli ýerinde gözegçilik nokady saýlanyp alynýar. Meýdana gidilmezden öňürti barylmaly ýerler işçi kartada bellenilip, ol ýerlerde näçe günläp işleniljekdigi hem anyklanylýar.

Meýdana barylandan soňra işçi kartada görkezilen nokatlary tapyp meýdan işleri geçirilip başlanylýar.

Gerekli maglumatlardan esasy baran ýeriň ýeriniň üstüne häsiýetnama berilýär. Garagumyň şertlerinde çäge relýefiň görnüşine häsiýetnama ýazylyp, topragy öwrenmeklige girişilýär. Eger ekspedisiýanyň düzüminde adam köp bolsa, onda edilmeli işler öň taýýar edilen maksatnama laýyklykda ýer asty we ýer üsti suwlary, topragy, ösümlik we haýwanat dünýä geografik nukdaý-nazardan ýazgy berilýär. Toprak örtügi öwrenmek üçin razrez (çukur) gazylýar. Soňra ony gatlaklara bölüp ýazgy bermeklige girişilýär.

Gatlaklara ýazgy berlenden soňra laboratoriýada topragyň mehaniki düzümini seljermek üçin toprak nysgalary alynýar. Ol nusgalar üňünde taýyar edilen haltajyklara salnyp, daşynda razreziň nomeri, gatlagyň nomeri (sm-de) ýazylýar. Soňra, ähli gatlaklardan alynan nusgalar bilelikde ýazylýar. Aýratyn gaplara salnyp goýulýar.

Landşaft profili 2-3 adam bolup geçirilýär. Onuň uzynlygy 3-5 km aralygy öz içine alýar. Profile bir işgär ýazgy, 2-i işgär reýka, 3-nji adam pribor (teodolit, niwelir) bilen işleýär. Profiliň belli bir aralygynda ösümlikleri anyklamak üçun ini 10 m uzynlygy 10 metr aralykda transekt geçirilýär. Şol ýerde gögerip oturan agaç, we agaçjumak ösümlikler sanalýar. Ösümlikleriň boýy, diametri, otjumak ösümlikleriň gury ýagdaýynda agramy hasaba alynýar.

## Edebiýat.

Алаев Э.Б. Социально-экономическая география: понятийно-терминологический словарь. Москва, «Мысль», 1983.

Semewskiý Boris Nikolaýewiç. Wedeniýe w ekonomiçeskuýu geografiýu. L., LGU, 1976.
Исаченко А.Г. Основы ландшафтоведения и физико-географическое районирование. М., «Высшая школа», 1965
Копеков Ч.Б. Ландшафты Северной Туркмении и их хозяйственная оценка. Ашхабад, «Ылым», 1970, с.68-79
Саушкин Ю.Г. Географическая наука в прошлом, настоящем, будущем. Москва, «Просвещение», 1980.
Семевский Б.Н. Введение в экономическую географию. Ленинград, ЛГУ, 1976.
Солнцев Н.А. В чем различие между фацией и биоценозом. «Вестник Моск.ун-та», сер.географ., 1967, № 2, с.144-145

## 7. Meýdanda ýerleri landşaft taýdan kartalaşdyrmak.

Tebigy ýerli toplumlaryň araçägini anyklamak. Barlag geçiriljek ýeriň çylşyrymlylygyna, landşaft düzümine we kartalaşdyryş masştabyna baglylykda meýdan barlaglaryň usullarynyň üýtgemegi. Kiçi we orta masştably meýdan barlaglarda daýanç nokatlarda belli bir ugur boýunça ulanylýan usullar. Uly masştabda geçirilýän ylmy işlerde meýdany tutuşlaýyn öwrenmek. Meýdanda düzülen kartalaryň maglumatlaryny gözden geçirip tebigy ýerli toplumlaryň bölünişini anyklamak. Meýdan ladşaft kartasynyň araçäklerini ýerinde anyklamak.

Öň belläp geçişimiz ýaly, meýdan barlaglarynyň gidilmänkä gidiljek ýeriň öňünden kartasy düzülýär. Kartasyny düzmek üçin göz öňünde tutulýan sebitiň fiziki geografiki aýratynlyklary (tektoniki ýagdaýy, geomorfologik gurluşy, gidrologik şertleri, klimat aýratynlyklary, suwlary, topragy, ösümlik we haýwanat dünýäsi) öwrenilýär. Şolaryň esasynda işçi karta düzülýär. Eger-de öň aýdyşyňyz ýaly landşaft barlaglar göz öňünde tutulýan bolsa taglymatlara, kanunlara, kanunalaýyklara esaslanyp landşaft karta düzmeklige girişilýär. Landşaft kartada dürli basgançakdaky landşaft

birlikleriň araçäkleri ýer üstüniň gurluşy, toprak aýratynlygy, ýer asty suwlaryň ýerleşişi boýunça geçirilýär. Tebigy ýerli toplumlar uly we orta masştabdaky (1:100000,) 1:600000) kartalarda görkezilýär. Million masştabdaky kartalarda diňe sibitara landşaft birlikleriň (landşaft, okrug, prowinsiýa we ş.m.) araçäklerini we olaryň ýerleşişini berip bolýar. Morfologik landşaft birlikleri uly we orta masştably kartalarda görkezip bolýar.

Tebigy ýerli toplumlaryň araçäkleri meýdana gidilmänkä işçi kartada görkezilip, meýdana gidilende barlag döwründe anyklanylýar. Öňünden bellenilen ugurlar boýunça tebigy ýerli toplumlaryň araçägini anyklamaga girişilýär. Olaryň araçägini anyklamak üçin meýdana giden ähli işgärleriň gatnaşmagy hökman däl . Meýdan barlaglaryna gatnaşýan adamlar (ylmy işgärler) öz meýdan işleri bilen meşgurlanýarkalar barlagyň ýolbaşçysy maşynly aýlanyp, işç karta boýunça tebigy ýerli toplumlaryň araçägini anyklap bilýär. Onuň üçin köp ylmy işgär gerek däl tebigy ýerli toplumlaryň araçägi çöllük ýerlerde köp bir üýtgäp hem durmaýar. Olar ekerançylyk barylan ýerlerde çalt üýtgeýärler.

Barlag geçirmek üçin niýet edilýän ýer hojalyk kärhanalary tarapyndan özleşdirilen bolsa, onda ol ýeriň landşaft düzümi düýbinden üýtgeýär. Sebäbi, ol ýerli tebigy landşaftlaryň ornunda antropogen landşaftlar emele gelýär. Ol ýerde landşaft-sebitara birlik hökmünde üýtgemän, onuň içki morfologiki birlikleri we olaryň araçäkleri üýtgeýär. Adamyň hojalyk işi netijesinde ýeriň üsti, topragyň mehaniki, himiki düzümi, iýmitleniş derejesi, ýer asty suwlaryň ýatyşy üýtgän hem bolsa, şol ýeriň geologik gurluşy, stratigrafiýasy üýtgemeýär. Şol sebäpli landşaft taýdan ýerler raýonlaşdyrylanda landşaft sebitara birlik hökmünde üýtgemän galýar. Emma onuň içki birlikleri üýtgeýärler. Içki birlikleriň aýratynlyklaryny diňe meýdan barlaglary döwründe öwrenip we ýüze çykaryp bolýar. Landşaftyň içki (morfologik) birliklerini meýdanda öwrenmek we karta geçirmek, edilýän işiň masştabyna

bagly edilýän işiň talaby uly masştabda 1:50000 deň 1:200000 aralygynda talap edilse oňa wagt köp gerek bolýar. Hojalykda her bir gektar ýeri öwrenmeli bolýar. Meýdan işleri geçirilende olardan toprak, ýer asty suw, näbelli ösümlikleriň nusgalaryny ýygnap alyp gaýtmaly. Egerde şol ça ekilen bolsa tebigy hasyllylygyny meýdan şertylerinde öwrenmeli bolýar. Onuň ýörüte öwreniş usullary bar. Gowaça atyzyň bir burçundan beýleki burçuna çenli transekt çekip her 5-10 metrden 5 metr aralygyň setirindäki gowaçalaryň düýp sany we olardaky gozalaryň sanyny anyklap, her gektar ýeriň ňäçe hasyl berjegini bilip bolýar. Şolaryň esasynda gowaçanyň hasyllylygyny nähili ýagdaýda artdyryp boljakdygyny teklip etmeli. Umuman meýdan barlaglar öňde goýlan maksatlara görä üýtgäp bilýär. Meýdan barlaglaryň öňunde goýulýan meseleleriň masştaby 1:1000000-lyk bolsa barlag döwründe edilmeli işler ýeňilleşýär. Bu masştabda karta düzmeli bolanda, onuň çäginde morfologik landşaft birlikleri berip bolmaýar. Onda diňe sebitara (regional) landşaft birlikleri (prowinsiýa, okrug, landşaft) berip bolýar. Diýmek, meýdan barlaglaryň öňünde goýulýan talaplar meseleler boýunça barlag usullar üýtgeýär.

Kiçi we orta masştably (1:1000000 we 1:600000 aralykda) kartalary düzmek üçin meýdan barlaglary geçirmeklik daýanç nokatlarda aýratyn usullary talap edýär. Şu hili masştabda masştab ýa-a fiziki geografik kartalary düzmeli bolanda, ol kartalarda içki morfologik landşaft birlikleri berip bolmaýar.

Sebäbi, olaryň kartada tutýan meýdany has kiçelýär. Egerde öwrenilýan ýer Garagum çölüniň içinde adamyň hojalyk işiniň täsiriniň ýetmeýän ýerinde geçirilmeli bola onda käbir morfologik landşaft birlikleri kartada görkezip bolar. Emma adamyň hojalyk işiniň alynyp barylýan ýerinde morfologik landşaft birlikler köp bolýar. Sebäbi ýerleriň ekilmegi, suwuň kä ýerlerde bisarpa ulanylmagy bilen öwrenilýän ýerde morfologik landşaft birlikleriň (fasiýa, uroçişe, mestnost) sanynyň köp bolmagy mümkin. Olary has

anyk öwrenmek üçin wagt köp gerek. Öwrenilen ýagdaýynda ol birlikleri talap edilýän masştabdaky kartada görkezip bolmaýar. Ýokarda görkezilen masştabdaky kartalar düzülende olarda landşaft profilini geçirmek hem kyn. Sebäbi, kartada 1 sm profili görkezmek üçin meýdanda 6 km geçmeli bolýar. Şonuň üçin landşaft profili ol masştably kartalarda görkezmek örän kyn. Kiçi we orta maşştably kartalary düzmekde meýdanda daýanç nokatlarda ýer üstüniň gurluşyna topraga (çukur gazyp, toprak nusgalaryny almak şerti bilen) ösümlige haýwanata ýazgy berilse bolýar. Daýanç nokatlarda uly masştabdaky (1:100000, 1:200000) kartalary düzmek üçin işlenilişi ýaly işlemäge wagt ýetmeýär. Öwrenmeli aýlanmaly ýerleriň meýdany köp bolýar.

## Edebiýat.


Алаев Э.Б. Социально-экономическая география: понятийно-терминологический словарь. Москва, «Мысль», 1983.

Semewskiý Boris Nikolaýewiç. Wedeniýe w ekonomiçeskuýu geografiýu. L., LGU, 1976.

Исаченко А.Г. Основы ландшафтоведения и физико-географическое районирование. М., «Высшая школа», 1965

Копеков Ч.Б. Ландшафты Северной Туркмении и их хозяйственная оценка. Ашхабад, «Ылым», 1970, с.68-79

Саушкин Ю.Г. Географическая наука в прошлом, настоящем, будущем. Москва, «Просвещение», 1980.

Семевский Б.Н. Введение в экономическую географию. Ленинград, ЛГУ, 1976.

Солнцев Н.А. В чем различие между фацией и биоценозом. «Вестник Моск.ун-та», сер.географ., 1967, № 2, с.144-145

## 8. Meýdan barlaglaryň netijesinde alnan maglumatlary jemlemek.
## (Kameral döwri).

Ýerli tebigy toplumlaryň (landşaftlaryň) gutarnykly kartasyny taýýarlamak. Kartada bellenen landşaft (morfologik we sebitara birliklere ýazgy taýýarlamaklyga girişmek. Toprak barlaglaryň laboratoriýa analizlerini seljermek. Gerbarileri boýunça ösümlik dünýäsine ýazgy bermek. Öwrenilen meýdan boýunça umumy ýazgy taýýarlamak. Ylmy we tejribe işleri jemläp önümçilige maslahat beriji hasabat taýýarlamak.

Meýdan barlaglary döwründe ekspedisiýanyň başlygy we gatnaşyjylar tarapyndan garalama görnüşinde landşaft karta taýýarlanylýar. Meýdan barlaglaryndan dolanyp gelmekden soňra garalama kartanyň esasynda hasabata girizmek üçin arassa landşaft karta taýýar edilýär. Karta şertli belgileriň esasynda sebitara we morfologik landşaft birlikler takyklanylýar. Soňra kartada bellenilen sebitara morfologik birliklere ýazgy bermeklige girişilýär. Ýazgy bermeklik ýerine ýetirilýän ylmy işiň maksatnamasyna laýyklykda işgärler tarapyndan amala aşyrylýar. Soňra bölümüň müdüri ýa-da hasabata jogapkär ylmy işgär tarapyndan ýazylan hasabat oňat teswirlenýär ýa-da redoktirlenýär.

Morfologik we sebitara birliklere ýazgy berlende hasabatyň umumy bölüminde ýazylan maglumatlar gaýtalanmaly däldir. Meselem, Hasabatyň birinji ýa-da ikinji bölüminde öwrenilýän meýdan çägiň fiziki geografiki häsiýetnamasy diýlen bölüminde geologik gurluşy, tektonika, litologiýa, geomorfologiýa, klimat, agroklimat, gidrogiologik, toprak, ösümlik aýratynlyklaryna we haýwanat dünýäsine berlen maglumatlar hasabatyň esasy bölümlerinde gaýtalanmaly däldir. Hasabatyň umumy bölüminde öwrenilýän meýdan çägiň tebigy aýratynlyklaryna gysgadan gelen düşnükli häsiýetnama berilmelidir.

Islendik işde “giriş” diýen bölümçede (oňa nomer goýulmaýar) ony öwrenmekligiň zerurlygy döwletiň welaýatyň, etrabyň hojalygyny ösdürmekde onuň ähmiýeti barada ýazgy berilýär. Öwrenilýän meýdan çägiň öň nähili derejede öwrenilendigi barada gysgajyk maglumat getirilýär. Şu meseläni ýa-da problemany öwrenmek üçin zerurlygyň ýüze çykandygy barada ýazgy berilýär. Şu meseläni öwrenmeklige döwlet derejesinde berilýän baha barada aýdylýar. Meselen, şu öwrenýän meseläňiz Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we respublikanyň ýaşulularynyň maslahatynda öwrenmekligiň zerurlygy barada mesele goýulýan bolsa, şol meselelerden ugur alyp şu ylmy işi ýerine ýetirmäge girişilendigi barada aýdylýar. Soňra gelnen netijeler hakynda gysgajyk maglumat berilýär.

Hasabat taýýarlananda işiň I bölüminde öwrenilýän meýdan çägiň fiziki geografiki taýdan öwrenilşiniň gysgaça taryhy barada ýazylýar. Şu bölümde geologik, tektoniki, geomorfologiki, litologik gurluşynyň kimler tarapyndan öwrenilendigi barada gysgaça maglumat berilýär. Soňra klimat, agroklimat, ýerüsti we ýer astu suwlary, toprak, ösümlik örtügi, haýwanat dünýäsi barada haýsy alymlaryň işländigi nygtalyp geçilýär.

II bölümde öwrenilýän meýdan çägiň fiziki geografiki häsiýetnamasy berilýär. Bu bölümde öwrenilýän ýeriň tektoniki gurluşyna, geologiýasyna, geomorfologiýasyna, gidrogeologiýasyna, klimat, agroklimat aýratynlyklaryna, toprak, ösümlik örtügine, haýwanat dünýäsine gysgadan gelen umumy häsiýetnama ýazylýär.

III bölümde öwrenilýän sebitiň landşaft aýratynlygyna ýazgy bermek üçin umumy kabul edilen landşaft edähetleri (prinsipleri) we usullara baha berilýär.

IV bölüm “Öwrenilen sebitiň sebitara we morfologiki landşaft birlikleriň häsiýetnamasy.” Bu bölümde sebitara we morfologiki landşaft birliklere özbaşdak doly häşsiýetnama getirilýär.

Sebitara birliklere häsiýetnama berilenden soň morfologik birliklere häsiýetnama berip ýazmaly.

V bölümde edilen ylmy işiňiz boýunça halk hojalygyny ösdürmekligi ýa-da sebitiň çäginde bölünen landşaftlary hojalygyň dürli pudaklaryny ösdürmekde tygşytly ulanmak barada öz teklipleriňizi berýärsiňiz. Şu bölümde ekmäge ýaramly ýerler, öri meýdanlarynyň hasyllylygyny artdyrmak, mümkinçilik bolsa tokaý hojalygyny döretmek esasan hem miweli agaçlary köpräk ekip, sebitiň ilatynyň iri iýmişlere bolan islegini kanagatlandyrmaklyga maslahat beriji ýazgy berilýär. Eger öwrenilýän meýdan çägiň jümmüşinde tebigata zyýan berýän, hapalaýan senagat kärhanalary, ulag ulgamlary bar bolsa ekologiki ýagdaýlary gowulandyrmak barada öz teklipleriňizi hödürleýärsiňiz.

Öwrenilen meýdan çäkde gazyp almaga ýaramly tebigy baýlyklar bar bolsa , şol tebigy baýlyklary işläp bejermek üçin haýsy şäherleriň, şäherçeleriň, obalaryň golaýynda zawodlary, fabrikleri gurmak hakynda guruljak senagat kärhanalaryna eltiljek transport ýa-da ulag aragatnaşyk serişdelerini geçirmek hakda öz teklipleriňizi hödürleýärsiňiz. Hasabat taýýarlanylanda ylmy işgärleriň arasynda ydysady we durmuş geografiýadan hünärmen bar bolsa öwrenilen sebitiň ilatynyň işe ýaramly bölegini täze ýerleri özleşdirmekde ulanmak üçin öz pikirleriňizi, ylmy garaýyşlaryňyzy beýan etmelidir. Bu işleri amala aşyrmak üçin täze özleşdirilýän ýerlerde hojalyk infrastrukturasyny (ilaty durmuş hyzmatyny amala aşyrjak kärhanalaryny gurmak hakynda).

Şu bölümiň soňunda täze özleşdiriljek ýerde antropogen landşaftlaryň dörejekdigi we olaryň tebigaty, hojalyga nähili täsir etjekdigi barada taslama (prognoz) ýazgylary bermeklik örän zerur hasaplanýar.
hojalykda tygşytly

## Edebiýat.

Алаев Э.Б. Социально-экономическая география: понятийно-терминологический словарь. Москва, «Мысль», 1983.
Исаченко А.Г. Основы ландшафтоведения и физико-географическое районирование. М., «Высшая школа», 1965
Копеков Ч.Б. Ландшафты Северной Туркмении и их хозяйственная оценка. Ашхабад, «Ылым», 1970, с.68-79
Саушкин Ю.Г. Географическая наука в прошлом, настоящем, будущем. Москва, «Просвещение», 1980.
Семевский Б.Н. Введение в экономическую географию. Ленинград, ЛГУ, 1976.
Солнцев Н.А. В чем различие между фацией и биоценозом. «Вестник Моск.ун-та», сер.географ., 1967, № 2, с.144-145

## 9. Durmuş we ykdysady geografiýany öwrenmekligiň ylmy we hojalyk ähmiýeti.

Ýokary okuw mekdepleriň bilim toplumynda geografiýanyň ähmiýeti we öňünde durýan wezipeleri. Ykdysadyýetiň geçiş döwrüniň aýratynlyklary. Türkmenistanyň ykdysadyýetini öwrenmekligiň özboluşlylygy. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösüş ülňi. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň "Ruhnama" we beýleki eserleriniň "Durmuş ýkdysady geografiýany" ösdürmekde ähmiýeti. Professor, ykdysady ylymlaryň doktory Alaýew Enrid Borisowiç (Социально-экономическая география: понятийно-терминологический словарь. Москва, «Мысль», 1983.S. 26-27) kesgitlemegine görä "Durmuş we ykdysady geografiýa- jemgiýetçilik, önümçiliginiň ýerleşişiniň kanunalaýyklyklaryny (öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklarynyň birligi diýip düşünilýän) we ilatyň ýerleşişini, jemgiýetçilik durmuşyny ýerlerde

gurnamaklygy.” Olaryň aýratynn döwletlerde, etraplarda ýerleşişini öwrenýän ylmy dersleriň toplumydyr.

Durmuş-ykdysady geografiýanyň ahyrky barlaýan, öwrenýän zady öýkumenlerdir (grekçe-ilatyň ýerleşen ýeri diýmekdir). Bu adalga greklere türkmenlerden, türklerden geçen bolmaly. Türkmen mydama-da ilatyň ilki göçüp gelen we ýaşaýan ýerine öýküme diýýär. Diýmek, durmuş we ykdysady geografiýa adamzadyň ýerleşen, ýaşaýan ýerlerini, olaryň hojalyk ulgamlaryny ýaşaýyş şertlerini öwrenýär. Olaryň hojalyk ulgamlarynyň ýerleşiş aýratynlyklaryny, hojalyk pudaklarynyň düzümini, ösüş aýratynlyklaryny (taryhy ösüşini) çuňňur öwrenýärler. Ilatyň ýerleşişini, milli düzümini, tebigy köpelişini, onuň hereketini, jyns tapawutlaryny, demografik meselelerini hem barlaýar.

Şeýlelik bilen, durmuş we ykdysady geografiýa üç sany ylmyň arasynda ýerleşýän ylym. Ol islendik ýeriň tebigy aýratynnlyklaryny, baýlyklaryny ol ýerleriň ykdysadiýetini we ilatyň durmuş aýratynlyklaryny (sosialogiýasyny) öwrenmek bilen ýaňy belläp geçişimiz ýaly üç sany ylmyň arasynda ýerleşýän, olaryň gazanan ylmy netijelerine esaslanýan ylym.

Bu ylym geografiýasynyň bir pudagy bolmak bilen tebigy ylymlar (geologiýa, geomorfologiýa, gidrologiýa, klimatologiýa, biogeografiýa we beýlekiler) ykdysadiýet (umumy ykdysadiýet, sebitara ykdysadiýet) we sosiologiýa (ilat, onuň durmuş aýratynlyklary bilen baglanyşykly meseleler) bilen aýrylmaz baglanyşykly. Ol ylymlaryň gazanan üstünliklerine esaslanar we öz meselelerini çözýär. Bulardan başga-da durmuş we ykdysady geografiýa ekologiýa bilen hem aýrylmaz baglanyşykly. Bu ylym ekologiki meseleleri sebitara, bütündünýä çäklerinde hem öwrenýär. Bu ylym medisina bilen baglanyşykly. Sebäbi, onuň medisina geografiýasy bölümi bar.

Bu ylym jemgiýetçilik ylmyna has ýakyn hem bolsa, ol tebigy ylymlar bilen aýrylmaz baglanyşykly. Onuň kanunlaryny, kanunalaýyklaryny öwrenýär we degişli netije çykarýar.

Bu ylymyň esasy öwrenýän zady öýküme-sözüň dar we giň manysynda geografiki bardanyň islendik adam ýaşaýan ýerini, onuň tebigy, durmuş aýratynlyklary bilen bilelikde öwrenýär. Aýratyn ülkeleri, sebitleri, döwletleri, olaryň ykdysady, durmuş aýratynlyklaryny öwrenende syýasy meselelere hem köp üns berýär.

Siziň görüşiňiz ýaly "Durmuş we ykdysady geografiýa" beýleki ylymlar bilen, dawaly, olaryň öwrenýän zatlaryny elinden alýan ýaly diýip düşünmegiňiz mümkin. Emma beýle däl. Bu ylmyň esasy öwrenýän zady –önümçilik, onuň giňişlikler boýunça ýerleşişi, wagt içinde özgerişi, döwletiň çäklerinde onuň üýtgeýşi, ykdysady sebitleri (raýonlary), ýerli önümçilik toplumlary, olaryňn giňişlikde we wagt içinde ösüşini öwrenýär. Şu meseleleri (problemalary) beýleki ylymlar öwrenmeýär diýen ýalydyr.

Bu ylym 1985-1990-njy ýyllara çenli "Ykdysady geografiýa" diýip atlandyrylýardy. Emma durmuş meseleleri hem giňden öwrenýänligi sebäpli 1980-nji ýylda Frunzede (häzir Bişkekde), 1985-nji ýylda Kiýewde bolan SSSR geografiýa jemgiýetiniň 7-8-nji gurultaýlarynda onuň adyny "Ykdysady we durmuş geografiýasy" diýip üýtgetmek hakda karara geldiler. Şondan bäri onuň ady "Ykdysady we durmuş geografiýasy" diýip atlandyrylýar.

1.Döwletiň çäklerinde hojalyk pudaklaryny endigan we gyradeň ýerleşdirmek. Eger şeýle edilmese ilat üçin kyn bolýar. Sebäbi özboluşly ykdysady we durmuş kynçylyklary ýüze çykýar.

2. Döwletiň çäklerindäki durmuş-ykdysady sebitleri (raýonlary) öwrenmek we ony gowy öwrenmek netijesinde esaslandyrmak.

Dünýäniň köp döwletlerinde onuň hojalygynyň ösüşi durmuş-ykdysady sebitler boýunça amala aşyrylýar. 3-5-10 ýyllyk hojalygyň ösüş maksatnamalary ykdysady we durmuş sebitler boýunça göz öňünde tutulýar.

3.Her bir ykdysady-durmuş sebitiň tebigy we adamzat baýlyklaryny hojalygy ösdürmekde tygşytly ulanmak üçin şol sebitleri ykdysady we durmuş taýdan çuňňur öwrenmek.

4.Döwletiň çäklerinde aýratyn şäherleri we şäherçeleri ykdysady we durmuş taýdan çuňňur ösdürmek üçin onuň aýratynlyklaryny tapyp öwrenmek. Beýleki şäherler we şäherçeler bilen bolan ykdysady we durmuş gatnaşyklaryna uly üns bermeli.

5.Döwletiň ykdysadiýetini ösdürmek maksady bilen aýratyn alnan senagat, oba hojalyk, ulag pudaklaryny, olaryň önümçilik gatnaşyklaryny öwrenmek. Olary ösdürmeklik üçin teklipleri, çäreleri işläp düzmek.

6.Döwletiň çäginde öndüriji güýçleri tygşytly peýdalanmak maksady bilen ilaty we onuň görkezijilerini takyk öwrenmek. Ilat islendik döwletde esasy öndüriji güýç hasaplanýar. Onuň ýyllar boýunça artyşyny, ýogalyşyny, hereketini, sowatlylyk, işe ýaramlylyk derejesini, şäher we oba ilatynyň ýagdaýyny, ýaş aýratynlygyny, jynsyny öwrenmek has zerur hasaplanýar.

7.Döwletiň içindäki we goňşy döwletlerindäki zähmet bölünişigi bilmek zerur. Zähmet bölünişik boýunça senagatyň, oba hojalygyň, ulaglaryň, hyzmat ediş gullugyň ýörüteleşişini kesgitläp bolýar. Täze kärhanalary gurmak üçin, eger zerurlyk ýüze çyksa ýurduň çäginden we goňşy döwletlerden hünärmenler çagyryp bolýar.

8.Bazar ykdysadiýetine geçilýän döwürde tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak örän zerur hasaplanýar. Akademik I.P.Geresimowyň belleýşi ýaly tebigy baýlyklary hojalykda peýdalanmakda kyn we çylşyrymly meseleleri geografiýa

ylymynyň wekilleri çözüp biler. Sebäbi, bu mesele bilen ir döwürlerden bäri geografiýa ylmy meşgullanýar.

9.Döwletiň ykdysadiýetini ösdürmekligiň maksatnamasyny (1-5 ýyllyk) düzmeklige işeňňir gatnaşmak, ýakyn geljege (10-15 ýyllyk) öndüriji güýçleri ösdürmekligiň çaklamasyny (prognoz) taýýarlamak.

10.Ýerleriň melioratiw ýagdaýyny, rekreasion baýlyklary öwrenip olary rejeli peýdalanmak boýunça degişli guramalara teklipler taýýarlamak. Döwletiň çäginde, suwarymly ekerançylyk alnyp barylýan ýerlerde şorlaşmak bolup geçýär. Ýerleri haşal otlar basýar. Suwly ýaplaryň, howdanlaryň boýlarynda, ekerançylyk alnyp barylýan ýerlerde tokaý agaçlary ekip ýerli halkyň dynç almak mümkinçiligini döretmek hakda teklipler işläp taýýarlamaly.

11.Döwletiň çäginde taryhy we tebigy ýadygärlikleri öwrenip syýahatçylygy (turizmi) ösdürmek barada öz ylmy garaýyşlaryňy degişli guramalara hödürlemek.

12. Döwletiň çäginde, etraplarda, welaýatlarda ilata durmuş taýdan hyzmat edilişini çuňňur öwrenmek gerek. Sebäni döwletde zähmet baýlyklary rejeli peýdalanmak örän zerur zat. Şonuň üçin ilata hyzmat ediş gullugy giň gerim bilen ösdürmeli.

13.Ykdysady we durmuş geografiýanyň esasy şahalarynyň biri "Syýasy geografiýa" hasaplanýar. Dünýäniň köp döwletlerinde ylmy-barlag institutlarda, ýokary okuw jaýlarda syýasy geografiýa uly üns berilýär. Islendik döwletiň ykdysadiýetiniň astynda syýasat ýatyr. Syýasata ykdysadiýetiň iň soňky netijesi hökmünde seredilýär.

14.Her bir döwletde goňşy döwletler bilen ykdysady gatnaşyklary ýola goýmak, ony ösdürmek barada uly alada edýärler. Sebäbi, döwlet näçe ösen hem bolsa olar bir-birinden üzňe ýaşap bilmezler. Döwletleriň, hemmesi üçin ykdysady, medeni, ylmy gatnaşyklar örän zerur hasaplanýar.

Durmuş we ykdysady geografiýa beýleki ylymlar bilen deňeşdirme ol hojalygyň, senagatyň, oba hojalygyň, ulaglar we aragatnaşyk ulgamlaryň, ilata hyzmat ediş gullugyň we ş.m. aýratyn etraplarda, welaýatlarda, döwletiň çäginde ýerleşişini we aýratynlyklaryny öwrenýär. Şonuň bilen birlikde bu ylmyň esasy meseleleriniň biri tebigy baýlyklary we şertleri rejeli peýdalanmal meselesi bilen hem meşgullanýar. Halk hojalyk pudakaryny döwletiň çäginde ýerleşdiriş kanunlary we kanunalaýyklyklary öwrenýär, şol meseleleri işläp düzýär. Ykdysady we durmuş geografiýasy bilen meşgullanýan hünärmenler halk hojalygy ösdürmekligiň maksatnamalaryny işläp düzmäge hem işeňňir gatnaşýarlar. Şeýlelikde bu ylym hojalyk üçin has zerur meseleleriň üstünde işleýär. Netije-de, durmuş we ykdysady geografiýa hojalygy ýerleşdirmekde, ony ösdürmekde uly ähmiýete eýe bolýar. Ir döwürlerden bäri dünýäniň hojalygyny ösdürmekde, daşary ykdysady gatnaşyklary guramakda, syýasaty gowulandyrmakda ylmyň örän uly ähmiýeti bolan.

**Edebiýat.**

Алаев Э.Б. Социально-экономическая география: понятийно-терминологический словарь. Москва, «Мысль», 1983.

Голубчик М.М. и др. Экономическая и социальная география. Основы науки. Москва, «Владос», 2003.

Дмитриевский Ю.Д. Экономическая, социальная и политическая география Мира. Регионы и страны. Москва, «Гардарики», 2002.

Oraýew N.O. Türkmenistanyň ykdysady geografiýasy. Aşgabat, 1992

Радионова И.А., БунаковаТ.М.Экономическаягеография.Москва,«Дрофа»,1999.

Радионова И.А., БуноваТ.М.Экономическаягеография.Москва,«Дрофа»,1999.

Саушкин Ю.Г. Географическая наука в прошлом, настоящем, будущем. Москва, «Просвещение», 1980.

Семевский Б.Н. Введение в экономическую географию. Ленинград, ЛГУ, 1976.

Солнцев Н.А. В чем различие между фацией и биоценозом. «Вестник Моск.ун-та», сер.географ., 1967, № 2, с.144-14

Oraýew N.O. Türkmenistanyň ykdysady geografiýasy. Aşgabat, 1992

Çaryýew B., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: köpelişi, düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň neşirýaty, 2004.

Hudaýýarow M. Önümçiligi ýerlerde ýerleşdirmekligiň kanunalaýyklyklary, ýörelge- leri we şertleri. Altyn asyryň ykdysadyýeti jurnaly, 2003, № 1, sah.21-28.

Hudaýýarow M. Dünýäniň ilatynyň energetik çig-mallar bilen üpjünçiligi. Altyn Asyryň ykdysadyýeti, № 7, 2006(türkmen, rus, iňlis dillerinde).

Hudaýýarow M. Türkmenistanda we dünýäniň käbir döwletlerinde senagat önümçiliginiň kemele gelmeginiň we ösmeginiň taryhy-geografiki ähtleri we aýratynlyklary. Altyn Asyryň ykdysadyýeti, № 2, 2007(türkmen, rus, iňlis dillerinde).

## 10. Ykdysady we durmuş geeografiýanyň barlag usullary.

Pudaklaýyn, ýörüte we köp taraplaýyn barlag usullaryň maksatlary. Tebigy hadysalar bilen jemgiýetiň arasyndaky arabaglanşyk öndüriji güýçleriň ýerleşmegini ýüze çykarmak we anyklamak üçin esasy teoretiki çeşmeler. Giňlik – wagt içindäki

derňew ykdysady geografiki barlaglaryň esasy ýörelgelerniň biridir. Taryhy usul unuň ähmiýeti we ykdysady geografiýada ulanylyşy. Barlaglaryň kartografiki usullary, olaryň artykmaçlyklary. Barlaglaryň masştaby.

Tebigat-bu hakyky bar bolan maddy dünýä, ol hereket edýän dürli sypatdaky we görnüşdäki jisimler. Şol sebäpli gün ulgamyndaky ähli jisimler tebigaty düzýär sözüň pelsepe manysynda tebigata görýän we görmeýän zatlarymyzyň hemmesi girýär.

Tebigy sreda-tebigy şertleriň we baýlyklaryň jemi. Tebigy şertler janly dünýäniň ýaşamagy üçin zerur zatlar: günüň ýagtysy, ýylylygy; klimat aýratynlyklar (howanyň ýylylygy we sowuklygy, çyglylygy; basyşy; pasyllar boýunça üýtgeýşi we ş.m.) ýer üstüniň gurluşy degişli. Tebigy baýlyklara-ýerden gazylyp alynýan ähli baýlyklar, ýer, suw, ösümlik we haýwanat baýlyklary degişli.

Tebigy, ýa-da geografiki sreda adamzat we ähli janly jandarlar üçin üç sany şerti ýerine ýetirýär: 1.ýaşaýyş şerti bolup hyzmat edýär; 2.ýaşamak üçin ýer, orun emele getirýär; 3.ýaşaýyş serişdeleri bilen üpjin edýär.

Adamzadyň özi tebigatyň önümi bolup durýar. Ol tebigy, ýa-da geografik sredanyň biologiki we fiziki kanunlaryna boýun bolýar. Adam köp halatlarda öz zähmedi bilen emeli, ýa-da durmuş sredany döredýär. Ýagny ýaşamak we işlemek üçin şert döreýär. Ol hökmany ýagdaýda tebigatyň kanunlaryna tabyn bolýar. Adam ähli döredýän zatlaryny, şol sanda iýýän iýmitini, geýýän eşigini, münýän maşynyny hem tebigatdan öz çeken zähmediniň haky, paýy hökmünde alýar. Tebigy, geografiki sreda ähli adamlar üçin ýaşaýyş çeşmesi, olaryň önüm öndürmegi, aslynda ýaşamagy üçin örän zerur zat.

Ykdysady we durmuş geografiýanyň barlag usullary adamzat jemgyýetiniň ösüşi bilen baglanyşykly. Adamlar özleriniň akyl-paýhasy, zähmet bölünişigi, önüm öndürmegi arkaly jemgiýeti emele getirýärler. Tebigat hiç haçan hem jemgyýetiň ösmegini, onuň

nähili durmuşy ösdürmelidigini kesgitläp bermändi. Jemgiýetiň ösmegine esasy güýç, ol hem önümçiligiň usuly, täri-şolaryň esasynda adamlaryň maddy nygmatlary öndürmekligi. Önümçiligiň usuly we täri jemgyýet bilen tebigy sredanyň arasynda kesgitli özara gatnaşyklary ýola goýýar.

Geografiki barlaglarda esasy üns tehniki we tehnologiki ösüşe berilýär.Gadym zamanlarda we orta asyrlarda jemgiýetiň ulanan zähmet gurallary ýönekeý bolansoň tebigat bilen olaryň arasynda gapma-garşylyk ýüze çykmandyr. Soňky ýyllarda olaryň zähmet gurallarynyň has kämilleşmegi bilen olaryň tebigata edýän täsirleri has güýçlenip başlandyr. Tebigy şertleriň we baýlyklaryň ulanylyşy jemgiýetiň durmuş-ykdysady gurluşy bilen baglanyşykly bolýar. Jemgyýet nähili ösen we kämilleşen bolanda-da olaryň arasynda sazlaşyk bolmaly. Şol sazlaşygy kadalaşdyrmak, jemgiýet bilen tebigatyň arasyndaky arabaglanyşygy ykdysady we durmuş geografiýasy öwrenýär.Tebigat ilata-da, onuň hojalygynyň ösüşine-de bagly däl. Onuň ösüş aýratynlyklary, kanunlary we kanunalaýyklyklary bar.

Ykdysady we durmuş geografiýanyň barlag usullarynda esasy meseleleriň biri ekologiýa meselesi bolup durýar. Ilatyň, adamzat jemgiýetiň bar we ýaşaýan ýerlerinde tebigat bilen olaryň arasynda gatnaşyk başlanýar. Şol gatnaşyklary çuňňur öwrenmek birinji-den adamzat jemgiýetine zerur. Sebäbi adamzat özüniň hojalyk ulgamyny dowam etdirmek we ösdürmek üçin tebigatyň şertleinden (ýerinden, howasyndan, suwundan, ýagtylyk we ýylylyk energiýasyndan) peýdalanýar. Ondan başga-da maddy önümçiligi üçin onuň baýlyklaryny hem ulanýar. Ilat tebigy şertleri (ýer-suwdan) öňňesini näçe ulananda-da tebigata uly zyýan ýetmeýär. Emma tebigy baýlyklary rejeli ulanman bisarpa peýdalanylsa onda onuň soňy, ilaty betbagtçylyga getirýär. Muňa mysal edip getirmäge mysal köp. Şeýle ýagdaýda siwilizasiýanyň soňy puç bolýar. Ilat öz

hojalyk ulgamlaryny, mekan tutan mesgenini taşlamaga mejbur bolýar.

Tebigat –ilat, onuň hojalyk ulgamlarynyň arasynda näsazlyk ýüze çyksa, ony öwrenip tebigy şertleri we baýlyklry adamzat üçin döreden tebigata ýakyndan kömek bermegi unutmaly däl! Gerek ýerinde tebigata ýardam edilse, oňa tebigy baýlyklaryny dikeltmäge kömek edilse tebigat-ilat-hojalyk ulgamyň bütewiligi elmydama saklanar. Durmuş ulgamlarynyň ösüşi dünýäniň hemme döwletlerinde birmeňzeş däl. Dünýäniň ykdysady taýdan has ösen döwletlerinde ilatyň tebigy köplişiniň pesligi zerarly durmuş hajaty oňat guralan. Olaryň ýaşaýyş jaý üpjünçiligi, durmuş hyzmaty gullugy beýleki orta ösen we ösýän döwletlere garanda gowy berjaý edilen. Munuň esasy sebäbi önümçiligiň ösüşine we ýerleşişine bagly. Ösen döwletlerde önümçilik doly mehanizasiýalaşan we awtomatizasiýalaşan. Şol sebäpli, olaryň önümçiliginde agyr zähmedi awtomatik ulgamlar, robotlar ýerine ýetirýärler. Şol sebäpli adamlaryň zähmet şertleri, ýaşaýyş derejesi has ýokary. Ösen döwletleriň oba hojalyk kärhanlarynda hem agyr zähmedi diňe mehanizimleriň kömegi bilen ýerine ýetirýärler. Adamlar esasy jogapkär ýerlerde özleriniň işlerini ýerine ýetirýärler. Ähli işgärleriň ýokary bilimli bolmagyny gazanýarlar. Eger işleýän işgär ýokary bilimli bolsa onuň öndürijiligi has ýokary bolýar. Döwletde we islendik kähana ýokay peýda, hem-de girdeýji getirýär. Orta derejedäki ösen döwletlede hem ýagdaý erbet däl. Durmuş hajatlaryň guralyşy elýeter diýen ýalydyr. Ol döwletlerde hem ilata durmuş hyzmatyny berjaý etmek ýokary derejä golaýlaşdyrylýar. Munuň esasy sebäpleriniň biri zähmet öndürijiligiň ýokary bolmagy, şoňa baglylykda zähmet hakyň ýaşamak üçin ýeterlip bolmagydyr. Şol sebäpli ykdysady taýdan has ösen döwletlerde işçileriň we gullukçylaryň esasy bölegi durmuş hyzmaty gullugynda zähmet çekýärler. Bu pudaklar ösen döwletleriň köpüsinde has düşewintli pudak hasaplanýar.

Ykdysady we durmuş geografiýanyň esasy öwrenýän meseleleriniň biri durmuş hyzmaty gullugy kärhanalaydyr. Ilatyň çalt köpelýän, Ösýän ýurtlarda durmuş hyzmaty gullugy haýal döredilýär. Onuň sebäbi bu görnüşli döwltlerde senagat kärhanalary haýal gurulýar. Oba hojalyk, ulag ulgamlary haýal ösýär. Döwletiň esasy maýa goýumlary senagaty, oba hojalygy, ulaglar ulgamyny ösdürmeklige gönüklendirilýär. Şol sebäpli, hem durmuş hyzmaty gullugy haýal aýaga galýar. Sebäbi ony ösdürmäge döwletde öndüriji güýçleriň ösüşi, jemgiýetçilik gatnaşyklaryň amala aşyrylyşy mümkinçilik bermeýär, önümçiligiň derejesi, olaryň gerekli mehanizmler, enjamlar bilen üpjün edilişi pes. Tersine ilat çalt köpelýär. Ony döwlet iş, ýaşaýyş jaý, durmuş hyzmaty bilen üpjin edip bilmeýär. Şu sebäpli ol görnüşdäki döwletlerde durmuş-demografik hadysalar emele gelýärler.

Ykdysady we durmuş geografiýasy boýunça işleýän hünärmenler Ýer ýüzünde bolýan tebigy hadysalary, olaryň hojallyga edýän täsirlerini hem öwrenýärler.Tebigy hadysalar dürli-dürli bolýar. Olardan has aýylgançlarynyň biri güýçli ýer titremesi bolup durýar. Alp dag ulgamynyň ýaýran ýerlerinde güýçli ýer titremeler bolup durýar. Türkmenistanyň günorta welaýatlary 7-9 bally ýer yranýan ýerlere degişli. Şonuň üçin hojalyk kärhanalary guranda, olary gurmaklyk maslahat berlende şol tebigy betbagtçylygy göz öňünde tutup, guruljak ymaratlary has berk gurmaly. Jaýlaryň esasy sütünleri demir-betondan bolsa maksada laýyk bolýar.

Tebigy hadysalaryň ikinji bir howplusy sil gelmegi we derýa joşmasy. Siliň geljek ugurlrynda derýalaryň çaýlymynda jaý gurmak we ekin ekmek maksada laýyk däl. Şol ýerleri diňe rekrasiýa, dynç alyş maksatlary üçin ulanmak zerurdyr. Ol ýerlerde sil gelýän ugurlary agaç ekip berkitmek işleri amala aşyrmaly.

Tozanly howa we apy-tupan hem hojalyk kärhanalaryna, şol sanda oba hojalyga uly zyýan berýär. Şonuň üçin ýeliň esasy öwüsýän ugurlaryna ters edilip tokaý zolaklary döredilýär. Ol tokaý

zolaklary oba hojalyk ekinlerini şol apy-tupanlardan goraýar. Ekinleriň hasyllylygyna gowy täsir edýär.Tebigy hadysalary öwrenip olary hojalyga zyýansyz bolmagyny gazanmak ykdysady we durmuş geografiýanyň esasy meseleleriniň biri bolup durýar.Islendik döwletde özboluşy, şol döwlete häsiýetli geodemografik hadysalar bolýar. Ilaty tebigy, mehaniki köpelişini köp döwletler emeli ýol bilen dolandyrýarlar. Sebäbi, ilaty döwletiniň çäginde ýerleşdirmek, olary iýmit durmuş hyzmaty, bilim, ylym bilen üpjin etmek ýaly meseleler ýüze çykýar. Şonuň üçin her döwletiň özüne mahsus geodemografik meseleleri bar. Mysal üçin, has ösen döwletlerde ýaşlaryň sanynyň azalmagy, garrylaryň we gartaşan adamlaryň köpelmegi ýaly meseleler häsiýetli. Şol döwletler üçin geljekde watanyny goramak meselesi esasy problemalaryň biri bolup durýar. Şu problemalary oňaýly çözer ýaly ykdysady we durmuş geografiýanyň öňünde uly wezipeler, ýagny ylmy-barlag işler edilende şu meselelere uly üns bermeli.

Öň belläp geçişimiz ýaly, tebigat, onuň çäklerinde belli bir ýerde ýerleşen ilat we onuň hojalyk kärhanalary özaralarynda bir-birine päsgelsiz, garşylyksyz hereket etmelidirler. Ol üçlemäniň esasy sypatlarynyň biri-bir-birine zyýansyz bolmagydyr. Tebigatda islendik ýerde mekan tutan ilat, onuň sowatly adamlary, ylmy we döwlet işgärleri şol ýeriň tebigy aýratynlyklaryny bilip, şoňa garşy durmaýan senagat, oba hojalyk ulag ulgamlaryny ösdüriler, bu üçleme üçin hiç hili howp döremeýär. Olar uzak ýyllaryň dowamynda agzybirlikde tebigatda we onuň böleklerine zyýan bermezden ýaşaşyp bilerler. Eger-de, adamzat diňe öz bähbidini göz öňüne tutup tebigy baýlyklardan açgözlik bilen peýdalansa, diňe tebigata däl, eýsem öz hojalygyna uly zyýan ýetirýär. Şonuň üçin ykdysady we durmuş geografiýanyň öňünde durýan esasy wezipe şol üçlemäniň tebigatyň, onuň şertleriniň we tebigy baýlyklarynyň ulanylyşyny kadalaşdyrmaly. Ýeriň islendik çäginde tebigy

deňeçerligi (balansy), deňagramlylygy saklamak ähli ynsanyň borjy hasaplanýar.

## Edebiýat.

Алаев Э.Б. Социально-экономическая география: понятийно-терминологический словарь. Москва, «Мысль», 1983.

Голубчик М.М. и др. Экономическая и социальная география. Основы науки. Москва, «Владос», 2003.

Дмитриевский Ю.Д. Экономическая, социальная и политическая география Мира. Регионы и страны. Москва, «Гардарики», 2002.

Oraýew N.O. Türkmenistanyň ykdysady geografiýasy. Aşgabat, 1992

Радионова И.А., БунаковаТ.М.Экономическаягеография.Москва,«Дрофа»,1999.

Радионова И.А., БунаковаТ.М.Экономическаягеография.Москва,«Дрофа»,1999.

Саушкин Ю.Г. Географическая наука в прошлом, настоящем, будущем. Москва, «Просвещение», 1980.

Семевский Б.Н. Введение в экономическую географию. Ленинград, ЛГУ, 1976.

Солнцев Н.А. В чем различие между фацией и биоценозом. «Вестник Моск.ун-та», сер.географ., 1967, № 2, с.144-14

Oraýew N.O. Türkmenistanyň ykdysady geografiýasy. Aşgabat, 1992

Çaryýew B., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: köpelişi, düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň neşirýaty, 2004.

Hudaýýarow M. Önümçiligi ýerlerde ýerleşdirmekligiñ kanunalaýyklyklary, ýörelge- leri we şertleri. Altyn asyryñ ykdysadyýeti jurnaly, 2003, № 1, sah.21-28.
Hudaýýarow M. Dünýäniň ilatynyň energetik çig-mallar bilen üpjünçiligi. Altyn Asyryň ykdysadyýeti, № 7, 2006(türkmen, rus, iňlis dillerinde).
Hudaýýarow M. Türkmenistanda we dünýäniň käbir döwletlerinde senagat önümçiliginiň kemele gelmeginiň we ösmeginiň taryhy-geografiki ähtleri we aýratynlyklary. Altyn Asyryň ykdysadyýeti, № 2, 2007(türkmen, rus, iňlis dillerinde).

## 11. Durmuş- ykdysady geografik barlaglary geçirmek üçin maglumatlary jemlemek.

Ykdysady geografiki barlaglaryň ilkinji maglumatlary. Olaryň döreýşi we ýygnalyşy. Olary işlemek usullary. Habar beriş maglumatlary, olaryň döreýiş çeşmeleri ýygnalyşy, işlenilişi we berilişi. Halkara maglumatlaryň esasy ýygyndylary, olaryň elýetliligi we olardan peýdalanmak. Ylmy edebiýat bilen işlemek usullary.

Ykdysady we durmuş geografiýadan islendik prroblemanyň, meseläniň üstünde işlenende berlen ýumuşa görä, ilki şol ugurdan ýazylan teoretiki we tejribe ylmy işler bilen tanyş bolmak örän zerur hasaplanylýar. Ony ilki D.Azady adyndaky milli kitaphanadan başlamaly. Şol ýerde jemlenen, öz meseläň, ugruň boýunça ýazylan edebiýatlaryň sanawyny düzmeli. Sanawy ýazylanda ylmy işiň eýesiniň ady, atasynyň ady, ylmy işiň ady, çykarylan şäheri, çaphananyň ady, çykan ýyly, göwrümi (sahypa sany) görkezilýär. Çykarylan ylmy işleri okap, gerekli ýerlerini, sahypasyny görkezip, özüne aýratyn kitapça ýazyp almaly. Sebäbi şol ýazylan zatlary soň kurs, diplom, disseertasion, ýa-da ylmy iş ýazanyňda taýýar maglumat bolýar. Degişli edebiýatlar bilen tanyş bolanyňyzdan soňra

etjek işiň mazmunyny (planyny), maksatnamasyny düzmeli. Ýerine ýetirjek bolýan işiň öňki edilen işlerden tapawutlanýan bolmaly. Öňki barlagçylaryň ýerne ýetirrip bilmedik meselelerini goşmaly. Ýazuw işine başlanyňda hökman meýdan maglumatlary giňräk ulanmaly.

**Deňeşdirme usuly.** Ýazgy berýän etrabyňy, welaýatyňy goňşy welaýat we etraplar bilen deňeşdiirilip ýazylanda käbir nysanlyklaryň üstüni açyp bolýar. Deňeşdirme usuly ykdyady we durmuş geografiiýada ir wagtlardan bäri giňden ulanylýar. Islendik döwletiň ösüşi, ösüş aýratynlyklary şol bir meňzeşräk şertlerde ýerleşen döwlet bilen deňeşdiriilende kanunalaýyklyklary ýüze çykaryp bolýar. Ösüş aýratynlyklaryny deňeşdirip gowy netijä gelinýär. Bu usul bilen bir hatarda dürli hasabatlary (statistiki maglumatlary) ulanýarlar. Ykdysady we durmuş geograafiýa degişli işleriň hemmesinde diýen ýaly öň çapdan çykan we golýazma, hasabat maglumatlary peýdalanylýar. Saýlanyp alnan meseläniň her bir pudagy (soragy) boýunça bir boldugyndan statistiki maglumatlar ulanylyp, seljerilip ýazylsa iş maksadyna ýetýär. Hasabatsyz (statiistiki maglumatsyz) ykdysady we durmuş geografiýany göz öňüne getirmek kyn. Bu usul XVII-XVIII-nji asyrlardan bäri ulanylýan ykdysady geografiki usul hasaplanylýar.

**Kartografik usul** – durmuş we ykdysady geografiýada ir wagtlardan bäri giň ulanylýan usul hasaplanýar. Islendik ykdysady geografiik barlag işi kartasyz ýeriine ýetirilmeýär. N.N.Baranskiniň ýazmagyna görä “Karta geografiýa ylmy üçin alfa we omegadyr” “Geografiýa karta bilen başlanyp karta bilen hem gutarýar.” Geograiýada ähli ýazgylary kartada aňladyp bolýar. Şonuň üçin bu usul has köp we giňden ulanylýan usuldyr.

**Matematiki usul** – ykdysady we durmuş geografiiýasy döräni bäri ulanylyp gelinýär. Matematiki maglumatsyz ykdysadiýetiň netijelerini aňlatmak mümkin däl. Köphalatlarda ykdysady

geografiýada matematiki çözgütleriň (formulalaryň, deňlemeleriň) kömegi bilen köp meseleleri tiz çözüp bolýar. Şol sebäpli bu usul has ir ulanylyp başlanylan usullaryň biri. Bu usuly köplenç ýagdaýda kompýuterleriň üsti bilen deňlemeler, aýratyn öz maksatnamalary boýunça hasaplanylýar. Ýörüte taýýarlanan maksatnamalar (programmalar) boýunça kompýuterleriň kömegi bilen ykdysady we durmuş geografiýanyň meselelerine degişli çaklamalary (prognozlary) taýýarlap bolýar. Soňky ýyllarda matematiki modelirlemek meselesi giň ulanylýar. Şu problema bilen baglanyşykly ykdysady we durmuş geografiýada ýörüte matematiki usullar ady bilen ýörüte ugur emele geldi. Şu babatda Türkmenistanda ýeke-täk professir E.Ýegengeldiýewiň köp ýazan ylmy işleri we kitaplary, okuw goldanmalary bar. Matematiki modelirlemek usulyň kömegi bilen durmuş we ykdysady geografiýanyň islendik meselesine çaklama (prognoz) berip bolýar.

Öň belläp geçmişimiz ýaly (1-nji soragda) ykdysady geografiki habarlary ýygnamaklygy okalgadan başlaýarlar. Barlaga girişmezden öňürti öz işlejek ugruň boýunça haýsy barlagçylaryň, alymlaryň nähili ylmy makalalar, kitaplar ýazandygyny her bir barlagçy bilmeli. Şol kitap, makala ýazan awtorlar işleýän bolsa olar bilen duşuşyp öz öňünde goýan problemaň (meseläň) barada pikir, maslahat alşyp bolsa has gowy bolýar. Belki, awtor saňa gowy maslahatlar berer. Barlag geçireniňde esasy nähili meselelere üns bermeligini aýdar. Edebiýat maglumatlar bilen bir hatarda kartografiki maglumatlary ýygnamaklygy unutmaly däl. Ikisini ugurdaş alyp barmaly. Soňra edýän işiňe ýetmeýän maglumatlary ýazgy berýän kärhanaňa hökmany ýagdaýda baryp görmeli. Şol kärhananyň ýolbaşçylary bilen duşuşyp, olar bilen gyzyklandyrýan meseleleriň boýunça sorag-jogap alyşmaly. Ýolbaşçylar bilen duşuşmankaň näme hakda sorajakdygyňy öňünden özüne kagyza bellik edip barmaly. Eger şeýle edilmese, sorajak zatlaryňy gyssagara sorasaň esasy soramaly gerek zatlar ýatdan çykmagy

mümkin. Şonuň üçin öňünden taýýaranyp barmay. Soňra ýolbaşçy rugsat etse kärhananyň içine aýlanyp, bölümleri bilen tanyşmaly. Eger rugsat edilse tehnologik ulgamlaryň suratyny almaly. Ony soň hasabatyňa, taýýarlaýan ylmy işiňde goşmaly, ulanmaly. Kärhanada okalgasy, arhiwi bar bolsa oňa baryp tanyşmaly, kärhananyň taryhyna degişli maglumatlary hem ýygnamaly. Öňde baryjy işgärler bilen tanyşyp, gyzykandyrýan meseleler barada soramaly, kärhananyň öndürýän önüminiň hili we mukdary baradaky maglumatlary deňeşdirmek üçin aýratyn ýyllar boýunça ýazyp almaly. Maglumat ýygnaýan wagtyň ýaltanmaly we howlukmaly däl. Sebäbi şol kärhana ýene-de barmak mümkinçiligiň bolmazlygy mümkin. Başaryp bildigiňden köp maglumat ýygnamaly. Artyk ýygnanan maglumatlary soň aýratyn makala ýazmak üçin hem ulanyp bolar. Maglumat ýygnalanda kärhana degişli dürli-dürli ýyllar boýunça statistiki maglumatlary hem almaly.

Soňra kärhana öndürýän önümini nirä göýberýär. Näçerägi ýurduň öz içine, näçe önüm daşary ýurtlara çykarylýar, şol zatlary hem anyklamaly. Soňunda kärhananyň geljegi baradaky maglumat bar bolsa almaly, ýok bolsa kärhana ýolbaşçylaryndan soramaly.

Ugurdaş kärhanalar bar bolsa olar hakda hem maglumatlary jemlemeli. Soň jemlän maglumatlaryň boýunça hasabat, ylmy iş taýýarlamaly. Ýygnan maglumatlaryňy ylmy ýolbaşçyň maslahat bermeegi bilen ony seljermäge tertibe salmaga we ýazmaga başlamaly.

Ýygnan maglumatlaryň aýratyn bukjalarda saklamaly. Saklaýan golýazmalaryňy mazmuny boýunça tertipleşdirip, sahypalap, mazmunyny ýazyp goýmaly. Şeýle edilse ondan gerek bölümiňi islendik wagt alyp bolýar. Golýazma maglumatlaryňy mümkin boldugyndan ýagtylygyň azrak düşýän ýerinde saklamaly, islendik kagyz ýagty köp düşse zaýalanýar. Hatlary öçýär. Şol sebäpli saklaýan ýeriňe üns bermeli.

Soňky ýyllarda dünýäniň ösen döwletlerinde ylmyň dürli pudaklary boýunça **geoinformasion merkezler** döredilýär. Ol merkezler köplenç halatlarda uly okalgalaryň ýanynda, ýa-da ylmy-barlag institutlaryň özünde döredilýär. Olar barada dünýäniň köp döwletlerine habar berýärler. Olara köplenç ýagdaýda kompýuterleriň kömegi, internetiň üsti bilen gerekli maglumatlaryňy sorap alyp bolýar. Olar ýaly merkezleri her bir gurply, ylyma medeniýete hormat goýýan döwlet döretýär. Şeýle merkezleriň döredilmegi ylmy işgärleriň zähmedini ýeňilleşdirýär. Ylmy işgärler öz işleýän ýeriniň kärhanasynyň üsti bilen internete birikdirilen bolsa sanlykda wagtyň içinde köp döwletleriň okalgalaryndan gerekli kitaplary, ylmy işleri magnit lentalara, disklere göçürip alyp okap we peýdalanyp bolýar. Şeýle edilende ylmy işgär köp wagt utýar we serişde tygşatlaýar.

Soňra ýyllarda biziň döwletimiziň köp ylmy-barlag institutlary, ýokary okuw jaýlary **internete** çykyp bilýärler. Olaryň üsti bilen öz içinden we gaýry döwletlerden gerekli maglumatlary alyp bilýärler. Bu häzirki zamanyň kompýuter tehnikasynyň we tehnologiýasynyň gazanan üstünlikleriniň biri. Soňky ýyllarda internete hususy kärhanalar we hojalyklar hem goşulýarlar. Döwletimizde täze gurulýan mekdepler, ýokary okuw mekdepleri hem internete birikdirilýär. Şäherlerimizde “Internet-kafeler” döredilýär. Soňluk bilen bu usul has giň ýaýrar.

## Edebiýat.

Алаев Э.Б. Социально-экономическая география: понятийно-терминологический словарь. Москва, «Мысль», 1983.

Голубчик М.М. и др. Экономическая и социальная география. Основы науки. Москва, «Владос», 2003.

Дмитриевский Ю.Д. Экономическая, социальная и политическая география Мира. Регионы и страны. Москва, «Гардарики», 2002.
Oraýew N.O. Türkmenistanyň ykdysady geografiýasy. Aşgabat, 1992
Радионова И.А., БунаковаТ.М.Экономическаягеография.Москва,«Дрофа»,1999.
Радионова И.А., БунаковаТ.М.Экономическаягеография.Москва,«Дрофа»,1999.
Саушкин Ю.Г. Географическая наука в прошлом, настоящем, будущем. Москва, «Просвещение», 1980.
Семевский Б.Н. Введение в экономическую географию. Ленинград, ЛГУ, 1976.
Oraýew N.O. Türkmenistanyň ykdysady geografiýasy. Aşgabat, 1992
Çaryýew B., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: köpelişi, düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň neşirýaty, 2004.
Hudaýýarow M. Önümçiligi ýerlerde ýerleşdirmekligiň kanunalaýyklyklary, ýörelge- leri we şertleri. Altyn asyryň ykdysadyýeti jurnaly, 2003, № 1, sah.21-28.
Hudaýýarow M. Dünýäniň ilatynyň energetik çig-mallar bilen üpjünçiligi. Altyn Asyryň ykdysadyýeti, № 7, 2006(türkmen, rus, iňlis dillerinde).
Hudaýýarow M. Türkmenistanda we dünýäniň käbir döwletlerinde senagat önümçiliginiň kemele gelmeginiň we ösmeginiň taryhy-geografiki ähtleri we aýratynlyklary. Altyn Asyryň ykdysadyýeti, № 2, 2007(türkmen, rus, iňlis dillerinde).

Шарыгин М.Д., Григорьев В.С. Методика экономико-географического исследования промышленнх и транспортных узлов. Пермь, 1981.

## 12.Tebigy baýlyklary öwrenmekligiň hojalyk ähmiýeti.

Döwletiň ýerüstüniň hojalyk üçin ýaramlylygy. Hojalygy ösdürmek üçin gazma baýlyklary ulanmak. Döwletiň çäginde agroklimat şertler we olaryň oba hojalyk üçin amatlylygy. Ýerüsti we ýerasty suwlary tygşytly ulanmak. Döwletiň biologiki baýlyklaryny hojalykda rejeli peýdalanmak.

Ykdysady geografiki barlaglar geçirilende ýurduň, dolandyryş-çäk birlikleriň ýer üstüniň gurluşyna uly üns berilýär. Sebäbi hojalyk kärhanalary ýerleşdirmekde we ösdürmekde relýef uly orun tutýar. Islendik döwletde hojalyk ulgamlary ýer üstüniň gurluşyna görä ýerleşdirilýär we ösdürilýär.

Öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklaryň ösmegi bilen dünýäniň ösen döwletlerinde mineral çig mallaryň käbir görnüşleri etmezçilik edýär. Onuň ýetmezçiligi senagat kärhanalaryň çalt depginler bilen ösmegi, ilatyň köpelmegi we köp döwletlerde gazma baýlyklaryňň ätiýaçlyklarynyň çäkliligi bilen baglanşykly. Soňky ýyllarda tebigy çig mallaryň ulanylyşy has artýar. N. N. Rodzewiç we N. W. Paşkangyň (1986, s. 30) berýän maglumatyna görä 1913-nji ýylda dünýäde jan başyna 4,5 tonna, 1940-njy ýylda 7,4 t, 1960-njy ýylda 14,3 t, 2000-nji ýylda 35-40t. mineral çig mallar öndürilipdir.

1980-nji ýyllarda çykarylan ylmy makalalarda gynançly maglumatlarda duş gelip bolýar. Mysal üçin, A. I. Woronsowyň we N. Z. Haditonowanyň (1977, s. 20) ýazmagyna görä alýuminiý-570 ýyla, demir magdany-250, sink-23, gurşun-19, nebit-110 ýyla ýeter

diýip çaklaýardylar. 2500-nji ýyla çenli adamzat ýerdäki ähli magdanlary gazyp alyp hojalygynda ulanýar diýip pikir edýärdiler. Şol ylmy makalalaryñ ýazylanyna eýýäm 20-25 ýyl geçdi. Emma biz gurşunyñ ýa-da sinkiñ ätiýaçlygy gutarypdyr, diýip eşidemizok. Adamzat jemgiýeti parahatçylykly ýaşaşsa Ýer togalagynyñ mineral çig mallara bolan mümkinçiligi örän uly. 1970-nji ýyllarda çenli adamzat ähli gazyp alýan nebitini we tebigy gazyny gury ýerden gazyp alan bolsa biziñ günlerimizde şolaryñ 25-30%-ni dünýä ummanlarynyñ ýalpak ýerlerinden alýar.

Alymlaryñ geçiren barlaglaryna we pikirlerine görä dünýä ummanlarynyñ düýbi gazma baýlyklara örän baý. Meselem: fosfatlaryñ ätiýaçlyklary dünýä ummanlarynyñ düýbünde 300-600milliard m., polimetallaryñ gorlary (seýrek duş gelýän, marganesli, alýumini, wanadiý, gurşun, kobalt magdanly) 10000 trillion t. barabar diýip ýazýarlar.

T. S. Haçaturowyň (1982) pikirine görä anyklanan demriñ ätiýaçlyklary
-1815.10 t, misiňki-242,10 t, uranyňky –1855,10 t, alýumininiñki-38,5.10 t.barabar. Şu maglumatlardan görnüşi ýaly ýeriň mümkinçiligi örän uly. Onda-da esasy bir zady adamzat ýatdan çykarmaly däl, ol hem şol mineral baýlyklary tygşytly peýdalanmaly.

SSSR Ylymlar akademiýasynyñ okeanologiýa inistitutynyñ işgärleri Ýuwaş okeanda Galapagos adalarynyñ günorta-gündogar böleginde Ýuwaş ummanyň düýbünde dürli hilli metal tapypdyrlar. Ol metally ýerleriň meýdany 20 mln inedördül km-i tutýarmyş. Gyzyl deňziň düýbünde hem demir magdany köp diýip ýazýarlar.

Siziň beýleki derslerden bilşiňiz ýaly dünýäniñ hemme döwletlerinde olaryñ ýeriniñ asty geologik taýdan gowy öwrenilen däl. Bu esasan Afrika, Aziýa, Latyn Amerikasy döwletlere degişli. Ýangyç meselesinde Ýeriñ mümkinçiligi örän uly, sebäbi dünýäniñ köp döwletlerinde täze nebitli, gazly, kömürli ýerler tapylýar.

Adamzat ummanlaryñ ýalpak ýerlerinden köp möçberde nebitli, tebigy gazly we beýleki mineral çig mallary gazyp almaga girişýärler.

Dünýäniñ ösen we ösýän döwletlerinde milli ylmyñ ösmekligine uly üns beriýär. Netijede dürli ylmy açyşlar we tehnikada, tilsimat meselelerinde uly öñe gidişlikler bolýar. Bu öz gezeginde senagat, oba hojalyk kärhanalarynda ýokary hilli we dünýä ülñüne gabat gelýän önümleri öndürmeklige mümkinçilik berýär. Ylmy-tehniki ösüşiñ esasy meseleleriniñ biri energiýany az sarp edýän tehnikany we tilsimatlary döretmek we olary önümçilige ýerleşdirmek bolup durýar. Olaryñ netijesinde ösen döwletler gowy ykdysady girdeji hem alýarlar. Energiýany we energiýa öndürmek üçin gerek bolan çig mallary tygşytlaýarlar. Siz mekdepde we uniwersitetde okan wagtlaryñyz energiýa almaklygyñ täze çig mallary hakynda eşidensiñiz. Olara ýeliñ, güniñ, gyzgyn çeşmeleriñ energiýasyndan peýdalanýan daglyk yerlerde, derýalarda gurulýan suw elektrik, ýangyçsyz ýerlerde atom elektrik stansiýalary degişli. Ýeliñ güýjinden peýdalanýan stansiýalar dag eteklerinde, deñizlere, ummanlara golaý kenarýakalarda gurulýar.

Günüñ ýyllyk energiýasynda her hili ýagdaýda hojalykda peýdalanýar. Günüñ ýagtylygy bilen işleýän batereýalar bar. Dünýäniñ köp döwletlerinde günüñ ýyllyk, ýagtylyk energiýasyndan elektrik toguny öndürmek barada alymlar köp ylmy iş edýärler. Gün elekrik stansiýalary gurmak hakda alada edýärler.

Daglyk ýerlerde, derýalaryñ bosagalarynda, şaflawuklarynda suw elektrik stansiýalary gurýarlar. Dünýäniñ daglyk ýerlerinde ýerleşen döwletleriñ köpüsinde suw elektrik stansiýalary bar. Olar döwletde öndüriýän elektrik energiýanyñ ep-esli bölegini berýärler

T. S. Haçaturowyñ (1982) maglumatyna görä termoýadro tehnologiýa geljekde adamzady 53 mlrd ýyl energiýa bilen üpjin eder.

Ýer togalagy uran magdanyna örän baý diýýärler. Adaty toprakda bir tonnasynda 3-4 grama çenli uran magdany bar. Ylmyň tehnikanyň ösmegi bilen ony geljekde adamzat ulanyp biler.

Dünýä ummanlarynyň göwrümi 1.34 milliard kub kilometr bolup özünde $38.10^{22}$ kkal ýylylyk saklanýar. Bu ýylylyk Ýeriň üstüne 600 ýyllap düşýän günüň energiýasyna barabardyr.

Ýer ýüzünde 65 klass haýwan görnüşleri bolup, şonuň 51-i dünýä ummanlarynda ýaşaýar. Ummanlarda haýwanlaryň agramy ösümliklere garanda 20 esse artykdyr. BMG hünärmenleriniň hasaplanmalaryna görä dünýä ummanlarynda balygyň ätiýaçlygy 230-250 mln tonna möçberindedir. Balyk tutulyşyny 95-100 mln tonna möçberden köp tutmak bolmaýar. Ondan köp tutulsa olaryň genefonduna uly zyýan ýetiriler, gutarmak howpy abanar. Dünýä ummanlarynda balykdan başgada her hili deňiz, umman jandarlary tutulýar. Olardan başgada tropiki, ýa-da ekwatorial guşaklyklarda merlen tutulýar we ösdürilip ýetişdirilýär. Bu meselede Ýaponiýa öňdäki orny eýeleýär. Öň belläp geçişimiz ýaly ummanlaryň gury ýer ýalpaklarynda, käbir deňizleriň (Demirgazyk, Hazar deňizleri, Meksika aýlaglary) çäginden nebit we tebigy gaz gazylyp alynýar. Ummanlaryň suwuny fiziki ýol bilen süýjüdip Afrikada, Aziýada köp döwleyler hojalykda ulanýarlar. Muňa Gazagystanyň Aktau şäheri hem mysal bolup biler.

Antropogen zyňyndylar ummanlaryň biologiki baýlyklaryna uly zyýan ýetirýärler. Senagat kärhanalaryň zyňyndylar ummanlarda azodyň, uglerodyň, kükürdiň tebigy aýlanyşyna uly zyýan ýetirýär. Siziň bilşiňiz ýäly ummanlara zyňylýannebit önümleri atmosfera bilen gidrosferanyň arasyndaky kömürturşy gazyň çalyşmagyna zyýan berýär. Sebäbi, atmosferanyň 40% kömürturşy gazyny ummanlar arrassalaýarlar. Netije-de gidrosfera bilen atmosferanyň arasyndaky agram (massa) we energiýa alyş-çalyş hasydasy üýtgeýär. Kükürtli, azotly, fosforly galyndylaryň atmosfera we gidrosfera zyňylmagy umman suwlarynyň turşulygygynyň ýokarlanmagyna getirýär.

Senagat taýdan ösen döwletlerden zyňylýaan hapalar (himiki jisimler we metal erginleri) ummanlaryň suwlarynyň hereketi netijesinde köp ýerlere zyýan ýetýär. Şeýlelikde, ummanlarda ýaşaýan ösümliklerde we haýwanlarda biologiki we fiziologiki üýtgemeler bolup geçýärler.

Dünýä ummanlary atmosferanyň ýylylygyny dolandyrýar. Onuň klimatyna örän uly täsir edýär. Köp halatlarda ummanlar klimatyň döremeginiň açary hasaplanýar. Ondan başga-da ummanlar energiýa örän baý. Amerikan alymlarynyň hasaplamalaryna görä ummanlaryň tolkunlarynyň energiýasy 90 trillion kwt deňdir. Eger tolkunyň beýikligi 3 metr bolsa onda 1 metr aralykdan 1000 kwt, 1 km aralykdan 1 mln kwt energiýa alyp bolýar. Amerikan we Ýapon alymlarynyň hasaplamalaryna görä Atlantik ummanda Golfstrim akymy sekuntda 83 mln kub metr, Kuro-Siwo (Ýuwaş umman) akymy-55 mln kub metr suw akdurýarlar. Şu akymlaryň geçýän ugurlarynda, Dreýka bogazynda (Amerika bilen Antarktika aralygynda), Bering bogazynda (Ýewraziýa bilen Amerika) daşgyn we aýtgyn bilen işlär ýaly elektrostansiýalary gurmaklygy maksat edinýärler. Rus alymlar şolar ýaly elektrostansiýalary ohot we nazar deňizlerniň çäklerinde gurmaklygy masalagat berýärdiler. Elbet-de bu çaklamalar, proekotlar ylmyň tehnikanyň ösmegi bilen geljekde durmuşa geçmegi mümkin zatlar hasaplanýar.

Ylmyň, tehnikanyň, tilsimatlaryň ösüşine laýyklykda geljekde dünýä ummanlary adamzady mineral çig-mal we energiýa ýetmezçiliginden halas edip biler. Sebäbi olaryň suwlarynda ergin halynda köp elementler bar diýip dünýäşniň köp alymlary tasyklaýarlar. T.S. Haçaturowyň (1982) pikirine görä gidrosferanyň suwlarynda alty milýart tonna altyn ergin halynda bar diýip belleýär. Eger bu sany adamzadyň sanyna paýlasaň her ýaşaýja takmynnan bir tonna gyzyl düşýär. Diýmek, dünýä ummanlarnyň energiýa we çig-mal mümkinçilikleri örän uly. Ony diňe parahatçylyk ýol bilen, ösen ylym we tehniki serişdelere esaslanyp peýdalanyp bolar.

Şu sapagyň birinji soragynda belläp geçişimiz ýaly ýer ýüzünde senagat kärhanalary üçin çig-mal we olary kämileşdirmek, ösdürmek üçin energiýa çeşmeleri az däl. Ýeriň gioligiki gurluşy boýunça olaryň dünýäniň döwlertleriniň arasynda deň paýlanyp, ýerleşen däl. Käbir döwletlerde metal (gara we reňkli), käbirlerinde metal däl çig mallary, käsinde ýangyç has baý. Ýene-de bir bellemeli zat, döwletleriň ykdysady ösüşleri hem deň däl. Ykdysady taýdan ösen döwletler çig mallary, energiýany ösýän döwletlere garanda has köp sarp edýärler. Şonuň üçin ol döwletlere mineral çig mallar we energiýa çeşmeleri ýetmezçilik edýär. Dünýä boýunça nebitiň anyklanan ätiýaçlyklary 167 milliard tonna (1995-nji ýyl) bolan bolsa tebigy gazyňky 140 trillion kub metre barabar. Öň belläp geçişimiz ýaly bu entek nebitiň we gazyň anyklanan ätiýaçlygynyň aňry-çägi däl. Mysal üçin Biz Garaşsyzlygymyzy almankak näçe nebitiň we gazyň bardygyny bilemizokdyk. Geçen ýyllarda çenli hem tebigy gazyň gory 23 trillion kub metr bolan bolsa soňky Amerikan, Hytaý we Türkmen hünärmenleriniň geçiren barlaglary esasynda onuň gory 42-44 trillion kub metr. Diýmek bu sanlar ýyl geldikçe artýar, täze gorlar açylýar.

Energiýa çeşmelerini öndürmekde ABŞ dünýäde öndürilýäniniň 19% berýänem bolsa, olary has köp harç edýär. Ýer ýüzünde sarp edilýäniň 25%-e golaýy olara degişli. Ikinji ýerde Russiýa 12.5%-ini öndürip, 9.2-ini özi harçlaýar. Üçünji ýerde Hytaý respublikasy durýar. Şol üç döwletiň paýyna öndürilýän we Sarp ediýän energiýa çeşmeleriniň, energiýanyň 40 prosentinden gowragy degişli.

Şu meseleleri oňyn çözmek üçin hökmany suratda halkara ykdysady hyzmatdaşlyk gerek. Bu ykdysady hyzmatdaşlyk 1960-njy ýylyň sentýabrynda döredilen OPEKdöwletleri guramasynyň (nebiti eksportirleýji döwletleriň guramasy) üsti bilen amala aşyrylýar. Oňa nebit gazyp alýan döwletleriň köpüsi gidýär.

Şu sapagyñ ikinji soragynda atom energetikasy barada gürrüñ gozgapdyk. Dünýäniñ 30-dan gowrak döwletinde atom elektrik stansiýalary işleýärler. Olaryñ işleýşine Atom energiýasy boýunça halkara agentligi (MAGATE) gözegçilik edýär. Ol gurama BMG Baş Assambleýasy tarapyndan 1954-nji ýylyñ 4-nji dekabyrynda
döredildi . Ýolbaşçy guramalary Wena şäherinde ýerleşýär.

Dünýäniñ döwletlerinde, sebitlerinde çig mal, mineral we ýangyç ýetmezçilik meselelerini ösen döwletlerde geografiýa, ykdysadyýet institutlarda "Durmuş we ykdysady geografiýa" hünärmenleri öwrenýärler we bu meseleleri çözmeklige işeññir gatnaşýarlar.Çig malyñ, minerallaryñ we energiýa çeşmeleriniñ esasynda islendik döwletlerde önümçilik kärhanalary ýerleşdirilýär. Şonuñ üçin bu meseläni çözmekde ykdysady geograflaryñ öñünde uly wajyp meseleler durýar. Minerallaryñ, çig mallaryñ we energiýa çeşmeleriñ ýerleşişine we getirilmegine baglylykda önümçilik kärhanalary ýerleşdirmek üçin degerli teklipleri ykdysadçylar we ykdysady geograflar berýärler. Şu mynasybetli hem olary ykdysady geograflar öwrenýärler we degerli netije çykarýarlar.

**Edebiýat.**


Воронцов А.И., Харитонова Н.З. Охрана природы. Москва, «Высшая школа», 1977.

Куракова Л.И. Беседы о природе, обществе и человеке. Москва, 1975.

Родзевич Н.Н., Пашканг Н.В. Охрана и преобразование природы. Москва, «Просвещение», 1986.

Родионова И.А., Бунакова Т.М. экономическая география. Москва, «Дрофа», 1999.


## 13. Ilatyň geografiýasyny öwrenmekligiň usullary.

Ilat döwletiň ykdysadyýetini, medeniýetini, ylmyny ösdürmekligiň esasydyr.
Ilatyň osüşini, ýerleşişini, artyşyny we hereketini öwrenmek.
Ilatyň milli jyns, din aýratynlyklaryny we bilim derejesini, işe ýaramlylygyny öwrenmek.

Ilat her bir döwletde esasy öndüriji güýç hasaplanýar. Ony öwrenmekligiň halk hojalyk ähmiýeti ulydyr. Döwletler emele gelip başlanlaryndan köpüsinde ilat ýazuwy geçirilip baslanypdyr. Ilat ýazuwynyň esasynda döwletiň çäginde ýakyn ýyllara ilatyň sanynyň artyşyna görä iş ýerleri döredilýär. Çagalar baglary, mekdepler gurulýar. Ilatyň sanyna baglylykda döwletiň çäginde iýmit önümleri öndürilýär. Diýmek, döwletiň çäginde ähli edilýän we edilmeli işler adamlaryň sanyna görä meýilnamalaşdyrylýar. Ilata degişli maglumatlar her ýylda döwletlerde çap edilýän halk hojalygynyň ösüşini görkezýän ýygyndylarda beýan edilýär. Emma ähli döwletlerde diýen ýaly ilata degişli käbir maglumatlar döwlet syry hasaplanýar. Şol sebäpli ilata degişli hemme maglumatlar çap edilmeýär. Oňa degişli maglumatlary ilat ýazuwynyň çap edilen kitaplaryndan alyp bolýar.

1999-njy ýylyň 12-nji oktýabrynda Ýer ýüzünde ýaşaýan adamlaryň sany 6 milliarddan geçdi. Ilatyň sanynyň artyşy hmme döwletlerde birmeňzeş däl. Ykdysady taýdan ösen döwletlerde ilatyň tebigy ösüşi bir prosntden hem pes. Olaryň köpüsinde ilat göçüp gelýänleriň hasabyna artýar. Ykdygsady aýdan gowşak ösen, ösýän döwletlerde ilat 2-3% aralygynda köpelýär.

Ýer ýüzünde demografiki ýagaýlaryň emele gelişiniň özboluşly taryhy bar. Gadymy döwürlerde neolit eýýamynda (9 müň ýyl ozal ) Ýer ýüzünde 10 millon adam ýaşapdyr. Biziň döwrümiziň başynda ol san 230 mln. adama ýetipdir.Ýeriň ilaty 1830-njy ýylda 1 millarda ýeten bolsa onuň 2 esse artmagy

üçin 104 ýyl wagt gerek bolupdyr. Diýmek, ikinji jahan uruşynyň öňüsyrasynda, 1934-nji ýylda dünýäniň ilaty 2 millarda ýetipdir. Soňra 1974-1975-nji ýyllarda ( aratapawut 30-35 ýyl) Ýeriň ilaty 4 millard bolýar. Şol ýyllar aralygy köp döwletlerde ilatyň tbigy ösüşi 2,5-3 % bolup, oňa demografiýada “demografiki partlaýyş” diýip aýdýarlar. Ilatyň sanynyň şeýle artmagy dünýäniň ösýän döwletlerinde özboluşly kynçylygy dördýär. Sebäbi, sany artýan ilaty ilkinji nobatda iýmit bilen üpjün etmeli bolýar. Soňra olara ýaşar ýaly jaý, okuw ýeri, sagaldyş edaralary, iş ýeri we durmuş hyzmaty gullugy döretmeli. Bu meseleler ykdysady taýdan ösen döwletlerde çalt özgerýär. Emma ösýän döwletler üçin uly mesel bolmagynda galýar. Ösýän döwletlerde oba-hojalygyň ösüşi täze özleşdirilýän ýerleriň hasabyna amala aşyrylýar. Senagat kärhanalary haýal döredilýär we osdürilýär. Şonuň üçin ol döwletlerde ykdysady kynçylyklar bar.Ol kynçylyklary ýeňip geçmek üçin hem köp işleri etmeli. Oba-hojalygy we senagaty ösdürmek üçin uly maýa goýumlary gerek.

Ylymyň-tehnikanyň ösüşine esaslanýan senagat, oba-hojalyk, ulag kärhanalary döretmek zerur. Zähmet öndürjiligini ýokarlandyrmaly we ş.m.

Ilatyn ösüşini gäklendirmek we olaryň düzüminde garry, gartaşan adamlaryň sany çenden aşa köp bolmaz ýaly ykdysady taýdan has ösen, ösýän döwletlerde hem döwlet tarapyndan demografiki syýaat alynyp barylýar.

Ilatyň tebigy köpelişini, migrasiýayny kadalaşdyrmak maksady bilen dünýäniň köp döwletlerinde döwleti dolandyrjy ýolbaşçylar, hukuk goraýjy guramalar tarapyndan durmuş we ykdysady ýollar bilen adamlaryň ölüm-ýitimini azaltmak, çagalaryň dogulyşyny kadalaşdyrmak, ilatyň hereketini (göçmegini) çäklendirmek demografiki syýasatyň özeni bolup durýar. Kanuny ýol bilen nikalaşmak, wagtyny anyklamak,

çagany aýyrtmaklyga (aborta) garşy görşmek, oňa ýol açmak, perzentsizlige töleg girizmek, köp çagaly maşgalalara kömek puly, her hili ýeňillikler bermek, ýaşaýyş jaýy paýlanylanda we oňa töleg tölenende ýeňillikler girizmek, köp çagaly maşgalalary radio, telewideniýe we merbugat arkly golgamak we ş.m. demografiki dyýasatyň özeni bolup durýar.

Islendik döwletde hojalygy ösdürmek, şol sanda döwletiň ykdysady syýasaty, bilim, ylym, saglygy saklaýyşy, halkyň durmuş üpjünçiligi, ýaşaýyş jaý gurluşygy ýaly çäreler demografiki hadysalara göniden-göni täsir edýärler. Bu hojlyk çärleri döwletiň demografiki syýasaty bilen utgaşyp hereket etmese özüne gowy netijelerini bermeýär.

Häzirki zamanda köp döwletleriň hökümeti demografiki maksatnamalary adaty döwlet syýasatyna öwürýärler. Aziýada , Hindistanda-1952-nji ýyldan bäri, Pakistanda-1960-njy , GO Koreýada-1961-nji, HHR-de-1962-nji, Singapurda-1965-nji, Türkiýede-1965-nji, Şri-Lankada-1965-nji, Malaziýada-1966-njy, Nepalda-1966-njy, Eýranda-1967-nji, Indoneziýada we Taýwanda-1968-nji, Flippinlerde we Taýlandda-1970-nji, Bangladeşde-1971-nji, Laosda-1972-nji, Sýanganda-1973-nji ýyldan bäri dogulýan çagalaryň sanyny azaltmak maksady bilen “Maşgala maksatnamalry” syýasatyny alyp barýarlar. Bu syýasaty amala aşyrmak saglygy saklaýyş ministrliklere tabşyrylypdyr.

Afrikada bu syýasat Botswanada-1970-nji, Ganada-1969-njy, Ýegipetde-1965-nji, Keniýada-1966-njy, Mawrikiýada-1965-nji, Marokkada-1968-nji, Tunisde-1964-nji ýyldan bäri ýerine ýetirilýär.

Latyn Amerikasynda: Barbados-1967-nji ýylda, Ýamaýka-1966-njy, Deminikan respublikasy-1968-nji, Kolumbiýa we Puerto-Riko-1970-nji, Salwwador-1974-nji, Trinidat we Tabago-1976-nji ýylda şol syýasata goşulypdyrlar.Ummanystanda Fidji döwleti 1962-nji, Gilberiti we Tuwalu 1970-nji ýylda “Maşgala

maksatnamalary” demografik syýasaty berjaý edýärler. Şol syýasat esasynda bu döwletlerde ilatyň tebigy ösüşi kadalaşýar.

Ýer sarynda döreýän ykdysady, dutrmuş ,ekologiki meseleler (problemalar) adamzat jemgyýetiň ösüşi bilen baglanyşykly. Siziň bilişiňiz ýaly adamzadyň gatnaşmaýan ýerinde tebigatda hiç bir çözülmesi kyn bolan mesele (problema) ýokdur. Ykdysadyýet, medniýet, ekologiýa we durmuş bilen baglanyşykly çözülmeli meseleler ilatyň geografiýasy bilen bagly. Ýerlerde ilatyň tebigy we mehaniki köpelişi ykdysadyýetiň, medeniýetiň we durmuş ýagdaýlarynyň ösüşi bilen gabat gelmdik ýagdaýynda demografik meseleler ýüze çykýar. Olar wagtynda çözülmese ilat horlanýar, döwlet üçin hem amatly bolmaýar. Mysal: ilat döwletiň çägind 2,5-3% möçberinde köpelse, onda şol ýurduň oba-hojalygy has ösen bolaýmasa, ilkinji mesele hökmünde azyk meselesi ýüze çykýar. Şeýle möçberde köpelýän ilaty hökmany suratda azyk bilen üpjün etmeli. Soňra olara ýaşaýyş jaý, iş ýeri, çagalary terbiýelär ýaly “Çagalar bagy”, mekdep, okuw aylary, durmuş hyzmaty gullugy edaralary gerek. Şexýle ýagdaý häzirki wagtda ösýän döwletleriň käbirleri üçin häsiýetli. Öň belläp geçişimiz ýaly, eger-de, maşgalada işe ýaramaýan ýaş çagalar köp bolsa olary eklemek üçin gerek bolan çykdajylaryň bir bölegini döwlet öz üstüne almaly bolýar. Sebäbi, şol maşgalada diňe kakalary işläp maşgalasyny ekläp bilmeýär. Çagalary terbiýelemek, sowat öwretmek, bilim, ylym bermek boýunça hem äbir meseleler ýüze çykýar. Şol çagalar 20-ýaşaýança ene-ata we döwlete uly girdeýji, peýda getirip bilmeýär. Okuwlaryny gutarandan soň olary işe ýerleşmek meselesi hem ýüze çykýar.

Bilşiňiz ýaly döwletiň çäginde ilatyň ösüşi haýal, pes bolanda hem döwlete peýda däldir. Gartaşan we garry adamlaryň sany köpelip işlejek, işe ýaramly adamlaryň sany azalýar. Bu hem döwletiň ykdysady, medeni ösüşine ýaramaz

täsir edýär. Watany goramak meselesi peýda bolýar. Şeýle ýagdaýda tölegli goşun saklamaly. Ösýn döwletlerde ilatyň çalt köpenmegi bilen tebigy baýlyklatdan peýdalanmaklyk uly mesele bolmagynda galýar. Ekin meýdanlary giňeltmek, içmäge ýaramly suwlaryň ýetmezçiligi ýaly kynçylyklar döreýär. Gysga wagtyň içinde oba-hojalygy, senagaty calt ösdürip bilmeýärler.Bu meseleler azyndan 40-50 ýyl talap edýär. Ösýän oba-hojalyk kärhanalary üçin birbada tehnika, himiki serişdeler, mineral dökün, ekin üçin gowy tohum bilen üpjün etmek, mallaryň sanyny we hasylllygyny artdyrmak aňsat düşmeýär. Ösýän, täze döredilјek senagat kärhanalary uçin mineral,çig mallar (magdanlar, sement, gurluşyk üçin zerur zatlar we ş. m.) gytçylyk etmegi mümkin. Senagat, oba-hojalygy ösdürmek üçin demir we gara ýollary, nebit-gaz, suw geçirijileri, aragatnaşyk ulgamlary döretmek üçin maliýe serişdeleri köp gerek bolýar. Şeýle ýagdaýda döwlet daşary ýurt kömegine mätäçlik çekýär. Bu meseleleler oňyn çözülse, käbir ekologik melseleleriň ýüze çykaýmagy mümkin.

Ilatyň köpelmegi, döwletiň ykdysadyýetiniň ösüşi bilen baglanyşykly energiýa ýetmezçilik meselesi köp döwletler üçin mahsus. Şeýle ýagdaýda döwlwtde enegiýa öndürer ýaly çeşmeler(nebit önümleri, tebigy gaz, kömür, suw bilen işleýän stansiýalar gurar ýaly şaglawukklar, uran magdany) bolmasa döwlet goňşy ýurtlara ýüz tutmaly. Ykdysady hyzmatdaşlyga esaslanyp özüniň energiýa mätäçligini çözmeli. Energiýany az ulanýan, sarp edýän tilsimatlary hojalyga ornaşdyrmaly.

Demografik meseleler bilen bilelikde ilatyň saglygyny goramak meselesi bütindünýä meseleleriň birine öwrülýar.işleýän we işlemeýän adamlaryň saglygyny goramak, medisina hyzmaty gowulamdyrmak iň zerur meseleleriň biri bolup durýar. Adamlaryň saglygyny , şol döwletiň esasy baýlyklarynyň biri. Munuň sýledigine biz öz döwletimiziň mysalynda görýäris.

Garaşsyzlygymyzy gazananymyzdan döwletimiziň raýatlarynyň saglyk ýagdaýlarynyň aladasyny edip “Saglyk” syýasatyny yglan etdi. Sebäbi her bir döwletiň ykdysadyýetini, medeniýetini ösdürmekligiň gözbaşynda saglyk durýar.

Ykdysady taýdan ösen döwletlerde dünýäniň hojalygyny, medeniýetini, ekologik we demografiki ýagdaýlary öwrenýän ýörite ylmy-barlag institutlar bar. Şol inistitutlaryň içinde geografiki, demografiki, taryhy, syýasy meseleleri öwrenýän laboratoriýalar, bölümler bolup, olaryň ýörite ylmy işgärleri şol görkezilen meseleleriň dürli ugurlary boýunça işleýärler. Meselem: Russiýa Federasiýasynyň Ylymlar akademiýasynyň düzüminde Geografiýa, Demografiýa we etnografiýa, Taryh, Aziýa we Afrika , ABŞ we Kanada, Latyn Amerikasy we başga-da birnäçe ylmy-barlag inistitutlary bolup, olaryň ylmy işgärleri şol döwletleriň geografiki, taryhy, syýasy, ekologiki, demografiki, etnografiki meselelerini öwrenýärler. Bu meseleleri öwrenmekligiň uly ylmy we tejribe ähmiýeti bar.

Birinji we ikinji soraglarda belläp geçen meseleleri öwrenmekligiň diňe bir ylym üçin peýdasy bolman, olar oňyn çözülen ýagdaýynda dünýäniň ilaty üçin peýdaly. Ykdysady we durmuş geografiýasy boýunça işleýän alymlar, hünärmentler şol meseleleri aýdyň owrenip, olary wagtynda çözmekligiň ýollaryny ýazýarlar, her hili teklipler hödürleýärler. Şl teklipler wagtynda ýerine ýetirilse, ,dünýäniň, käbir döwletleriniň halkyny iýmit ýetmezçiliginden, açlykdan, her hili ýokanç keselleryň ýaýramagynyň öňüni almakdan, tebigy betbagtçylyklardan gorap bolýar. Ýer togalagy boýunça, käbir sebitlerde demografik meseleleri öwrenmeklik ýaşaýyş üçin zerur hasaplanýar. Şol meseleler öwrenilip belli bir netije çykarylsa, ilatyň durmuş, saglyk meseleleri boýunça horluk çekýän sebtlerinde Birleşen Milletler Guramasynyň halkara guramalary we Ynsanperwerlik guramalary tarapyndan ykdysady, maddy kömek edilýär. Eger

käbir sebitlerde ilatyň arasynda ýokanç keseller ýaýrasa, ilatyň belli bir bölegi tebigy betbagtçylyga uçrasa olara belleýişimiz ýaly BMG we döwletleriň Halkara gyzyl ýarym aý we haç jemgyýetçilik guramalary tiz kömege ýetişýärler.

Sebitara, sebitiň içinde (döwletiň çäginde) ilat bilen baglanyşykly meseleleri öwrenmek döwletiň hojalyk işleriniň maksatnamasyny düzmek, hojalyk kärhanalary ýerli-ýerinde we öz wagtynda gurmak, ilatyň maddy hal ýagdaýyny, durmuşyny dowulandyrmak üçin ummasyz uly peýdaly. Bu meseleler öwrenilende döwleti ösdürmeklige, ylym we tejribe üçin uly ähmiýeti bar. Bu meseleleri ykdysadçylar, syýasy işgärler bilen bir hatarda ykdysady we durmuş geografiýany öwrenýän hünärmenler tarapyndan ginden öwrenilýär.

## Edebiýat

Çaryýew B., Hudaýýarow M. Dünýäniň ilaty: köpelişi, düzümi, ýerleşişi. Aşgabat, TDKP-nyň neşirýaty, 2004.

Кузнецов А.П. География населения и хозяйство Мира. Москва, «Дрофа», 1998.

Народонаселение стран Мира. Справочник. Москва, «Мысль», 1978.

Население Мира. Этнодемографический справочник. Москва, «Наука», 1986.

Население Мира. Демографический справочник. Москва, «Мысль», 1989.

Родионова И.А., Бунакова Т.М. Экономическая география. Москва, «Московский лицей», 1999.

## 14. Senagat kärhananany ykdysady geografik taýdan öwrenmekligiň usullary.

Senagat önünçiligini gurnamaklygyň ýerli görnüşleri.
Täze ýerli senagat kärhanasynyň döremegine bazar ykdysadyýetiniň täsiri.
Häzirki zaman senagat önümçiliginiň guramaçylyk görnüşleri.
Senagat kärhanalarynyň ýurduň çäginde ykdysady sebit döretmek mümkinçiligi.

Islendik döwletiň we aýratyn alnan ykdysady raýonlaryň halk hojalyk toplumynda senagat kärhanalary esasy orny eýeleýär. Senagat kärhanalaryň ýerlerde döredilmegi ýurduň we ykdysady raýonyň çig-mal ätiýaçlyklaryny özleşdirmäge ilkinji ädim bolup durýar. Senagat kärhanasynyň döredilmegi şol ýerde ýaşaýan ilaty iş bilen üpjin edýär. öndüren önümi halkyň islegini ödeýär we kanagatlandyrýar. Belli-bar bölegini daşky bazara çykaryp bolýar. Eger senagat çalt depginler bilen ösdürilse onda ol hojalygyň beýleki pudaklarynyň ösmegine hem sebäp bolýar, mümkinçilik döredýär. Senagat kärhanasynyň bahanasy bilen demir we gara ýollar gurulýar. Elektrik ulgamy getirilýär. Ilat göçüp gelip, özboluşly şäherçe we şäher emele gelýär. Gazoprowodlar çekilýär. Başga-da önümçilik kärhanalaryň we olara hyzmat edýän infrastrukturanyň döremegine sebäp bolýar. Şeýlelikde bir zawodyň we fabrigiň döremegi, şol ýerde ýene-de goşmaça senagat kärhanalaryň döremegine mümkinçilik berýär. Senagat kärhanalarynyň ykdysdy raýon döredijilik ukyby bar. Olar şol sebitde ykdysady raýon döretmek bilen çäklenmän belli bir derejede tebigy sreda, durmuş sferasyna, medeniýete, ylmy käärhanalaryň döremegine täsir edýär. Ykdysady geografiki barlaglaryň görkezmegine görä, senagat kärhanalry özleriniň ýörüteleşişine görä beýleki kärhanalara özüniň täsirini ýetirýär. Sebäbi her bir raýonda zawodlar we fabrikler döredilende, olar 2-3 sany ugur boýunça ýörüteleşýärler. Galan kärhanalar şol ýörüteleşen zawod-fabriklere kömekçi hojalyk hökmünde döredýärler. Mysal üçin Seýdi şäher şol ýerde gurulan nebit

arassalaýjy zawodyň sebäbine döredi. Indi ol ýerde pribor gurluşyk zawody, dokma kärhanasy, ýakyn ýyllarda ýylylyk elektrostansiýa guruljak. Şol zawodlar we kärhanalardan alynýan girdeýjiler tutuş sebiti ösdürmäge, ýene-de zerur bolsa goşmaça kärhanalary gurmaga mümkinçlik döredýär. Şäherde we töwereginde ýaşaýan işe ýaramly adamlary iş ýerleri bilen üpjin edýär. şäheriň we töwereginiň keşbine, önüm öndürmeýäne emma işgärlere hyzmat edýän kärhanalaryň döremegine sebäp bolýar. Ilatyň ýaş we jyns aýratynlygyna özüniň täsirini ýetirýär. Ýörüteleşen zawodlaryň düzüminde amaly-ylmy bölümleriň, professional-tehniki sowat berýän okuw jaýlaryň döremegine, oturymly ilatyň belli bir kär we ugur boýunça ýörüteleşmeginede sebäp bolup biler.

Senagat kärhanalary özleriniň ýörüteleşişine görä we intensiw ösüşine baglylykda raýonyň ykdysady we durmuş meselelerine hem uly täsir edýärler. Zawodlaryň döremegi täze tehnikanyň we tehnologik ulgamlaryň bar ýere jemlenmegine sebäp bolýar. Olar daşky sreda, tebigy komponentlere hem öz täsirlerini ýetirip biler. Şonuň üçin kärhanalaryň zyňyndylaryny işlär ýaly zawodlary gurmaklygy gün tertibinden aýyrmak bolmaz.

Umman ýokary şäherleşen sebitlerde senagat kärhanalary ýeri, zähmet ätiýaçlyklary (reesurslary), çig-maly, elektrik energiýany, suwy has tygşytly peýdalanýarlar. Kärhanalary intensiw ösdürmekligi ýola goýmak zerur. Önümçilikde yza galýan kärhanalarda durkuny täzelemekligi, täze tehnika we teehnologiýa bilen üpjin etmeklige haýal etmän ýola goýmaly.

Gurlan we önüm öndürýän kärhanalar tehnologiki, ykdysady talaba görä işleseler ýerli-önümçilik toplumy, özboluşly ykdysady raýony emele getirýärler. Şeýle bolanda diňe bir ýörüteleşen kärhanalar intensiw işlemän, kömekçi kärhanalar (infrastruktura) olar bilen kybapdaş işleýärler. Netije-de şäherde, etrapda zähmet ätiýaçlyklary, tebigy çig-mallar ygtybarly ulanylyp ykdysadiýet we halkyň hal-ýagdaýy çalt depginler bilen ösýär.

Ösen ylmy-tehniki serişdeleri senagat kärhanalarynda ornaşdyrmakllyk tebigy baýlyklra bolan talaby düýpgöter üýtgedýär. Eger öň 50-60-njy ýyllarda has oňat çig-mal ätiýaçlyklar zawodlarda, fabriklerde ulanylan bolsa, YTP-iň täsiri netijesinde özünde has pes magdany saklaýan çig-mallary hem ulanmaklyga mümkinçilik döreýär. Zawodlarda tehnika we tehnologiýa kämil bolman zyňylan çig-mal galyndylaryny indi doly ulanmaga mümkinçilik bar. Ylmy-tehniki progresiň täsiri bilen zawodlarda we fabriklerde ulanylýan çig-mallar indi has çuňňur işlenilýär. Mysal: Türkmenbaşy şäheriniň nebiti arassalaýan zawodynda rekonstruksiýa edilenligi sebäpli, indi AN-95 ýokary hilli benzin we dwigatel ýagy öndürilýär. Diýmek nebit doly we çuňňur işlenilýär. Şeýle edilmänkä şol önümler bize daşary ýurtlardan getirilýärdi.

YTP-iň ösen döwründe senagat önümçiligini ýerleşdirmekligiň esaasy meseleleriniň biri-olary ätibarly, belli bir plan esasynda, ýurduň hemme ýeri deňeçer öser ýaly edip ornaşdyrmaklygy unutmaly däl. Senagat önümçiligini ýerleşdirmeli bolanda diňe tehniki-ykdysady hasaplamalara esaslanmaly däl. Esasy göz öňünde tutulmaly zat gurulýan kärhana ykdysady-durmuş sfera, tebigy sreda we döwletiň ykdysadiýetine näme täsir eder? Sebäbi ol kärhana pudagara gatnaşyklar bilen döwletiň ykdysadiýetine nähili täsir eder? Şonuň ýaly-da öň işleýän kärhanalara ulag, ykdysadiýet bilen baglanyşykly zyýan ýetirmezmi? Öň işläp duran hususy kärhanalar bilen gatnaşygy nähili bolar? Uly bäsleşik emele gelmezmi?

Senagat kärhanasyny ýerleşdirmekde ykdysady geografiki nukdaý nazardan alanda has ýaramly iki sany ugur emele gelýär. 1.Senagat kärhanalaryny raýonda we döwletde ýerleşdirmekligiň düşewüntliligini görkezýän ähli görkezijileri kesgitlemeli, hem-de ýuze çykarmaly. Raýon, etrap üçin häsiýetli snaagat kärhanasyny saýlap almak, şol ýerde adamzadyň taryhy döwürlerden bäri amala aşyrýan we edýän işleri, ýörüteleşişi bilen bagly. Senagatyň ähli

kärhanalarynda YTR kömegi bilen tehnologiýanyň üýtgedilmegi olaryň netijeliligini ýokarlandyrýar. Öz nobatynda önümçiligi täzeçe gurnamaklygy talap edýär. Himiýa, gara we reňkli metallurgiýa, energetika senagat pudaklarynda tehnologiýanyň üýtgemegi çig mal bazanyň we ol pudaklaryň, hem-de goşmaça kärhanalaryň ýerleşişiniň üýtgemegine getirýär. Uly bolmadyk giňişliklerde senagat kärhanalarynyň toplanmagyna (konsentrasiýasyna) alyp barýar. Önümçilik kärhanalarynyň bir ýere jemlenmegi ilatyň toplanmagyna, senagat we durmuş infrastrukturasynyň döremegine, ulag ulgamlarynyň we ýük gatnadylyşynyň artmagyna sebäp bolýar. 2. Senagat kärhanalarynyň belli bir ugur boýunça ýerleşişini, beýleki hojalyk pudaklary bilen bolan gatnaşyklaryny hasaba almak zerur. Senagat kärhanalaryny ýerleşdirmek diýen düşünje hojalygy ösdürmekligiň ýerli garaýyşlaryň hemme ugurlaryny göz öňünde tutmaýar. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde bu meselä ykdysady geogrfiki nukdaý nazardan başgaça çemeleşmeli bolýar. Soýuz döwründe senagat kärhanalaryny ýerleşdirmek meselesinde imperiýanyň bähbitleri göz öňünde tutulan bolsa, indi göňüden-göni öz döwletimiziň we onuň raýatlarynyň durmuş we ykdysady taraplary nazara alynýar. Täze kärhanalar gurlanda esasy ugur: zähmet ätiýaçlyklary ýerlikli peýdalanyp hojalygy ösdürmek; şonuň esasynda halkyň maddy-hal ýagdaýyny gowulandyrmak; öndürilýän önümler bilen dünýä bazaryna çykmak; kärhanalary wagtly-wagtynda häzirki zaman enjamlary bilen üpjin etmek; öndürilýän önümleriň halkara bäsdeşligini we özüne düşýän gymmatyny aşaklamak; ýurdumyzyň raýatlarynyň senagat, oba hojalyk önümlerine bolan islegini ödäp, garaşsyzlygymyzy berjaý etmek; senagat önümlerini öndürmekde hususy kärhanalary goldamak we olaryň ganyny, öndürýän önüminiň hilini gowulandyrmak, olara döwlet tarapyndan hemaýat etmek we ş.m. meseleler döwrüň gaýragoýulmasyz çäreleridir.

Täze gurulýan kärhanalara dürli ugurlar boýunça seredilse maksada laýykk bolýar. Birinji göz öňünde tutmaly zat halkyň senagat harytlaryna bolan isleginiň artmagy. Halkyň senagat harytlaryna bolan islegi has beýik. Şonuň üçin ol islegleriň hemmesini bir wagtyň, ýa-da gysga möhletiň içinde çözüp bolmaýar. Şol sebäpli iň zerurlaryny ilki çözüp, galan isleglerini mümkinçilik talyp öz nobatynda çözmek gerek.

Şol islegleri kanagatlandyrmak üçin esasy göz öňünde tutulmaly zat: senagat kärhanasyny gurmak üçin niýet edilende çig-mal, zähmet, suw, ulag ätiýaçlyklary nazara almaly. Kärhanalaryň içinde ilkinji gurulmalylary bütündöwlet ähmiýetlisi, soňra sebitara we ýerli kärhanalar.

Senagat kärhanalary gurlanda esasy üns bermeli zat ol hem ylmyň-tehnikanyň gazanan üstünlikleri, täze tehnologiýa we tehnologik liniýalar-şolar kämil, hem-de döwrebap bolmaly. Dünýäniň ähli döwletleri önümçilige täze tehnikany we tehnologiýany elmydama ornaşdyryp durýarlar. Ösen döwletlerde senagat kärhanalaryň ýanynda ylmy, laboratoriýalar, kärhanalar işläp önümçilige gönüden-göni hyzmat edýärler. Şeýle mümkinçilige ýagdaý bolsa döredilse ondan önümçilige zyýan gelmeýär. Ol zawod, kärhana durmuş we döwür bilen kybapdaş, ugurdaş gidýär. Önümçilikde bolýan ylmy açyşlardan nabardar bolýarlar. Ol açyşlary, täzelikleri tizden-tiz önümçilige ornaşdyrmak üçin hereket edýärler. Elbetde, bu ýagdaý aňsat zat däl. Ol täzelikleri gaýry döwletlerden satyn alyp çalt önümçilige ornaşdyrmaly bolýarlar. Eger döwlet ykdysady taýdan ösen bolsa uly zawodlaryň, kärhanalarynyň özünde konstruktor býurolar, ýagny şol açyşlar arkaly täze enjamlary, tehnologik ulgamlary ýasar ýaly minizawodlar bolýar. Şol minizawodlarda ylmy-tehniki aşlaar esasynda gerekli taýlar, enjamlar häli-şindi ýasalýan bolýar. Olar has kämilleşenden soň önümçilige donaşdyrylýar. Şolar ýaly zawodlara, fabriklere köp halatlarda “Ylmy-önümçilik birleşmeler” hem diýip atlandyrylýar.

Emma bazar ykdysadiýetine geçilýän döwürde bular ýaly ylmy-önümçilik birleşmeleri hemme ýerde gurmak maksada laýyk hem däl. Sebäbi onuň üçin maddy-tehniki esas gerek.

Dünýä tejribesinde düzgün bolşy ýaly her bir zawodda, fabrikde 5-8 ýylyň dowamynda tehnika we tehnologiýa döwre görä täzelenmese ol kärhanalaryň enjamlary ahlak, öndürijilik we teehnologik taýdan garraýar. Şonuň üçin edaranyň mümkinçiligine garap şol döwür içinde tehnikany we tehnologiýany hökmany suratda çalyşmaly. Eger çalşylmadyk ýagdaýynda öndürilýän önümiň hili peselýär. Dünýä standartyna laýyk gelmeýär. Edaranyň ýyllyk girdeýjisiniň belli bir möçberi şol hajatlar üçin göz öňünde tutulmaly.

Maşyn gurluşygy, metallurgiýa, dag-magdan, himiýa, ýeňil senagat kärhanalary özlerinden başga birnäçe goşmaça zawodlary, fabrikleri döretmeklige sebäp bolýarlar. Haýsydyr bir şäherde maşyn gurluşyk zawody guruma, onuň golaýynda kiçiräk metallurgiýa sehi, başgada zawodyň ýörüteleşişine baglylykda goşmaça kärhanalar gurulmaly bolýar. Şolaryň biri gara metallurgiýa zawody, ol wagtlaýynça metal döwükleriniň bölekleriniň, soňra ýerli çig mal tapylsa şonuň hasabyna işlejek. Şol metallurgiýa zawodlar bilen baglanyşykly ýene-de goşmaça zawodlar we fabrikler dörär. Çig malyň, ýagny demir magdanyň ýagdaýyna görä, onuň çykaryljak ýerinde (eger magdanyň düzüminde 50 %-den az demir bolsa) baýlaşdyryjy fabrikanyň gurulmagy mümkin. Onuň golaýynda magdanyň düzümine görä, gurluşyk üçin zerur bolan zatlary (daş, çagyl, sement öndürmek üçin çig mal we ş.m.) öndürmeklik ýola goýulmaly bolar. Sebäbi, magdanyň düzümindäki demiri alyp galan garyndylary meýdana zyňmak bolmaýar. Eger beýle edilse tebigata (daş sreda) uly zyýan ýetirilýär. Şonuň üçin şolary gurluşyk maksatlaryna peýdalanar ýaly goşmaça zawodlary gurmaak zerur bolýar.

Ýeňil senagat kärhanalaryny guranda hem şeýle ýagdaý ýüze çykýar. Meselem: haýsy hem bolsa bir etrap, welaýat merkezinde

pagta arassalaýan zawod bar bolsa, ýa-da gurulsa, şonuň ýanynda egirme-dokma fabrikasyny, eger işçi güýji ýeterlik bolsa mata dokaýan fabrikany hem gurmak maksada laýyk bolýar. Şeýlelikde bir ýeňil senagat kärhanasynyň hasabyna uly senagat ulgamy (kompleksi) döreýär.

Diýmek, senagat kärhanasynyň ýerli senagat önümçilik toplumyny döretmäge mümkinçiligi bar ekeni. Bir ýörüteleşen senagat toplumynyň esasynda olara hyzmat ediji kärhanalar (infrastruktura) toplumy hem peýda bolýar. Işleýän işçilere hyzmat eder ýaly naharhana, ululy-kiçili söwda merkezleri, medisina kärhanasy (saglyk öýi), hathana, tilfun edilýän ýer, çörek bişirilýär we durmuş hyzmaty edilýän kärhanajyklar döreýär. Şeýlelikde bir zawodyň we fabrigiň esasynda kiçiräk şäherçe, şäher döreýär. Ol şäherçe, şäher gara we demir ýollar arkaly beýleki şäherler bilen birigýär.

Diýmek, senagat ulgamlarynyň esasynda durmuş we önümçilik infrastrukturasy emele gelýär. Önümçilik infrastrukturasyna: ulag, söwda, aragatnaşyk we ş.m; durmuş infrastrukturasyna: ilata hyzmat edýän kärhanalar – hathana, kinooýnaý, dellekhana, hammam we ş.m.

Etraplarda, welaýatlarda senagat kärhanalary, olaryň toplumy ilatyň zähmet bölünşigi esasynda emele gelýär. Ol kärhanalaryň içinde öň belläp geçişimiz ýaly ýerli, etrapara, welaýatara, döwletara ähmiýetleri bolýar. Ol kärhanalar belli bir senagat önümini, harydyny öndürmekde ýörüteleşýärler. Senagat kärhanalarynyň ýörüteleşmegi birnäçe sebäplere bagly. Birinjiden-senagat kärhanalaryň döremegi we işlemegi çig mala, tebigy baýlyklara; ikinjiden-zähmet ätiýaçlyklara (resurslara); üçünjiden – zähmet bölünişigine; dördünjiden-arassa suwa, energiýa bilen üpjin edilişine; bäşinjiden-ulag, aragatnaşyk serişdelere garaşly bolýar. Käbir senagat kärhanalar köp halatda oba hojalyk önümlerine bagly. Sebäbi olar oba hojalyk önümlerini işläp bejerýärler. Şeýlelikde,

senagat kärhanalary öz öndürýän önümleri boýunça ýörüteleşýärler. Ýörüteleşmek etraplara, kämahallar welaýat üçin hem häsiýetli bolýar. Öndürilýän önüminiň gymmaty welaýatda senagat önümleriniň öndürýän gymmatynyň möçberiniň belli-bir bölegini tutýan bolsa onda şol pudak welaýat boýunça ýörüteleşen bolýar.

Islendik welaýatyň ykdysadyýetini senagat, oba hojalyk, ulag we durmuş ulgamlary düzýärler. Şolar hem ykdysady sebitleri emele getirýärler. Mysal üçin: Balkan welaýaty nebit-gaz, himiýa, dag-magdan senagat kärhanalary we olaryň önümi boýunça ýörüteleşýär. Şonuň üçin ol Türkmenistanyň çäginde aýratyn ykdysady sebit hökmünde tanalýar. Ol özüniň öndürýän önümi bilen diňe öz welaýatyny üpjin etmän, beýleki welaýatlary hem doly üpjin edýär. daşary ýurtlara hem artyk harytlar iberilýär. Beýleki welaýatlaryň hem özboluşly ýörüteleşmesi bar. Diýmek, senagat kärhanalary oba hojalyk işgärleri belli-bir önüm öndürmekde wagtyň geçmegi bilen ýörüteleşýärler. Başda belläp geçişimiz ýaly senagat kärhanalaryň welaýatlara, etraplarda ýörüteleşmegi ykdysady sebitleriň döremegine sebäp bolýar.

## Edebiýat.

Калашникова Т.М. Экономическое районирование. Москва, МГУ, 1982.

Калашникова Т.М. Современные теоретические вопросы территориальной организации хозяйства. В сборнике: Территориальная организация хозяйства в современных условиях. Москва, МГУ, 1990.

Больщаков П.Н. Перестройка территориальной организации промышленности. В сборнике: Территориальная организация хозяйства в современных условиях. Москва, МГУ, 1990.

## 15. Oba hojalygy ykdysady geografik taýdan öwrenmekligiň usullary.

Barlagyň maksady we wezipeleri. Tebigy şertleriň we ätiýaçlyklaryň oňa täsiri.
Ýerleriň ulanylyşyna we özleşdiriş derejesine baha bermek.
Oba hojalyk pudaklarynyň häsiýetnamasy. Oba hojalyklarynyň geljekde ösüşi.
Agrosenagat hyzmatdaşlygy.

Oba hojalyk önümçiligi döwletiň hojalygynyň esasy pudaklarynyň biri bolup hyzmat edýär. Ol döwletiň ykdysady raýonlarynyň emele gelmeginde, şol ýerlerde ýaşaýan ilaty azyk önümleri, senagat kärhanalarynyň birnäçe pudaklaryny çig mal bilen üpjün etmekde ähmiýeti has hem uly. Oba ýerlerde oba hojalygynyň dürli pudaklarynyň ösmegi agrosenagat toplumynyň birnäçe ulgamynyň döremegine sebäp bolýar. Köp halatlarda oba hojalygynyň dürli pudaklarynyň ösmegi döwletiň tebigy we durmuş-ykdysady şertlerine bagly. Eger şol şertler amatly bolsa oba hojalygy yzygiderli (intensiw) ösdürmeklige doly mümkinçilik döreýär. Oba hojalygyň yzygiderli (intensiw) ösmegi tebigy şertleri we ätiýaçlyklary doly peýdalanyp ekerançylykda hem-de maldarçylykda ýokary netijeler almaklyga şert döredýär. Şonuň bilen bir hatarda oba hojalygyň ýokary induztrializasiýalaşmagy tebigy şertlere täsir edip ekologiki deňagramlylyga zyýan ýetirýär. Bu bolsa öz gezeginde tebigy gurşawy (sredany) hapalamaklyga we zaýalamaklyga alyp barýar.

Oba ýeriniň tebigy şertlerini, ykdysady ätiýaçlyklaryny, durmuş mümkinçiliklerini önümçilikde doly ulanmak üçin ykdysady-geografiki barlag usullar örän zerur. Ol ylmy-barlag usullar oba

hojalyk önümçiligini ýerlerde oňaýly guramaklyga we AST ulgamynyň dörebap işlemegine mümkinçilik döreder.

Islendik döwletde hem oba hojalygy ösdürmeklik, şol döwletiň raýatlarynyň esasy wezipesi bolup durýar. Garaşsyzlygyny gazanan her bir döwlet ilki nobatda azyk howpsuzlygyny berjaý edýär. Öz halkyny bugdaý, ýa-da däneli ekinleriň önümi bilen üpjün etmekligi öz öňünde wezipe edip goýýar. Şol meseläni amala aşyrmak üçin ylmyň-tehnikanyň gazanan üstünliklerine daýanyp, tebigy şertlerden we ykdysady, durmuş mümkinçiliklerden doly peýdalanyp oba hojalyk işleri gurnamaklyga köp zat bagly bolýar.

Şu meselede häzir biziň döwletimiziň öňünde durýan wezipe halkymyzy däneden beýleki azyk önümleri bilen doly üpjin etmek. Bize azyk önümlerinden: tüwi, gök önümler, miweler, et-ýag we beýleki azyk görnüşler halka entek doly ýetenok. Şol önümleriň köpüsini biz daşary döwletlerden getirmeli bolýarys. Şonuň üçin biziň halkymyzyň öňünde durýar esasy meseleleriň biri 2010-njy ýyla çenli ýurdumyzyň doly azyk garaşsyzlygyny gazanmaklyk bolup durýar. Şonuň üçin wajyp meseleleriň biri; ol hem ekilýän ekinleriň hasyllylygyny artdyrmak, olaryň öndürilişini ýokarlandyrmak, ösüp barýan azyk we ýeňil sennagat pudaklaryny gerekli oba hojalyk çig mallary bilen üpjin etmek bolup durýar.

Agrosenagat hyzmatdaşlygy ykdysady geografiki taýdan öwrenmekligiň esasy wezipeleriniň biri, oba hojalyk pudaklaryny ulgamlaýyn (sistemalaýyn) we hemme taraplaýyn öwrenip döwletiň raýatlaryny azyk önümleri, seagaty bolsa çig-mal ätiýaçlyklary bilen doly üpjin etmekden ybarat bolup durýar. Şu meseläni berjaý etmek üçin oba ýerlerde kärhanalary döretmekligi ylmy esasda amala aşyryp, ykdysady kanunalaýyklara gabat getirmeli. Oba hojalygynda öndürilýän önümiň özüne düşýän gymmatyny mümkingadar peseltmegiň ýollaryny gözlemeli. Onuň üçin hem bir oba hojalyk pudagyň ýerleşdirilişi kanuna we maksadalaýyk bolmaly. Ýokary önüm öndürmek üçin ähli mümkinçiliklerden we

şertlerden tygşytly peýdalanmaly. Işi bökdençsiz öz wagtynda gurnamagy ýola goýmaly. Şeýle edilende oba hojalyk ekinlerinden we mallaryndan ýokary hasyl almaklygy gazanyp bolýar şu meseleleri çözmek üçin oba hojalyk kärhanalaryny ykdysady geografik taýdan öwrenilende deňeşdirme, topologiki, raýonlaşdyrmak, kartografiki matematiki modelirleme we beýleki usullary ulanyp amala aşyryp bolar. Şu we beýleki barlag usullary ulanyp oba hojalyk pudaklarynyň ýerlerde jemlenişişi, işiň gurnalyşyny nazara alyp, geljekde çözmek meseleleri anyklamaly. Oba hojalykda işiň gurnalyşyny, alnyp barlyşyny öwrenip, ekinlerden we mallardan alynýan hasyllylygy artdyrmaklygyň ýollaryny gözlemeli.

Agrosenagat toplumyň düzüminde birnäçe kärhanalar bar. Olary ugurlary boýunça birnäçe toparlara böleýärler. 1-nji topar (sfera) – oba hojalyk pudaklaryny önümçilik serişdeleri we esasy gurluşyk bilen üpjin edýän kärhanalar; himiki dökünler we serişdeler bilen. 2-nji topara: oba we tokaý hojalygy; 3-nji topar: oba hojalyk önümlerini taýýarlamaklyga, täzeden işlemeklige we taýýar edilen önümleri halka ýetirmeklige gatnaşýan kärhanalar degişli.

Islendik etrapda, daýhan birleşikde oba hojalyk ýa-da AST ugrundan ykdysady geografik barlaglar geçirilende öň belleýşimiz ýaly birnäçe usullary ulanyp bolýar.

1.Ilki üns bermeli meseleleriň biri tebigy şertler we ätiýaçlyklar. Ekilýän ekim we saklanýan mallar üçin şol ýeriň tebigy we durmuş şertleri gabat gelýärmi. Ekilýän ekin we saklanýan mal görnüşleri üçin ýer gabat gelmeli. Şol ýere uýgunlaşan ekinleri we mallary ösdürip ýetişdirmek örän zerur hasaplanýar.

2.Ekiniň ýagdaýyna görä ýeriň (topragyň) mehanika düzümi (toýun, çägesow, çäge we ş.m.) gabat gelýärmi? Ekerançylyk ýerleriň mehaniki düzümine görä, ekiljek ekini saýlap almaly. Akeaniki düzümi agyr ýerlerde (agyr, orta toýun) ekin ekip gowy hasyl alyp

bolmaýar. Onuň mahaniki düzümini gowulandyrmak (ýeňilleşdirmek) işleri amala aşyrmaly.
3.Ekilýän, ýa-da ekiljek bolýan ýeriň himiki ýagdaýyny anyklamaly. Eger topragyň şorlanyş derejesini bilmän ol ýerlere ekin ekmek bolmaz. Sebäbi, şorlaşan topragy gowy görýän we halamaýan oba hojalyk ekinleri bolýar. Şonuň üçin ýeriň ýagdaýyny bilip şoňa görä hereket etmeli.
4.Ekin ekiljek ýeriň topragynyň tebigy hasyllylygyny (gumusyň ýagdaýyny) bilmän mineral we organiki dökünleriň näçeräk dökülmelidigi kesgitlemek kyn. Şonuň üçin ýeriň tebigy hasyllylygyny anyklamaly.
5.Ekin eklýän we ekljek ýeriň suw-fiziki häsiýetlerini bilmeklik hem zerur. Bu meselede ilki bilen ýerasty suwlaryň näçe çuňlukda ýataandygyny, olaaryň himiki düzümini bilmeli. Toprgyň çyglylyk derejesi (koeffsenti) ösümligi wegetasiý döwründe näçe möçberde suwuň gerekdigini anyklamak üçin zerur. Eger toprragyň çyglylyk derejesi ýeterlik bolsa suwyş üçin suw çykdajylary az talap edýär. her bir toprak görnüşiniň özboluşly suw saklap bilijilik ukyby bar. Şular ýaly maglumatlar barlag geçirilýän döwürde ýüze çykarylsa suwaryş üçin suwy tygşytlap, hem-de ekiniň hasyllylygyna kömek edip bolýar.
6.Ekinleriň hasyllylygynyň pesligi işçi güýjünden, mehanizmlerden, mineral we orgniki dökünlerden ýerlikli peýdanylmaýanlygyna hem bagly bolup biler. Mysal üçin pagtanyň joýalarynyň arasyny wagtly-wagtynda bejerip durulmasa, ýer gatadylsa, ekin gülleýän wagty suwarylmasa we başga-da birnäçe sebäplere görä ekiniň haasyllylygy pes bolýar. Eger tohumyň hili pes bolsa hem hasyllylyk pes bolup bilýär. Agrotehnikanyň düzgünleri doly berjaý edilmese hiç bir ekinden hem gowy hasyl alyp bolanok. Şonuň üçin islendik ekiniň ekiilýän wagtyny, tohumynyň hilini, ekiljek ýeriň topragyny, çyglylyk derejesini, ekiniň ekilenden soňra ösüş aýratynlyklaryny

bilmeklik we öwrenmeklik esasynda hasyllylyga täsir edip bolar. Islendik ekinden gowy hasyl almak üçin oňat ideg gerek.

Oba hojalygyny ykdysady geogrfiki nukdaý nazardan öwrenilende tebigy ekosistemalar bilen önümçilik gatnaşyklryň özara täsirini ylmy barlag işleriň kömegi bilen anyklamaly. Bu meselede esasy ünsi biogeohimiki proseslere we tebigatda jisimleriň aýlanyşyna bermeli. Ekerançylyk we maldarçylyk işleri aalnyp barylanda biogeohimiki prosesleriň we himiki elementleriň aýlanyşy, olaryň işeňňirligine, günüň energiýasyna, ýagtylygyň derejesine, ýerleriň çyglylygyna, ösümlikleriň himiki elementleri özleşdirip biliş ukybyna, topragyň hasyllylygyna we başgada birnäçe faktorlara bagly bolýar. Hojalyk işleriň alnyp barylyşy, ekilýän ýerlerde suw, ýylylyk, toprakda çüýrüntgi jisimleriň möçberi, melioratiw çäreleriň geçirilmegi biohimiki aýlanyşyň derejesine täsir edýär. Ekosistemalarda jisimleriň aýlanyşyny dolandyrmaklygyň usullary dürli landşaftlaryň öňden dowam edip gelýän ösüş mehanizmine daşky täsir etmeleriň derejesine bagly bolýar. Landşaftlara täsir etmeler (ýerlerde ekin ekmek, mal bakmak we ş.m.) ylmy esasda alnyp barylsa onda hojalyk işleri bilen ekosistemalaryň arasynda garşylyk ýüze çykmaýar.

Dünýäniň köp döwletlerinde oba hojalyk dürli-dürlii ösüşe eýe bolýar. Onuň ösüşi köp halatlarda tebigy şertlere bagly. Howa şertleri, ygal, suw ýagdaýlary gowy bolsa oba hojalyk kärhanalary gowy girdeji berýär. Eger-de gyş gazaply gelse maldarçylyga, käwagtlar ekerançylyga hem ýaramaz täsir edýär. Şeýle bolanda oba hojalyk mallary köp gyrylýar. Şonuň üçin her bir döwlet hojalykda heläkçilik bolmaz ýaly ärtiýaçlyk ot-iýim edinmeli. Islendik hojalykda adamlaryň, işgärleriň özüne bagly düzedip bolýan zatlary öňünden düzedip goýmaly. Onuň üçin iň zerur zat ýerlerde ýokary guramaçylyk gerek. Gyşda öňünden ýerleri sürüp, bahar ekiş üçin taýýar edip goýmaly, suw ýagdaýy gowy bolsa gyş suwaryp ýaz ekişe çenli taýýar bolsa gowy. Güýzlük bugdaý ekilen ýerleri

dökünlemek we suwarmak zerur. Miweli agaçlara öz waagtynda seretmeli. Umuman, oba hojalykda guramaçylyga köp üns berilse üstünligi başga ýerde gözlemeli däl. Ähli edilmeli işler wagtly-waagtynda edilip tertibe salynsa ol hojalykda hyç haçan bökdençlik bolmaýar. Esasan akylly-başly guramaçy we zähmet gurallary sagat bolsa hojalygyň ösmezlige hiç hili päsgelçilik bolmaly däl.

Ýene-de esasy üns bermeli zat oba hojalygy ylmy esasda ýerli şertleri göz öňüne tutup alnyp barylsa ösmezlige haky ýok. Oba hojalygyň özünde tohuçylyga üns bermeli. Kähalatlarda ýerli tohum bolman başga ýerlerden getirilip ekilen ýagdaýlarda hasyl pes bolmagy ähtimal. Şonuň bilen bir hatarda ylmy-tehniki ösüşe uly hormat goýup, ony hojalyga ornaşdyrmak zerur. Şu aýdylan zatlar berjaý dilende oba hojalykdan ýokary netijeler alyp bolýar.

Agrosenagat hyzmatdaşlygynyň dürli görnüşleri ýaýbaňlanýan ýagdaýynda oba hojalyk önümçiligini ösdürmeklige mümkinçiligi döreýär. Sebäbi, oba hojaalygyň ähli pudaklary Agrosenagat toplumynyň önümlerine, zähmet gurallaryna, ulaglaryna we hyzmat ediş gulluklara mätäçlik çekýär. Oba hojalyk pudaklara mydama zähmet gurallary maşyn, traktorlar, her hili azallar, mineral dökünler, himiki serişdeler gerek. Şonuň üçin agrosenagat hyzmatdaşlyk zerur zat. Oba hojalyk kärhanalary üçin uly gurluşyklary amala aşyrar ýaly gurluşyk edaralary bilen hem hojalygara hyzmatdaşlyk zerur. Öz gezeginde agrosenagat toplum üçin, onuň işläp bejeriji senagat kärhanalary üçin oba hojalyk önümleri (pagta, süýt, et, ýüň, miwe, gök önümler we ş.m.) hökmany suratda gerek. Şonuň üçin özara hyzmatdaşlyk bolmasa şol kärhana toplumlaryň hiç biri hem işläp bilmeýär.

## Edebiýat.

Дмитриевский Ю.Д. Очерки социально-экономической географии: развитие и проблемы. Ленинград, «Наука», 1990.

Географическая экспертиза хозяйственного освоения территории. Новосибирск, «Наука», 1992.
Территориальная организация хозяйства в современных условиях. Москва, 1990.

## 16. Ulaglaryň, aragatnaşygyň we syýahatyň ykdysady geografiki öwreniliş usullary.

Öwrenmekligiň maksady we wezipeleri.
Tebigy durmuş ykdysady şertleriniň ulaglary ösdürmeklikde edýän täsiri.
Ulaglaryň düzümine we olarda ýük daşalyşyna baha bermek.
Ulaglaryň aragatnaşyň geljekki ösüşi.

Ulag – hojalygyň iň esasy pudaklarynyň biri. Eger ol ösen bolmasa hojalygyň hiç bir pudagy hem ösmeýär. Şonuň üçin hojalygy adam bedeni bilen deňeşdirsek, ulag onuň gan damarlarynyň hyzmatyny ýerine ýetirýär.

Hojalygyň bazar ykdysadyýetine geçýän we geçen döwründen ulag görnüşleriniň ähmiýeti has hem artýar. Hojalygyň (seagatynyň we oba hojalygynyň) çig mal ätiýaçlyklara bolan islegini kanagatlandyrmakda we taýýar önümleri sarp edijilere ýetirmekde ulaglar ulgamynyň ähmiýeti has hem uly. Ony ýazyp beýan eder ýaly däl.

Ulaglar ulgamynyň ýolagçy gatmakda hem deňi-taýy ýok. Ol sazlaşykly işläde geografiki zähmet bölünişi maksada laýyk gurnamaga mümkinçilik berýär. Hojalyk we döwlet üçin maddy-tehniki ätiýaçlyk bolup hyzmat edýär. Ol maddy önümçiligiň yzygider we peýdaly ösmegine sebäpkär bolýar.

Ulaglar ulgamy önüm öndürmeýärler. Emma önüm öndürmeklige gatnaşýarlar. Hojalyk kärhanalary üçin gerek bolan çig mallary getirmekde, taýýar önümi sarp ediljek ýerlerine eltmekde onuň ummasyz ähmiýeti bar. Şonuň üçin ulag arkaly çykarylan çykdajylar taýýar önümiň bahasyny ortaça 9-10 %

gymmatladýar. Ulag çykdajylary senagat kärhanalarynda çig mal we aýlyk (zähmet haky) çykdajylardan soňra üçünji orunda durýar.

Ulag – maýa guýumlary köp talap edýän hojalyk pudagy hasaplanýar. Oňa her ýylda döwlet belli-bir derejede maýa goýumlary göýberip dursa hojalyga diňe peýda gelýär. Käbir alymlaryň pikirine görä döwletiň ähli maýa goýumlarynda ulagyň we aragatnaşygyň paýy 25-26 %-den az bolmaly däldir (Jukow, 1986). Eger-de döwlet maýa goýumlaryny tygşytlap ulaga we aragatnaşyk serişdelerine az çykdajy çykarsa, onda olar öňki bar bolan enjamlar bilen işlemeli bolýarlar. Ol hem öz gezeginde hojalygyň ösmegine ýaramaz täsir edýär.

SSSR döwründe GOELRO plany boýunça ulaglary ösdürmek üçin senagata, oba hojalyga, energetika göýberilýän maýa goýumlaryň 46,5 %-i ulaglar üçin göýberilipdir. Emma soňky ýyllarda oňa 10-11 % maýa goýumlar göýberilip, esasy önümçilik serişdelerinde (osnownyýe proizwodstwennyýe fondy) onuň tutýan orny orny 23,1 % (1965 ýyl) bolan bolsa, 1985-nji ýylda 20,4 %-e çenli aşak düşüpdir. 1990-nji ýyllara çenli ulag ulgamlaryň näsaz işlemegi netijesinde senagat kärhanalary 7-8 mlrd rubl, oba hojalygy-4 mlrd-a golaý, gurluşyk, söwda we üpjünçilik ulgamy – 3 mlrd rubl her ýyl zyýan çekipdir.

Şol sebäpli Türkmenistan 1992-nji ýyldan başlap täze ulag ulgamlaryny döretmeklige uly üns berildi. Döwletiň çäginde oňat, dünýäniň talaplaryna laýyk gelýän ýollar bolmasa döwletiň ykdysadyýetini göwnejaý ösdürip bolmaýar.

Ulag ulgamy ýurdy ykdysady, medeni taýdan ösdürmeklik üçin örän zerur hasaplanylýar. Ulag ulgamy oňat ýola goýulmasa ykdysadyýet, medeniýet hem ösüp bilmeýär. Dünýäniň köp döwletlerinde demir we gara ýollary gurmaklygy döwlet öz boýnuna alýar. Sebäbi şu ýollary gurmak köp derejede maddy serişdeleri, çig-mallary, zähmet gurallaryny talap edýär. Ony gurmaklyga ösýän, ýaş döwletlerde hususy firmalaryň mümkinçiligi bolmaýar. Şonuň üçin döwlet

ähmiýetli ýollary (demir we awtomobil) köp ýagdaýda döwletiň özi döwlet edaralary, ýa-da daşary ýurt firmalary bilen bilelikde amala aşyrmaly bolýar.

1991-nji ýylyň oktýabrynda ýurdumyz Garaşsyzlygyny alandan soňra ulag ulgamlaryny gurmaklyga girişildi. Sebäbi öňki bar ýollaryň hiç biri hem dünýä, halkara standartyna gabat gelmeýärdi. Hili diýseň ýaramazlaşypdy. Şonuň üçin Eýran Yslam respublikasynyň kömek etmegi bilen Aşgabat-Gökdepe (39 km) aralyga, häzir bolsa bu ýol Serdara tarap dowam etdirilýär. Aşgabat şäheriniň we welaýat merkezleriniň içki ýollarynyň durky täzelenýär. Tejen-Saragt halkara demir ýoly işe girizildi. Onuň üsti bilen Aziýanyň we Ýewropanyň köp döwletleriniň ýüki Persiýa aýlagynda şu ýol arkaly gatnadylýar. Soňra Türkmenabat-Atamyrat aralygyna demir ýol guruldy. Ol ýol boýunça hem her hili senagat, oba hojalyk ýükleri gatnadylýar. Häzir şu günler Aşgabat-Garagum-Daşoguz demir we awtomobil ýollary guruldy. Awtomobil ýoluň ikinji şahasynyň gurluşygy dowam edýär. Türkmebaşy–Aşgabat-Mary-Türkmenabat aralygyň awtomobil ýolunyň durky täzelenýär. Döwletimiziň “Garaşsyzlyk” ýyllary içinde ýol gurluşygyna uly üns berilýär. Şonuň bilen bir hatarda daşary ýurtlardan oňat maşynlar, ýol gurujy tehnika we beýleki gerekli enjamlar alynýar. Bu babatda esasy maliýe meselesini çözýän döwletiň özi hasaplanylýar.

Her bir döwletiň ykdysady ösüşine we geografiki ýerleşişine görä özboluşly ulag görnüşleri bolýar. Döwletleriň köpüsi üçin awtomobil, demir ýol, howa, turba geçiriji, derýa we deňiz ulag görnüşleri häsiýetlidir. Bu ulag görnüşleriniň içinde awtomobil ulagy hemme döwletleriň hojalygyna hyzmat edýär. Ulagyň iň oňat görnüşi hasaplanylýar. Ol “Bosagadan, bosaga çenli” hyzmat edýär. Demir ýoly, deňiz we derýa ulagyny ähli şäherlere, obalarda eltip bolmaýar. Emma awtomobil ulagy gara ýol çekilsin, çekilmesin hemme ýere ýük we ýolagçy eltip bilýän ýeke täk ulag hasaplanylýar. Bu ulag

ýük we ýolagçy gatnatmakda köp döwletlerde öňdeligi özünde saklaýar. Awtomobil ulagy dürli hili tehnika bilen üpjin edilen.

Döwletiň çäginde demir ýollar gurulan bolsa olar boýunça ýük daşamak awtomobil ulagyna garanda ykdysady taýdan arzan düşýär. Sebäbi, her gezek gatnanda 4-5 müň tonna çenli ýük äkidip bilýär. Demir ýollar arkaly islendik ýük görnüşleri gatnadylýar. Ondan başga-da onuň kömegi bilen konteýnerler hem äkidilýär. Ýörüte ýolagçy gatnadylýan wagonlary bar.

Esasan nebitiň, tebigy gazyň we ýerasty içmäge ýaramly suwlaryň bar ýerinden şäherlere, şäherçelere, obalara turba geçiriji ulaglar çekilýär. Nebit geçirijiler nebitiň gazylyp alynýan ýerlerinden göni nebit arassalaýan zawoda äkidilýär. Tebigy gaz bolsa geçirijileriň kömegi bilen himiki zawodlara we sarp edijilere göni eltilýär. Ulagyň bu görnüşi ykdysady taýdan has amatly hasaplanýar. Olaryň yzygider işleýşine seredilen ýagdaýynda tebigaty hapalamaýar.

Derýa we deňiz ulaglar ulgamy beýleki ulag görnüşlerine garanda ykdysady, taýdan döwletlere arzan düşýär. Ýöne döwletleriň geografiýa taýdan ýerleşişine görä, olar gyş aýlary doňanda, möwsümleýin işlemeýär. Emma tropiki, subtropiki guşaklykda ýerleşýän deňizler we derýalar gyşyna doňmaýanlygy sebbäpli, olarda ýylyň dowamynda ýük we ýolagçy gatnadylýar. Gämiler, duralgalar gurat bolsa, bu ulag görnüşler üçin uly artykmaç çykdajy bolmaýar. Şonuň üçin ýük we ýolagçy gatnadýan gämileriň görnüşine baglylykda bu ulag döwlet üçin ykdysady taýdan has düşewüntli hasaplanýar. Biziň döwletimizde bu ulag görnüşleri Hazar deňzinde, Amyderýa we Garagum derýanyň birinji nobatynda Zähmet şäherçesine çenli ýük we ýolagçy gatnadýarlar. Olaryň geljegi uludyr.

Dünýäniň döwletlerinde ýük we ýolagçy gatnatmakda howa ulagynyň ähmiýeti uly. Howa ulagynyň kömegi bilen has zerur we tiz zaýa bolýan ýük görnüsleri gatnadylýar. Ýükleriň arasynda oba

hojalyk önümleri, azyk harytlary, medisina üçin zerur bolan ýükler howa ulagynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Biziň döwletimizde hem beýlekilerde boluşy ýaly howa ulaglarynyň kömegi bilen esasan ýolagçylar, hat, gazet, jurnal,, medisina harytlary, tiz zaýa bolaýjak oba hojalyk önümleri gatnadylýar. Howa ulagy babatda Türkmenistanda köp işler edildi. Aşgabatda halkara aeroport guruldy. Onuň kömegi bilen ýer togalagynyň çar tarapyna uçarlar gataýarlar. Welaýat merkezleriniň aeroportlarynyň hem durky täzelendi. Türkmenistanyň içki we daşky howa ýollarynda ulanmak üçin ABŞ-nyň "Boing" görnüşli uçarlary alyndy. Bu ulag görnüşi ykdysady taýdan gymmat hem bolsa ýolagçy we gyssagly ýükleri gatnatmak üçin amatlydyr.

Ulag ulgamlarynyň ösüşi ilatyň sanynyň artmagy, senagatyň, oba hojalygyň, gurluşygyň, durmuş hyzmaty gullugyň edýän işleri bilen baglanyşykly. Ulag ulgamlarynyň esasy serişdeleriniň ösüşi ylmy-tehniki progress bilen aýrylmaz baglydyr. Ulag ulgamynyň taryhy ösüşine ser samak, bu ulgamda uly özgerişlikler bolup geçdi.

Demir ýol ulgamynda parowozlar ulanylan bolsa, häzir teplowozlar, elektrowozlar ulanylýar. Köp döwletler özleriniň demir ýollaryny elektrikleşdirýärler. Ýaponiýada magnit ýassygy boýunça hereket edýän poýezdler sagatda 200-250 km tizlik alyp bilýärler. Demir ýol ulgamynda dürli hili täze wagonlar ulanylýar. Täze demir ýollar gurulýar. Mysal: Türkmenistanda Garaşsyzlyk döwründe Tejen-Saragt, Türkmenabat-Atamyrat demir ýollary gurlup ulanylmaga berildi.

Ösen döwletleriň hemmesinde iki taraply ýokary tizlikli awtomobil ýollar gurulan. Şolar ýaly ýollary ösýän döwletlerde hem gurýarlar. Mysal: Türkmenistanda welaýat merkezleriniň içindäki ýollaryň durky täzelenýär. Aşgabadyň içiniň ýollaryny hem bejerýärler. Başga-da Aşgabat-Gökdepe-Bäherden-Arçman aralygynda iki taraplaýyn ýokary tizlikli ýol guruldy. Häzir onuň gurluşygy dowam edýär. Soňluk bilen Türkmenbaşy şähere

ýetirilmeli. Aşgabat-Mary-Türkmenabat  aralygynyň ýolunyň durky täzelenjek. Aşgabat-Garagum-Daşoguz demir ýoly bilen ugurdaş awtomobil ýoly hem guruldy.

Deňiz ulagynda hem uly özgerişler bolup  geçýär. Türkmenbaşy şäheriniň deňiz portunyň durky täzelendi. Täze gämiler satyn alynýar. Türkmen baýdagyny dakynan gämiler Hazar deňzi boýuça her hili ýükleri çekýärler. Hazar deňizýaka etraplaryň balykçylyk, hojalyklaryna hyzmat edýän ýörüteleşdirilen gämileri hem bar. Döwletimizde Amyderýa we Garagum derýalary boýunça gämi  flotiliýasy bar. Türkmenabat  şäherinden Atamyrata, Termeze, Garagum derýasy  boýunça  zähmet şäherçesine çenli gämiler her hili ýükler gatnadýarlar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň ähli şäherlerine, şäherçelerine, obalaryna turbalar arkaly tebigy gaz eltildi. 2009-njy ýylyň dekabr aýynda Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý gaz geçirijisi(7000 km) ulanylmaga berildi. Ýakyn ýyllarda  türkmen gazyny Türkiýe, Gb Ýewropa, Owganystanyň üsti bilen Pakistana, Hindistana, Hytaýa çenli eltmek göz öňüne tutulýar. Türkmenistanyň gaz geçiriji ulgamynyň  geljegi uly.

Ýakyn geljekde döwletimiziň howa ulagy häzirkiden hem öser. Onuň uçarlar parky täze  görnüşli "Boing" uçarlary bilen üsti ýetirilýär. Geljekde Türkmenistan Aziýa bilen Ýewropanyň aralygynda duran "köpri" ähmiýetini ýerine ýetirer.

Dünýäde ulaglar ulgamynyň ösüşi  onuň hojalygynyň ösüşi bilen gönüden-göni baglanyşykly. Ylmynyň tehnikanyň ösmegi bilen onuň her hili tehnika, maşynlar, uçarlar, gämiler  bilen üpjin ediljekdigi ikiuçsyzdyr.

Ulaglar ulgamyna degişli maglumatlary degişli ministrliklerden, çap edilen makalalardan, kitaplardan we "Türkmenmillihasabat" institutyň çap edýän ýyllyk hasabatlaryndan almak bolýar. Welaýatlaryň, etraplaryň ulaglar ulgamyna degişli maglumatlary

etrap, welaýat häkimlikleriň ulaglar bölüminden we olaryň çap edýän ýyllyk hasabatlaryndan almak mümkin.

**Edebiýat.**

Громов Н.Н. , Панченко Т.А., Чудновский А.Д. Единая транспортная система. Москва, «Транспорт», 1987.
Жуков Е.А. Интенсификация—главнейшее направление развития транспортного комплекса. Москва, 1986.

## 17. Ilata hyzmat ediş kärhanalary öwrenmekligiň ykdysady geografiki usullary.

Barlagyň maksady we wezipeleri.Ilata hyzmat ediş kärhanalarynyň ýerlerde guralyşyny öwrenmek.Hyzmat ediş derejesine baha bermek. Hyzmat ediş kärhanalarynyň ýerlerde döredilişini gowlandyrmak we geljekde ösdürmek. Durmuş-ykdysady özgertmeleriniň 2010-2020-nji ýyllara çenli ilata hyzmat edilişini gowulandyrmak barada.

Umuman, dünýäniň ähli döwletlerinde hojalyk iki topara bölünýär. Olaryň biri maddy önümçilik, beýlekisi önüm öndürmeýän, ilata hyzmat edýän gulluk. Bu toparlar aýry hem bolsalar bir-birine güýçli täsir edýärler. Islendik kärhanada önüm öndürileni bilen iş gutarmaýar. Öndürilen önümi sarp edijä gowşurmaklyk işiň gutarnykly basgançagy hasaplanýar. Ony harydy öndüren däl-de gulluk toplumynda işleýän işgärler amala aşyrýarlar. Hyzmat – bu zähmediň aýratyn isleg bildirilýän gymmaty, ol haryt, ýa-da zat hökmünde kabul edilmän, eýsem ýerine ýetirilen iş hökmünde kabul edilýär.

Maddy önümçilikde hyzmat ulaglaryň aragatnaşygyň, söwdanyň, jemgiýetçilik iýimitiniň, oba hojalyk önümlerini taýýarlamaklygyň, maddy-teehnki üpjünçiligiň kömegi bilen amala

aşyrylýar. Önüm öndürmeýän hojalyk pudaklarynda ähli bölümler hyzmaty ýerine ýetirmeklige gatnaşýarlar.

Halk hojalygyň iki toparynyň (maddy önümçilik we önüm öndürmeýän) özara önümçilik gatnaşygy esasynda özboluşly işleri ýerine ýetirýän "hyzmat ediş gullugy" döreýär. Onuň çylşyrymly, köp şahaly pudaklary bar. Şol pudaklar tehniki we beýleki serişdeler bilen üpjün bolmasa önümçilik kärhanalary we ilat ösüp bilmez. "Hyzmat ediş gullugy" önümçiligiň we ilatyň geografiýasyna güýçli täsir edip bilýär.

Dünýäniň ähli ýurtlarynda şäherlerde we obalarda "Hyzmat ediş gullugy-nyň" işi oňat ýola goýlan bolsa, ol ýerlerde täze senagat kärhanalary emele gelýär. Sebäbi, täze gurulýan senagat kärhanalary hyzmat ediş kärhanalarynyň işiinden peýdalansa olaryň şol kärhanalary gurmak üçin çykdajylary bolmaýar. Olaryň işçileri şäherde ýa-da şäherçede işleýän "Hyzmat ediş gullugyň" kärhanalaryndan peýdalanyp bilýärler.

Hyzmat ediş gullugy öwrenip, olary ýerine ýetirýän işleri boýunça birnäçe toparlara bölýärler:

1.Ýaşaýyş jaý hyzmaty-işleýän raýatlara hemme taraplaýyn amatly (elektrik energýaly, suwly, gazly, kanalizasiýaly,içi ýyladylýan, telefonly, hojalyk hapalary äkdilýän) ýaşaýyş jaý bermek;

2.Ilata durmuş üpjünçiligi boýunça hyzmat etmek-ýaşy gaýdyşan, maýyp müjrüp adamlaryň, ýeiim çagalara hyzmat edýän öýler, pensiýa üpjünçiligi, durmuş salgylary ýygnaýan edaralar;

3.Ownuk satuw söwda we jemgyýeçilik iýmiti, bir-biriniň ýemezini ýeirýän kärhanalar;

4.Durmuş hyzmaty edaralary:-köp sanly pudakly edaralar. Olarda ilki "Önümçilik" kärhanalary, bir wagtyň özünde olar hyzmat ediş gulluga we maddy önümçilige hem girýärler: raýatlara eşik tikýän atelýeler; aýakgap, kellä geýilýän telpekleri, beýleki gaplary, mebeli remont edýän, gurnaýan, ýasaýan; hojalykda ulanylýan tehnikanyň, priborlaryň ussahanasy; aýakgaby, egin-eşigi, kwartirany bejerýän

ussahanalar. Şu toparda aýratyn bellenilýän ugur: raýatlaryň hususy gigiýenasy bilen baglanyşykly (hammam, geýim ýuwulýan, himiki arassalaýyş, dellekhanalar, kosmetiki öýler), öýe hyzmat edýän edaralar (polyň ýüzüni ýülmemek, ýuwmak, aýnalary ýuwmak), hususy ulaglara hyzmat etmek (awtoserwisler, benzozaprawkalar), prokata gap-gaç, düşek, maşyn, hojalyk enjamlary bermek; surathanalar, öwlüýälerde adam ýogalanda hyzmat ediş, krematoriýalar; raýatlaryň maýa goýumlaryna hyzmat etmeklik.

5.Medeni-durmuş hyzmaty-poçta, telegraf, telefon-awtomatlar, halkara we şäherara gepleşik geçirilýän ýerler, sorag-jogap býurolary, sport kärhanalary, turist merkezleri, kempingler, moteller, pansionatlar, dynç alyş öýler we ş.m.

6.Medeni-dynç alyş hyzmaty-raýatlaryň işden boş wagtlary tomaşa edýän kärhanalary: kinoteatr, teatrlar, konsert berýän, sergi zallary, sirkler, muzeýler, stadionlar, suwa düşülýän basseýinler, klublar, medeniýet öýleri, okalgalar; Şu gulluga ýene-de çaphanalary hem degişli edýärler: jurnal, gazet, kitap çykarýan çaphanalar, radio, telewideniýe, kitap, gazet, jurnal söwdasy.

7.Çagalary okatmak we terbiýe bermek: çagalar ýaslisi, baglary, umumy bilim berýän mekdepler, şol sanda sazçylyk, sport we beýleki mekdepleri, ýaşlar öýleri, lagerleri, ýaş tehnikleriň öýleri, naturalistler öýi we başgalar:

8.Medisina hyzmaty-ambulatoriýalar, saglygy dikeldiş öýleri (poliklinikalar), keselhanalar, klinikalar, kärhanalardaky medpunktlar, feldşer-akuşer punktlary, dispanserler, tiz kömek stansiýalary, eneleri we çagalary goraýyş ulgam (çaga dogrulýan öýler, aýallar konsultasiýalary, süýtt berýän aşhanalar-poliklinikalarda) sanatoriýa-kurort edaralary, profilaktoriýalar, sanitor gullugy (sanepidstansiýalar, dezinfeksiýa ediji punktlar, sanitar gullugy we başgalar), aptekalar;

9. Halkyň howpsyzlygyny, öý goşlaryny goraýan gulluk (polsýanyň ýörite bölümi hyzmat edýär, obalarda, şäherlerde sud bölüler, ýangyndan goraýjylar).
10. Passažir ulaglary-diňe bir wagt umak üçin däl eýsem ilattyň dürli islegleriini kanagalandyrmak üçin hyzmat (hyzmatlary etmek-poçta hyzmay, öýe medesina hyzmaty, tehniki hyzmat, awolawkalar, awoklublar we başgalar).

Şu seredilen toparlaryň ýerleşiş kanunalaýyklyklary bar. Olar iilayň jemlenen ýerleriine gönüden-göni garaşly bolýarlar. Esasy maksat ilata hyzmat etmek. Hyzmat ediş gullugyň ähli kärhanalaryna biilelikde "Durmuş infrastrukturasy" diýilýär.

Döwleiň ykdysadyýettiine, medeniýetiniň durmuş ýagdaýynyň ösmegin-de hyzmat ediş gullugyň ähmiýeti örän uly. Hyzmat ediş edaralaryň döredilmegi önümçiligi artdyrmaklyga, öndürilen senagat we oba hojalyk önümleri çalt
ýerleşdirmäge, ýagny sarp edijä gowuşmagyna ýaramly täsir edýär. Hyzmat ediş gulluk doly berjaý ediilende işçileriň işe bolan höwesi güýçlenýär. Işçi, daýhanlaryň arasynda işe ýarawsyzlyk ep-esli kemelýär. Işgärleriň zähmet öndürijiligi ýokarlanýar. Işgärlere medeni, medesina, medeni-durmuş, medeni—dynç alyş hyzmatlaryny gowulanýar. Mekdep, çagalar bagynyň işleri gowy ýola goýlanda zenan işgärleriiň işden soň öý işlerini etmäge, dynç almaga mümkünçilikleri artýar. Hyzmat ediiş gullugyň gowy işlemegi döwlete ep-esli girdeji getirýär. Sebäbii döwletde öndürilen önümleri öz wagtynda içki we daşky bazarlara çykarylsa haryt alyş-çalşygy çalt ýerine ýetirilýär. Döwlete daşky-ykdysady gatnaşyklardan,turizmden köp girdeýji gelýär. Döwletiň ykdysady taýdan ösmegi durmuş hyzmaty amala aşyrýan kärhanalaryň ösmegine getirýär. Döwletiň raýatlarynyň milli giirdejsiniň artmagy hyzmat ediş gullugyň kärhanalarynyň sanynyň artmagyna, hyzmat ediş derejesiniň ýokarlanmagyna sebäp bolýar. Umuman, islendik

döwletde hyzmat ediş gulluk dogry ýöredilse, işi dogry guralsa, ondan diňe ykdysady girdeýji gelýär.

Obalarda, şäherçelerde durmuş hyzmaty berjaý edilende şäher bilen obanyň arattapawudy ýitýär. Netijede obada zähmet baýlyklary, işe ýaramly adamlary öz ýerinde ulanmaklyga mümkünçilik döreýär. Eger-de obada, şäherçede hyzmatt ediiş gullugy kärhanalaryň işi doly berjaý edilende ýaşlary, hünärmenleri öz ýerinde doly
ulanyp bolýar. Eger obada, şäherçede hyzmat ediş gullugy pes bolsa ol ýerde ilaty saklamak, zähmet baýlyklary ulanmak meselesi kynlaşýar. Şonuň üçin döwletiň hemme ýerinde mümkin boldugyndan durmuş hyzmaty kärhanalary döretmek zerur hasaplanýar.

Türkmenistan öz garaşsyzlygyny alaly bäri, ykdysadyýetiň bazar ykdysadyýetine geçýän wagty obalarda we şäherçelerde ndiwidual (hususy) kärhanalar döredilýär. Bu hem öz gezeginde şu problemany çözmeklige gowy täsir edýär.

Obalarda,şäherçelerde durmuş hyzmaty döwletiň ýardam etmegi bilen we hususy kärhanalaryň döremegi sebäpli saher bilen olaryň känbir tapawudy hem ýok. Şu ýagdaýlar döwletiň raýatlarynyň durmuş ýagdaýýny gowulandyrmak blen çälenmän, eýsem onuň ykdysadyýetiniň öňe gitmegine alyp barýar.

**Edebiýat.**

Абрамов М.А. География сервиса. Москва, «Мысль», 1985.
Экономическая география. Москва, «МГУ», 1985.
Экономическая и социальная география. Москва, «Просвещение», 1986.

## 18. Etrabyň (daýhan birleşiginiň) ykdysady-geografik ýagdaýyny öwrenmekligiň usullary.

Ykdysady geografik ýerleşişi. Tebigy şertlerine baýlyklaryna häsiýetnama bermek. Ýazgy berýän ýeriňi baryp görmek, näbelli zatlary anyklamak. Degişli edaralardan we kärhanalardan maglumat toplamak. Öwrenilýän ýeriň ykdysady geografik häsiýetnamasy. Etrabyň, welaýatyň ilaty we işe ukyply adamlary. Ykdysadyýetiň ýöriteleşişi. Senagaty, oba hojalygy, ulaglar ulgamy, durmuş gullugy kärhanalary. 2010-2020-nji ýyllara çenli ösüş aýratynlygy.

Täze ýerleri özleşdirmeklik ilatyň sanynyň artyşy bilen baglanyşykly. Köp ösýän döwletlerde täze ýerleri özleşdirmek öňki ekilýän ýeriň hasyllylygynyň peselmegi, meliorativ ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy, ýaramaz idedilýänligi bilen baglanyşykly. Şol ýerleriň meliorativ ýagdaýyny gowulandyrmaga döwletiň serişdesi we ykdysady mümkinçiligi bolmaýar. Bular ýaly döwletler täze ýerleri özleşdirip, oba hojalyk ekinlerden alynýan hasyllary artdyrýarlar. Muňa edebiýatda ekstensiw hojalyk diýilýär. Ýagny, ekilýän ýerleriň meýdanyny artdyryp köp hasyl almaklykdyr. Bu ýagdaý ykdysady taýdan gowşak ösen döwletleriň köpüsi üçin häsiýetlidir. Täze ýerleri özleşdirmeklik oba hojalykda wagtlaýyn üstünliklere eltip biler. Emma olar ýaly edilende ekilýän ýerler sandan çykýar. Sebäbi, ol ýerlerde agrotehnikanyň talaplary berjaý edilmeýär. Ýerlere mineral we organiki dökün az dökülýär, mehanizmlerden az peýdalanylýar. Şeýlelikde, esasy üns ýerleri suwarmaklyga berilýär. Ýerler hapa-haşal otlardan arassalanmaýar. Ýerleri ot basýar. Ekilen ekinlerden hasyl pes alynýar. Netije-de ekilip ýörlen ýerde ýerasty suw golaýlaýar. Wagtynda, ýa-da öňünden zeýkeş gurulmaýar. Ýerler zeýläp başlaýar. Bular ýaly ýerlerden soň ekin hasyl aljak bolsaň köp çäreleri görmeli bolýar, çykdajyny, wagty köp talap edýär. şonuň üçin dünýäniň ösen döwletlerinde täze ýerleri özleşdirmeklige kän bir üns bermän, öňki ekilip ýörlen ýerleriň hasyllylygyny artdyrmak hakda alada edýärler.

Döküni, suwy hakyky berilmelisi ýaly edip berýärler. Mehanizmlerden doly peýdalanýarlar. Ýerleriň hasyllylygyny artdyrýarlar we köp hasyl alýarlar. Maldarçylykda hem ýagdaý şeýleräk. Oňat tohum mallary saklap, gowy idegini ýetirip, ýokary önüm alýarlar. Bular ýaly edilende hojalyk intensiw ösýär, yzygiderli ösýär diýildigidir.

Tebigy baýlyklary özleşdirmeklik döwletiň öndüriji güýçlerini ösdürmäge mümkinçilik berýär. Şonuň üçin gazma baýlyklaryň bar ýerlerinde, olary hojalykda peýdalanmak üçin döwlet maýa goýumlary bilen üpjin edýär. Ilki bada geologlar gözleg-barlag işlerini amala aşyrýarlar. Ýerasty baýlyklaryň gorlary anyklanandan soňra, ol ýerde şolary hojalykda ulanmak üçin zerur işler amala asyrylýar. Magdanyň görnüşine, hiline görä ilkinji nobatdaky edilmeli işleri edip başlaýarlar. Ýerasty baýlyk nebit we tebigy gaz bolsa, gazylyp goýlan burawlardan turba geçirijiler arkaly äkidilmeli ýerlerine ekitmek üçin zerur işler amala aşyrylyp başlanýar. Biziň şertlerimizde ilkinji nobatda ol ýere gara ýol eltilip, beýleki işlere soňundan başlanylýar. Burawy, guýyny, ýoly çäge basmaz ýaly çäreleri hem görmeli.

Ýerleri hojalyk taýdan özleşdirmekligiň ilkinji döwre-özleşdiriljek ýeriň hojalyga zerurdygyna akyl ýetirmekden başlaýar. Özleşdiriljek ýeriň tebigy şertleriniň we baýlyklarynyň möçberini anyklap, şoňa hojalykda zerurlygyň ýüze çykandygyna göz ýetirmeli. Soňra ol ýeriň tebigy ýagdaýyny gowy seljerip, hojalyga nähili ýagdaýlarda peýda getirjekdigine çaklama ýagdaýynda baha bermeli. Şeýle edilip öwrenilmeginiň sebäbi islendik ýer hojalyk maksatlary üçin özleşdirmeklige niýet edilende barlaglaryň üsti bilen ýeriň tebigy öndürijiligini, hasyllylygyny bilmeli. Ony ylmy esasda subut etmeli. Gelnen ylmy-barlag netijeleri ýerleri özleşdirjek hojalyklara hasabat görnüşinde berilse gowy bolýar.

Täze ýerleri hojalyk taýdan özleşdirmekligiň ikinji döwri, özleşdiriljek ýeriň taslamasy (proýekti) boýunça maliýe işlerini

düzedip hojalyk işleri başlanylýar. Özleşdirilýän ýere daýhan birleşigi ýa-da beýleki kärhanalar tarapyndan ýörüte jogapkär hünärmen ýolbaşçylyk edýär. Şonuň ýolbaşçylygynda öňünde düzülen taslama esasynda işe başlanylýar. Taslamada (proýektde) ilki zerur zatlary: gara ýoly, elektrik geçirijini, aragatnaşyk ulgamyny, ýaşaýyş jaýlary gurmaklyk göz öňüne tutulýar. Ýaşaýyş jaýlar gurlanda ähli şertler: suw geçiriji, gaz geçiriji elektrik yşygy, telefon ulgamy, oba ilatyna hyzmat eder ýaly söwda nokatlary, tikinçilik ussahanasy, aýakgap bejerýän, dellekhana, hammam, eşik arassalaýan, çörek bişirýän, çagalar bagy, mekdep, keselhana, saglyk öýi, öýlerde ulanylýan dürli hili tehniki serişdeleri bejerýän ussahana, şäherara gepleşilýän telefon jaýy, etrap bankyň bölümi we ş.m. dürli hyzmaty kähanalary gurmaklygy ýatdan çykarmaly däl.

Täze ýerleri hojalyk taýdan özleşdirmekligiň üçünji döwri ilaty göçürip eltmekden ybarat. Bu mesele esasy mesele hasaplanýar. Sebäbi, ilata öňki ýaşaýan ýerine garanda ýaşaýyş şerti, gazanç meselesi, ýagny aýlygy öňki iş ýerinde gowy bolmasa ilaty göçürip eltmek kyn bolýar. Şonuň üçin esasy üns berilmeli zat, ilaty göçürip getirmänkä önümçilik hakda pikir etmeli. Göçüp geljek adamlaryň hemmesi daýhançylyk bilen meşgullanmaz. Önümçilik kärhanalaryna görä hünärmenleri saýlap almagy başarmaly.

Täze özleşdirilýän ýerde oba hojalyk işleri bilen meşgullanylýan bolsa ilki üns berilmeli zat nähilii oba hojalyk ekinleri ekilmeli. Eger pagtaçylyk bilen meşgullanyljak bolsa ekin dolanşygyny amala aşyrar ýaly däneçiligi hem ösdürmek zerur. Däneçilikden galýan ot-iýmleri isrip etmez ýaly maldarçylygyň dürli (gara mallar, goýundarçylyk, guşçulyk) pudaklaryny ösdürmeklige mümkinçilik bar. Şolar ýaly hojalykda hemmesini ugurdaş alyp gitmäni başarýan hünärmenler gerek. Döwletimiziň bazar ykdysadyýetine geçýän döwründe hojalygy hemmetaraplaýyn ösdürmek zerur hasaplanylýar. Pagtaçylygy, däneçiligi ösdürende

halk, watan üçin zerur beýleki: bagçylygy, miweçiligi, bakjaçylygy, gök ekerançylygy, ot-iýmlik ekinleri hem ýatdan çykarmaly däl. Obada oba hojalygy yzygider hemmetaraplaýyn ösdürmek üçin alada etmeli. Ýokarda atlary agzalan ekinleriň hasyly bilen diňe öz oba adamlaryňy üpjin etmäni başarmak bilen çäklenmän, goňşy etraplara we mümkinçilik boldugyndan dünýä bazaryna çykmagyň ýollaryny gözlemeli. Ýerden iki-üç hasyl almany guramaly. Ýeri başarsaň boş goýmaly däl. Ekin dolanşygy ýatdan çykarmany berjaý etmeli.

Oba hojalyk ekinlerinden ýygnalan hasyly mümkinçilik bolsa öz ýerinde işlemegi gurnamaly. Onuň üçin pagta arassalaýjy zawod, egirme-dokma fabrika, ýag zawody ýaly kärhanalary gurmagyň aladasy bilen bolunsa, hojalygy hemmetaraplaýyn ösdürip bolýar. Üzümçiligiň, miweçiligiň, gök ekerançylygyň hasabyna tomat-konserwa, çakyr, miwe suwlaryny, toşap öndürmekligi ýola goýmak mümkin. Şeýlelikde hojalygy hemmetaraplaýyn ösdürmeklige mümkinçilik döreýär.

Täze özleşdirilýän ýer dag-magdan senagatyny ösdürmek üçin niýetlenen bolsa, esasy senagat pudagyndan başga, goşmaça pudaklaryň hem pikirini etmeli. Sebäbi, önümçilik zyňyndysyz, çykdajysyz bolsa daş-töweregi, ekologiýany hapalamazlyk üçin gowy. Islendik hojalyk pudagy gurlanda-da ekologik şertleri gyşarnyksyz berjaý etmeli.

## Edebiýat.

**Berdimuhamedow G**. „Türkmenistanyñ Prezidentiniñ obalaryñ, şäherçeleriñ, etrapdaky şäherleriñ we etrap merkezleriniñ ilatynyñ durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin“ Milli Maksatnamasy. Aşgabat, 2007.

**Berdmuhamedow G**. Türkmenistan—saglygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, TDNG, 2007.

**Berdimuhamedow G.** Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji kitap. Aşgabat, 2008.

**Berdimuhamedow G.** Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji kitap. Aşgabat, 2009.

Арманд D.Л.. Региональное и типологическое районирование. М., 1995

Вейсов К., Худайяров М., Магтымов А. О принципах и методах физико-географического районирования Туркменистана. В сборнике «Ландшафты Туркменистана». Ашхабад, ТГУ, 1980

Weýsow K.W. Türkmenistanyň tebigy raýonlary. A., 1988

Воронин В.В., Шарыгин М.Д. Социально-экономическая география на рубеже тысячелетий(теоретико-методологические аспекты). Самара, 1998

Дмитриевский Ю.Д. Экономическая, социальная и политическая география Мира. Регионы и страны. М., Гардарики, 2002

Исаченко.А.Г. Ландшафтоведение и физико-географическое районирование. Москва, «Высшая школа», 1991
Исаченко.А.Г. Ландшафтные методы исследования для нужд хозяйства. L. 1999
Исаченко А.Г. Методы ландшафтных исследований и физико-географическое районирование. М.1998
Исаченко А.Г. Экологическая география России. Санкт-Петербург. Изд. СПБГУ, 2001
Исаченко А.Г. Введение в экологическую географию. Санкт-Петербург. Изд. СПБГУ, 2003
Исаченко А.Г. Теория и методология географической науки. Москва, Академия, 2004
Исаченко А.Г. Ландшафтная структура Земли, расселение, природопользование. Санкт-Петербург, СПБГУ, 2008
Колосовский Н.Н. Основы экономической теории. М., 1998.
Копеков Ч.Б. Ландшафты Северной Туркмении и их хозяйственная оценка. Ашгабат, «Ылым», 1990
Кузнецов М.В. Общественно-организованная территория как обект географического исследования. В сборнике: География в системе наук. Ленинград, «Наука», 1987.
Любимов И.М. Общая политическая, экономическая, социальная и география. М., «Гелиос», 2001
Михайлов Н.И. Физико-географическое районирование. М., 1995
Приваловская Г.А., Рунова Т.Г. Природопользование в системе географических исследований. В сборнике: География в системе наук. Ленинград, «Наука», 1987.
Федина Ф.Е. Физико-географическое районирование. М., 1991

Худайяров М. Схема ландшафтно-экологичесого районирования территории Туркменистана. Проблемы освоения пустынь, № 1, 2005.
Худайяров М. Ландшафтное районирование дельты реки Теджен.
Проблемы освоения пустынь, № 2, 2006.
Экономическая и социальная география. Основы науки. М., ВЛАДОС, 2003.

## MAZMUNY:

Giriş……………………………………………………………7
1. Geografiki barlag usullary, maksady, wezipeleri................8
2. Fiziki geografiýanyň barlag usullarynyň ösüşi we kämilleşişi……….......................................................24
3. Köptaraplaýyn fiziki geografiki barlaglary geçirmekligiň zerurlygy…………………………………………31
4. Meýdan barlaglary geçirmek……………………………37
5. Taýýarlanyş döwri (meýdana gidilmänkä iş ýerinde edilmeli işler)……………………………………………………43
6. Meýdan döwri we daýanç nokatlarda gözegçilik………….49
7. Meýdanda ýerleri landşaft taýdan kartalaşdyrmak…….........54
8. Meýdan barlaglaryň netijesinde alnan maglumatlary jemlemek (Kameral döwri)…………………………......57
9. Durmuş we ykdysady geografiýany öwrenmekligiň ylmy we hojalyk ähmiýeti………………………………….61
10. Ykdysady we durmuş geeografiýanyň barlag usullary………………………………………………………67
11. Durmuş- ykdysady geografik barlaglary geçirmek üçin maglumatlary jemlemek.................................73
12.Tebigy baýlyklary öwrenmekligiň hojalyk ähmiýeti............79

13. Ilatyň geografiýasyny öwrenmekligiň usullary………….......86
14. Senagat kärhananany ykdysady geografik taýdan öwrenmekligiň usullary........................................................93
15. Oba hojalygy ykdysady geografik taýdan öwrenmekligiň usullary.........................................................101
16. Ulaglaryň, aragatnaşygyň we syýahatyň ykdysady geografiki öwreniliş usullary.................................................107
17. Ilata hyzmat ediş kärhanalary öwrenmekligiň ykdysady geografiki usullary...............................................................114
18. Etrabyň (daýhan birleşiginiň) ykdysady-geografik ýagdaýyny öwrenmekligiň usullary...................................... 118
Edebiýat………………………….................................123
Mazmuny.......................................................................125